T. O. Salimow, F. E. Sultanow

# DÜNÝÄ TARYHY

**(milady V asyryň ahyryndan – XV asyryň ahyryna çenli)**

*Gaýtadan işlenen we üsti ýetirilen 3-nji neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan umumy orta bilim berýän mekdepleriň 7-nji synpy üçin derslik hökmünde tassyklanan*

**«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi»**
Döwlet ylmy neşirýaty

Daşkent — 2017

J o g a p k ä r   r e d a k t o r :

**F. S. Hasanow** – taryh ylymlarynyň kandidaty.

S y n   ý a z a n l a r :

**K. K. Rajabow** – taryh ylymlarynyň doktory, professor;
**R. R. Nazarow** – filosofiýa ylymlarynyň kandidaty;
**A. T. Zamonow** – Özbegistanyň iň täze taryhy boýunça laýyklaşdyryjy metodik merkeziň bölüm başlygy;
**Ş. Safarowa** – RTM baş metodisti;
**U. Haýdarow** – Buhara welaýatynyň Buhara tümenindäki 13-nji IDUM internatynyň ýokary derejeli taryh mugallymy;
**Z. Jumanowa** – Daşkent şäher Çilanzar tümenindäki 162-nji mekdebiň taryh mugallymy.

**Şertli belgiler:**

*Ýada salyň we ýatda saklaň!*

*Şulary gaýtalap duruň!*

*Oýlap görüp, netije çykaryň.*

*Özbaşdak iş.*

*Soraglar we ýumuşlar.*

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

ISBN 978-9943-07-507-8

© **Salimov T. O. we başg.**, 2009, 2017.
© **«O'zbekiston milliy ensiklopediyasi»** Döwlet ylmy neşirýaty, 2009, 2017.

## AWTORLARDAN

Eziz okuwçylar!

Siz 6-njy synpda «Dünýä taryhy»nyň gadymky döwrüni öwrendiňiz. Gadymky döwürde adamlaryň nähili ýaşandygyny, Gadymky Gündogar, Gresiýa we Rim döwletleriniň gülläp ösüşi we krizisleri barada bildiňiz.

7-nji synpda bolsa orta asyrlar döwri taryhyny okap-öwrenersiňiz. Bu döwür dünýä taryhynyň milady V asyryň ahyryndan – XV asyryň ahyryna çenli bolan döwrüni, ýagny gadymky zaman bilen täze zamanyň arasyndaky 10 asyry öz içine alýar.

Italiýaly magaryfçy alymlar adamzat taryhyny «gadymky taryh», «orta taryh» we «täze taryh»lara bölüp öwrenmegi teklip etipdirler. «Orta taryh» diýende, ilki bilen, orta asyrlaryň taryhy düşünilýär.

Orta asyrlar taryhyny öwrenmek dowamynda dürli halklaryň gündelik durmuşy, hojalyk işleri, ykdysady we syýasy ösüşini öwrenersiňiz we bize çenli saklanyp gelýän meşhur binagärçilik ýadygärlikleri: köşk, medrese, metjit we ybadathanalar barada düşünjä eýe bolarsyňyz; Watanymyzyň we dünýäniň meşhur alymlarynyň işleri bilen tanyşarsyňyz.

Derslik iki bölüme we baplara, her bir bap bolsa temalara bölünen. Berlen maglumatlaryň özleşdirilmegini ýeňilleşdirmek maksadynda her bir temanyň soňunda barlag soraglary we ýumuşlar berlen. Olaryň aglabasy özbaşdak pikirlenmek, logiki netijeler çykarmak ýaly ukyplaryňyzy ösdürmäge kömek edýär. Ýumuşlar nazary bilimleri we amaly başarnyklary barha artdyrmaga gönükdirilen. Bularyň arasynda ýönekeýleri bilen birlikde, Sizden ünsi we pikir ýöretmegi talap edýän çylşyrymlyraklary hem bar. Derslikdäki düşünjeler we seneler bilen birlikde, zerur wagtlarda sözlük, hronologik jedwel, karta we başga kömekçi serişdelerden peýdalanmak maslahat berilýär.

Şu dersligi döretmekde soňky ýyllarda neşir edilen edebiýatlardan peýdalanyldy. Derslik reňkli suratlar, çyzgylar, adalgalaryň düşündirişleri, synp we öý wezipeleri bilen üsti ýetirilen.

# GIRIŞ

Mälim bolşy ýaly, orta asyrlar taryhy gadymky we täze zaman arasynda geçen tutuş on asyry, ýagny milady V asyryň soňky böleginden tä XV asyryň soňuna çenli dowam eden örän uly we gyzykly döwri öz içine alýar. Onda feodal jemgyýetiň nähili emele gelendigi, nädip ösendigi, halk köpçüliginiň nähili ýaşandygy we zähmet çekendigi, olar öz azatlyklary üçin alyp baran uruşlarda öz garaşsyzlygyny nähili gorandyklary barada hekaýa edilýär.

**Orta asyrlar jemgyýeti barada.** Orta asyrlar adamzat jemgyýeti Ýewropada feodal, Aziýada bolsa ýer eýeçiligi jemgyýeti diýlip atlandyrylýar.

«Feodal» adalgasy latynça «feod» sözünden alnan. Mälim hyzmatyň hasabyna korol tarapyndan berlen we miras bolup galýan ýer-emläge feod diýlipdir. Feod eýesi bolsa feodal diýip aýdylypdyr. Feodal jemgyýeti ýer eýeçiligine esaslanan jemgyýetdir.

Ýewropada ýer-mülküň eýesine feodal diýipdirler. Feodal öz ýeriniň bir bölegini daýhanlara paý ýer edip bölüp beripdir. Munuň üçin daýhanlar feodalyň ýerlerini işläp beripdirler. Daýhanlar özlerine berlen paý ýerlerinde ýetişdiren hasyldan mälim bölegini feodala salgyt hökmünde töläpdirler.

Feodal döwri dürli halklarda dürlüçe wagtlarda döräpdir. Meselem, Günbatar Ýewropada V asyryň ahyrlarynda gowşan Günbatar Rim imperiýasy 476-njy ýylda «warwarlar»yň tozduryjy zarbasyndan ýykylandan soň feodal döwri emele gelipdir.

Dürli ýurtlarda feodal döwri höküm süren döwürler hem dürlüçe bolupdyr.

**Aziýada ýer eýeçiligi jemgyýeti.** Aziýada (hususan-da, Watanymyzyň çäginde-de) ýer eýeçiligi Ýewropadakydan tapawutlanypdyr. Aziýada döwlet hökümdary ýeriň ýokary

eýesi hasaplanypdyr. Ýer meýdanlarynyň mälim bölegi gönüden-göni döwlet emlägi bolupdyr. Döwlet hökümdarlary we uly ýer eýeleri ýerlerini daýhanlara işlemek üçin kärendä bölüp beripdirler. Kärendeçiler şol ýerlerde ýetişdiren hasylyň kesgitlenen mälim bir bölegini ýer eýelerine tabşyrypdyrlar. Aziýada Ýewropadaky ýaly ýer eýesiniň ýerini işläp bermek borjy bolmandyr.

Ýewropada ýagynlar köp bolanlygy üçin daýhançylyk ösüpdir. Aziýada bolsa beýle mümkinçilik bolmandyr, ýagyn kemligi sebäpli ýerleriň çyglylyk mukdary ep-esli pes bolupdyr. Şeýle şertde emeli suwaryşa zerurlyk döremegi tebigy.

Şu sebäpli-de Aziýada ýer eýeleri üçin ýerleriniň hemmesini daýhanlara kärendä bölüp bermek peýdaly bolupdyr. Şeýdip suwaryş desgalaryny hemişe arassalap durmak borju-da daýhanlaryň üstüne ýüklenipdir.

Aziýa we Afrika ýurtlarynda oturymly daýhanlar hem-de göçme taýpalaryň, halklaryň arasyndaky gatnaşyklar möhüm orun tutupdyr. Sebäbi, şu ýurtlarda göçme maldarçylyk hojalygy asyrlaryň dowamynda saklanypdyr. Eger daýhanlar bilen maldarlaryň arasynda alyş-çalyş bolsa, jemgyýet ösüpdir.

Ýöne çarwalaryň basybalyşlary we talaňçylyklary emeli suwaryş desgalarynyň weýran edilmegi, köp ilatyň gyrylmagy we ýesir edip äkidilmegi bilen tamamlanypdyr. Hususan-da, köp aýlyk gabawdan soň Ürgenji eýelän mongollaryň her bir esgerine 24 sanydan ýesir dogry gelipdir.

**Orta asyrlar taryhynyň döwürleşdirilişi.** Orta asyrlar taryhy iki iri döwre bölünýär:

1. Milady V asyryň ahyryndan – XI asyryň ortalaryna çenli:
- täze feodal jemgyýete geçmek;
- ýer eýeçiliginiň täze görnüşleriniň (iri ýer eýeleri – feodallar, tabyn daýhanlar taýpalary) şekillenmegi;
- Günbatar Ýewropada täze dini taglymat – hristiançylygyň giň ýaýramagy;
- Gündogarda yslam dininiň emele gelmegi we ýaýramagy;
- iri feodal döwletleriň peýda bolmagy.

2. XI asyryň ortalaryndan – XV asyryň ahyryna çenli:
- ýer eýeçiligi önümçilik gatnaşyklarynyň ösmegi;
- öz-özüni üpjün edýän – natural hojalykdan, bazar üçin önüm ýetişdirýän hojalyga geçilmegi;
- orta asyrlarda şäherleriň we hünärmentçilik sehleriniň ösüşi;
- söwdanyň ýokarlanmagy: halkara söwda, bazar, ýarmarka we biržalar;
- Ýewropa şäherleriniň senýorlar hökümdarlygyndan azat bolmak üçin göreşi;
- erkin şäherleriň, şäherleriň, respublikalaryň we iri merkezleşen döwletleriň şekillenmegi;
- merkezi häkimiýetiň abraýynyň barha artmagy;
- taýpa häkimiýet organlarynyň (parlament, General ştatlar) şekillenmegi;
- hristian buthanasy we haçly ýörüşler;
- Ýewropa, Aziýa, Afrika we Amerika halklarynyň taryhy;
- dünýä halklarynyň ylym-bilimi we medeniýeti.

**Orta asyrlar taryhy çeşmeleri.** Orta asyrlar taryhyna degişli çeşmeler iki esasy görnüşe bölünýär:

1. Ýazuw çeşmeleri:
- taryhy ýylnamalar;
- salgyt, jerime, sud, aldy-satdy, karz borçnamalary bilen bagly resmi hatlar;
- imperator, korol we soltanlaryň permanlary, buýruklary.
- Orta asyrlarda ilki ähli resminamalar we kitaplar hatdatlar tarapyndan ýazylypdyr. XI asyrda Hytaýda, XV asyryň ortalarynda Ýewropada kitap çap edýän stanoklaryň döredilmegi netijesinde ýazuw çeşmeleriniň sany ýiti köpelýär.

2. Maddy çeşmeler:
- çeper-şekillendiriş eserleri: heýkeller, suratlar, amaly sungat nusgalary;
- taryhy muzeýlerdäki zähmet we söweş gurallary;
- dürli teňňe-şaýlar;
- egin-eşikler we şaý-sepler;

- ýaşaýyş jaýlary we enjamlar;
- köşkler, galalar, ybadathanalar.

| **Gadymky dünýä** | | | | | | | | **Orta asyrlar** | | | | | | | | | | **Täze döwür** | | | | **Iň täze döwür** | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **3** | **2** | **1** | **1** | **2** | **3** | **4** | **5** | **6** | **7** | **8** | **9** | **10** | **11** | **12** | **13** | **14** | **15** | **16** | **17** | **18** | **19** | **20** | **21** |
| **Milada çenli asyrlar** | | | **Milady asyrlar** | | | | | | | | | | | | | | | | | | | | |

Rimdäki harby serkerdelerden biri, german taýpalaryndan bolan Odoakr 476-njy ýylda pitne turzup, soňky imperator Romul Awgustuly tagtdan agdarypdyr. Onuň talaby bilen senat Rimiň günbatar bölegine imperator gerek dälligini yglan edip, häkimiýetiň nyşanlaryny Konstantinopola – Gündogar Rim imperatoryna iberýär.

1. Orta asyrlar taryhy barada nämeleri bildiňiz?
2. Ýewropa feodal jemgyýeti barada aýdyp beriň.
3. Aziýa ýer eýeçiligi jemgyýetiniň Ýewropadakydan tapawudy nämededi?
4. Orta asyrlar taryhy näçe döwre bölünýär?
5. Taryhy çeşmeleriň görnüşlerini düşündirip beriň.
6. Döwür çyzygyny düşündirip beriň.

# I BAP.
# IRKI ORTA ASYRLAR DÖWRI

## 1-§. GERMAN TAÝPALARY WE RIM IMPERIÝASY

Milady ilkinji asyrlarda Aziýadaky hunn, Ýewropadaky german taýpalarynda emläk taýdan gatlaklara bölünme güýçlenip, olar gowşap başlan Rim imperiýasyna basybalyşlaryny güýçlendiripdirler.



**1-nji surat.** Warwarlar

**Halklaryň beýik göçüşler.** Milady IV–VI asyrlarda Ýewropany hunn taýpalary başlap beren «**Halklaryň beýik göçüşler**» prosesi öz içine alýar. Şu prosesiň özboluşly birnäçe sebäpleri bolupdyr. Ilki bilen, german taýpalarynda ilat sanynyň barha köpelmegi netijesinde täze ýerlere bolan talabyň artmagy, emläk taýdan gatlaklara bölünme güýçlenmegi German taýpalaryny täze çäkleri eýelemäge undeýär. Mundan daşary, hunnlaryň IV asyrdan Gündogardan göçüşleri we hüjümleri ençeme warwar taýpalaryny öz ýerlerinden gitmäge mejbur edipdir. Ýewropada II asyrdan klimatyň sowap başlamagy soňky asyrlarda ekin meýdanlaryny tarp ýere, suw basseýnleri we olara ýakyn ýerleri bolsa batgalyga öwürdi. Şu faktorlar halklaryň ýaşaýyş we hojalyk ýöretmek üçin täze amatly çäkleri gözlemäge itergi bolupdyr. IV–VI asyrlar Ýewropa halklarynyň taryhy üçin beýik göçüşler döwri hasaplanýar.

**German taýpalary we olaryň kärleri.** Rim imperiýasynyň demirgazyk-gündogar araçäkleri boýunça ýerleşen

**warwar** taýpalary milady asyryň başlarynda hem urugçylyk obşinasy derejesinde ýaşaýardylar.



**2-nji surat.** German taýpasy



**3-nji surat.** Demir dişli azal

Gadymky german taýpalary (franklar, westgotlar, ostgotlar, wandallar, burgundlar, langobardlar) Reýn we Elba derýalarynyň basseýninde ýerleşipdirler.

Olaryň esasy kärleri maldarçylyk bolupdyr. Çarwadan daşary öý guşlaryny bakypdyrlar, aw we balykçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Milady asyryň başlaryndan ilat sanynyň köpelmegi hojalykda daýhançylygyň ähmiýetini artdyrýar.

Urug obşinalary hyzmatdaşlykda tokaýdaky daragtlary kesip, täze ýerleri açypdyrlar. Ýeriň ýönekeý agaç plug bilen işläp bejerilmegi, ýeriň dökünlenmezligi ekin meýdanlarynyň güýçsüzlenip, 2–3 ýyldan soň hasylyň ýiti kemelmegine getiripdir. Germanlarda soňluk bilen azaldan demir pluga geçilmegi zähmet öndürijiligine, hasylyň artmagyna sebäp bolupdyr.

Rimliler medeni ösüşiň ep-esli pes derejesinde durýan halklary «warwarlar» diýip atlandyrypdyrlar.

Gadymky germanlar taryhy baradaky baý maglumatlara Ýuliý Sezaryň «*Galliýa urşy barada hatyralar*» we Rim taryhçysy Tasitiň «*Germaniýa*» eserlerinde duşýarys.

Asyrlar geçip ekerançylykda çalşyryp ekmek ulanylyp başlandy. Milady IV asyrdan ýazlyk we güzlük bugdaýyň ornuna kösükli ekinleri ekmek, sürülen ýeri iki meýdana bölüp (şonuň üçin bu usula iki meýdanly çalşyryp ekmek diýilýär) birine däne sepip, ikinjisini şüdügärläp dynç ber-




**4-nji surat.** Iki meýdanly çalşyryp ekmek

mek hem-de olary her ýyl çalşyryp durmak ýola goýlupdyr. Bu hasylyň mukdaryny artdyrmak bilen bir wagtda ekin meýdanlaryny tiz-tiz çalşyrmak zerurlygyndan halas edýär. Germanlar däneli we kösükli ekinlerden daşary bakja önümlerini, gök önümleri, şol sanda, kelem ýetişdiripdirler.

Germanlarda hünärmentçiligiň dokmaçylyk, neçjarlyk (hususan-da, gaýyk ýasamak), zergärlik, deri-gönçülik ugurlary ösüpdir. Içki söwdada iň möhüm serişde demir önümler hasaplanypdyr. German taýpalary goňşulary bolan rimlilere gullary, çarwa mallaryny, deri, kahrabo[1] berip, olardan wino, nepis matalar, toýun gaplar, şaý-sep önümlerini alypdyrlar. Söwda haryt çalşygy şeklinde bolup, diňe imperiýa bilen araçäk çäklerde rim puly ulanylypdyr.

**Germanlaryň sosial ulgamy.** Germanlar obşinasy döwlet emele gelýänçe urugçylyk basgançagyny başdan geçiripdirler. IV asyrda emläk taýdan deňsizlik güýçlenip, obşinalar baýlara we garyplara bölünip başlaýar we aristokratlar, erkin adamlar we ýarym azat adamlar taýpalary şekillenipdir.

Emläk taýdan gatlaklara bölünme netijesinde olarda **konung** – aristokratlar ýolbaşçysy şekillenip, olaryň täsiri barha güýçlenipdir.

[1] Kahrabo — gaty, smolaly we dury sary reňkli magdan.

**Konung** — taýpa baştutany, aristokratlaryň ýokary wekili. Normann taýpalarynda – harby ýolbaşçy.

Germanlaryň durmuşynda taýpa harby goşun baştutanlarynyň orny hem möhüm bolupdyr. Harby oljanyň uly bölegi ýolbaşça ýetipdir. Sebäbi, ol ownuk bölüm söweşijilerini at, gural-ýarag, ýaşaýyş jaýy, azyk bilen üpjün edipdir.

German taýpalary IV–V asyrlardan giň çäkleri gözegçilik edýän **taýpa bileleşiklerine** birleşip başlapdyr. **Alemann, got, frank** taýpa bileleşikleri birnäçe ýüz müň adamdan ybarat bolupdyr. Taýpalaryň ýokary organy hasaplanýan halk ýygnaklary ýuwaş-ýuwaşdan öz ähmiýetini barha ýitirip, harby bölümleriň we olaryň ýolbaşçylarynyň abraýy artypdyr.

**Alemannlar, gotlar, franklar** – germanlaryň iň iri taýpalary.

Araçäk çäklerdäki käbir taýpa baştutanlary Rim naýyplara hakyna tutma harby gulluga geçip başlapdyrlar. Bu harby bölümler Rim goşunlary ýörüşleri wagtynda aýratyn söweşiji birlik hökmünde gatnaşypdyr. Käte german taýpalary imperiýanyň araçäklerini daşky duşmanlardan goramak wezipesini boýnuna alypdyrlar. Hristiançylyk dini ýaýrap başlamagy netijesinde jemgyýetçilik ösüşi has-da çaltlanypdyr.

**Rim imperiýasyna basybalyşlar.** Gowşaklaşan Rim goňşy warwarlaryň hüjümini saklap bilmändir. Gulçulyk zulmundan azap çeken ýerli ilat german taýpalaryna garşy çykman, käte olaryň tarapyna geçip gidipdirler. V asyryň başlarynda Pireneý ýarymadasynda we Galliýanyň bir böleginde ilkinji warwarlar döwleti — **Westgot korollygy** döredi. German taýpalary



**5-nji surat.** Westgotlar

soňluk bilen basyp alnan ýerlerde: **wandallar** (Demirgazyk Afrikada), **ostgotlar** (Italiýada), **franklar** (Galliýada), **anglo-sakslar** (Britaniýada) öz döwletlerini düzüpdirler.

Germanlaryň basybalyşlary 476-njy ýylda Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagyna sebäp bolupdyr. Ýewropada täze — feodal jemgyýetine geçiş döwri başlanypdyr.

?!

1. Ýewropadaky beýik göçüşler döwründe Orta Aziýa, hususan-da, häzirki Özbegistanyň çägine nähili taýpalar we halkyýetler çozup giripdir?
2. Kartadan german taýpalary ýaşan çäkleri görkeziň. German taýpalarynyň ýaşan çäklerini sudury karta geçiriň. Häzirki wagtda bu çäkler haýsy döwletlere degişlidigini anyklaň.
3. Siziň pikiriňizçe, 1, 2, 3-nji suratlary mazmun taýdan näme birleşdirýär? Şol döwür barada maglumat beriň.
4. Irki orta asyr ilatynyň durmuşyndaky 3, 4-nji suratlarda teswirlenen zatlaryň ornuny we ähmiýetini düşündiriň. Bu zatlar ülkämizde-de bolupmy?

## 2-§. FRANKLAR. FRANK DÖWLETINIŇ EMELE GELMEGI



**6-njy surat.** Frank söweşijisi

**Frank taýpalary.** Beýik göçüşler başlanmagyna çenli german taýpalaryna degişli franklar Reýn derýasynyň aşaky akymyndaky çäklerde ýaşapdyrlar. Olarda urugçylyk ulgamy bar bolup, taýpa ýolbaşçylary harby işde aýratyn edermenlik görkezen adamlardan saýlanyp goýlupdyr. Rim-gallar bilen ýakyn goňşuçylyk gatnaşyklarynda bolan franklaryň daşky görnüşi-de başga german taýpalaryndan

ep-esli tapawutlanypdyr. Franklar gotlar we langobardlar ýaly haýwan derisinden däl, matadan egin-eşik geýipdirler we saç-sakgallaryny syryp gezipdirler. Franklarda diňe korol maşgalasyna degişli adamlar uzyn saç bilen gezmegi mümkin bolupdyr.

Günbatar Rim imperiýasynyň krizisinden soň Galliýada rim naýyby **Egidiý** özbaşdak knýazlyk düzýär. Edil şol döwürden franklaryň Galliýa hüjümleri has-da güýçlenýär. Olara frank taýpalaryndan biri, merowingleriň serdary **Hlodwig** baştutanlyk edýär. Ol tiz arada öz garşydaşlaryny ýeňip, ähli frank taýpalarynyň üstünden hökümdarlygyny ornaşdyrýar. 486-njy ýylda Hlodwig frank döwletini esaslandyrýar.

486-njy ýylda Hlodwig frank döwletini düzýär. Franklaryň düzen döwleti ilki dinastiýalaryň ady bilen atlandyrylypdyr. X asyrdan Parižiň töweregindäki welaýat **Il de Frans** döwletiniň adyna esas bolýar we ol **Fransiýa** diýip atlandyrylyp başlanýar.

**Franklarda hristiançylygyň kabul edilmegi.** Warwar taýpalarynyň ýolbaşçylarynyň içinde birinji bolup Hlodwig hristiançylygy Rimden kabul edýär. Onuň yzyndan ýuwaş-ýuwaşdan başga franklar hem hristiançylyga geçýär. Franklaryň aglabasy Hlodwigiň bu kararyny goldamandyr, emma olar öz korollaryndan gorkupdyrlar. Rimliler bolsa bu işden hoşal bolupdyrlar. Olardan biri «*Siziň täze diniňiz, bu – biziň ýeňşimiz!*» – diýip ýöne ýerden ýazmandy.


**7-nji surat.** Hlodwig

Hlodwig amala aşyran çäre akylly ýol bolupdyr. Hristiançylyk arkaly Rim medeniýetiniň dürli ugurlary franklaryň döwletine aralaşypdyr. Şu döwürden başlap franklar bilen rimliler ýuwaş-ýuwaşdan ýakynlaşypdyrlar.

Hlodwigiň hristiançylyga geçmegi oňa ilatyň arasynda täsiri güýçli bolan gall ýepiskoplygynyň ulanmagy üpjün edýär. Hristiançylygyň kabul edilmegi koroly güýçlendirip, ony öz taýpadaşlarynyň arasynda täze belentliklere galdyrýar.

**Franklarda jemgyýetçilik gatnaşyklary.** Franklar basyp alan çäklerde rimli gul eýeleriniň ajaýyp köşkleri, ullakan ýer-mülkleri saklanyp galypdyr. Ýerli ilatyň esasy bölegini rim-gallar düzüpdir. Franklar döwründe hem ýurtda esasy işçi güýji gullar we kolonlar bolmagynda galypdyr. Ilkinji wagtda franklar gallardan aýratyn ýaşapdyrlar. Luara derýasyndan demirgazykdaky german taýpalary bolsa ýene uzak ýyllar urug obşinasy bolup ýaşamagyny dowam etdiripdirler. Ýurduň günortasyndaky gallar bolsa san taýdan german taýpalaryndan hem köpräk bolupdyr.

Döwlet häkimiýetini pugtalandyrmak maksadynda Hlodwigiň mirasdüşerleri dolandyran wagtynda korollar – aýratyn hyzmatlarynyň hasabyna söweşijilere we ýakyn hyzmatdaşlaryna iri ýer-mülk – **benefisiýler** gowşurypdyr.

**Benefisiý** (latynça) – senýoryň öz wassalyna harby gullugynyň hasabyna peşgeş beren ýer-mülki. Gündogarda ol ikta diýlip atlandyrylypdyr.

**Senýor** (latynça, uly) – orta asyrlarda Günbatar Ýewropada ygtyýarynda tabyn daýhanlary we maýda feodal-wassallary bolan ýer eýesi.

**Wassallyk** – Günbatar Ýewropa ýurtlarynda bir feodalyň başga feodala boýun egiş tertibi.

Şeýdip, korol we onuň söweşijileri, ruhanylar, korol köşgüne ýakyn rim-gall aristokratlary, gul eýelerinden täze feodallar taýpasy emele gelipdir. Olaryň ýerlerinde VI asyryň ahyryndan başlap gullar, kolonlardan daşary öz erkinligini ýitiren franklar hem işläpdirler. Netijede, täze jemgyýetiň feodallar we tabyn daýhanlar ýaly esasy taýpalary emele gelipdir.

**Döwletiň peýda bolmagy.** Demirgazyk Galliýada düzülen frank korollygy Hlodwigiň mirasdüşerleri döwründe Bur-

gundiýany we Prowansy basyp alýar. Franklar germanlaryň **týuring, alemann, bawar** taýpalaryny hem boýun egdirip, olary her ýyl ýer salgydyny tölemäge mejbur edýärler.

Korollar häkimiýeti barha güýçlenmegi netijesinde möhüm kanunlar, kararlar kabul etmek üçin halk ýygnaklaryny çagyrmagy bes edýärler. Korol tarapyndan kabul edilen täze kanunlar bolsa hususy eýeçiligi we deňsizligi pugtalandyrmaga hyzmat edipdir.

Iri ýer eýeleri – feodallar taýpasy bolsa korol häkimiýetiniň daýanjyna öwrülýär. Döwlet korolyň baştutanlygynda iri ýer eýeleriniň täze ýerleri basyp almaklaryny goldaýardylar.

Hlodwig döwründe franklarda ýurt welaýatlara bölünip, olary korol bellän **graflar** dolandyryp başlapdyr. Graf öz çäklerini korolyň adyndan dolandyryp, ilatdan salgytlary ýygnap almak, harby goşuna baştutanlyk etmek, sud etmek ýaly işleri ýerine ýetiripdir. Suduň karary bilen ýygnalan jerimeleriň 1/3 bölegi korolyň hazynasyna iberilýärdi. Franklar salgyt düzgünlerini rimlilerden kabul edipdirler.

Urug obşinasynyň däpleri bolsa her ýylky harby gözden geçiriş görnüşinde we ýerli dolandyryşda saklanyp galypdyr. Ýerli dolandyryş esasyny erkin franklaryň ýüzlük ýygnaklary düzüp, onuň baştutany, ýüzbaşysyna – **tungin** diýipdirler.

**Iri ýer eýeçiliginiň şekillenmegi.** VI asyryň ahyryndan franklaryň paý ýerleri daýhan maşgalasynyň satmagy ýa-da peşgeş bermegi mümkin bolan emlägi – **allod**a öwrülýär. Korollar tarapyndan çykarylan täze kanunlar ýeriň hususy eýeçilige öwrülmegini çaltlandyrýar. Korol **Hilperik** döwründe täze kanun çykarylyp, ol ogul mirasdüşer bolmasa, ýeri öňki ýaly obşina däl-de, merhumyň gyzyna, jigisine ýa-da doganyna geçmek hukugyny tassyklaýar.

Ýeriň hususy eýeçilige öwrülmegi, emläk taýdan gatlaklara bölünmäni çaltlandyryp, iri ýer eýeçiliginiň ösmegine getirýär. Galliýadaky Rim imperatoryna degişli ýerleri öz emlägine öwüren frank korollary, onuň bir bölegini öz ýakynlaryna we buthana hem peşgeş beripdirler.

**Allod** (grekçe) – ýere doly eýelik etmek; Günbatar Ýewropa feodal jemgyýetinde nesilden-nesle miras bolup geçýän emläk.



**8-nji surat.** Hlodwig «Sali hakykaty»ny okap eşitdirýär

Iri ýer eýeçiligi obşina ýerleriniň hasabyna-da giňelýär. Tebigy apatlar, gurakçylyk, hasylsyzlygyň ýygy-ýygydan gaýtalanyp durmagy daýhanlary öz ýerlerinden aýrylmagyna, soň feodaldan kärendä ýer alyp işlemäge mejbur edýär. Salgytdan daşary, iri ýer eýesi ekin meýdanlarynda işläp bermäge mejbur bolan daýhan barha tabyn adama öwrülipdir.

**«Sali hakykaty».** Hlodwigiň buýrugyna görä ýazylan franklaryň adaty däp-dessurlar toplumyna «Sali hakykaty» diýlipdir. Bu toplum Ýewropadaky iň meşhur adat hukuklary ýadygärligie öwrülýär. Toplumyň ady oňa diňe franklaryň sali taýpasynyň kanunlary girizilendigini aňladýar.

Korol, aslynda, bu kadalar arkaly haýsy-da bolsa bir zat düşündiriş talap edýän bolsa, munuň üçin korola ýüzlenmelidigi, ol bolsa öz bähbitleri boýunça jogap bermelidigini öz öňüne maksat edip goýupdyr. Olardan daşary, korol «Sali hakykaty»na gadymky adatlardan özüne peýda getirýänlerini girizipdir. Netijede, gadymky adatlardan koroly kanagatlandyrmaýanlary unudylyp, peýdalylary toplumda jikme-jik açyp görkezilipdir. «Sali hakykaty» franklarda korol häkimiýetiniň güýçlenendigini görkezýär.

Şeýle bolsa-da, «Sali hakykaty»nda franklaryň durmuşy, olaryň urp-adatlary, hojalygy, dini ygtykatlaryna degişli ençeme maglumatlar bar. Şol sanda, ýeriň başga hojaýynyna geçmegi «satyjy»nyň ýerindäki ýaşyl şahanyň ýa-da baldagyň «alyjy» ýerine berilmegi bilen tassyklanypdyr. Bu ylalaşygy perzentler we agtyklar hem kanuny diýip hasaplapdyrlar.

1. Siziň pikiriňizçe, näme sebäpden warwar korollyklary arasyndan diňe franklar döwleti sakla-nyp galypdyr?
2. Näme sebäpden franklardaky benefisiý, senýor, allod, wassal ýaly adalgalar latyn dilinden alnan?
3. Korol Hlodwig näme üçin oňa garşy çykan söweşijini derrew jezalandyrmazdan, diňe harby gözden geçiriş wagtynda çapyp taşlapdyr?
4. «Sali hakykaty»ny nähili resminama diýip hasaplaýarsyňyz? Oňa häsiýetnama beriň. Näme üçin resminamany Hlodwig okap eşitdirýär?

## 3-§. FRANK IMPERIÝASY

Hlodwigiň ogullary döwründe Frank korollygynyň araçäkleri ep-esli giňelipdir. Ýöne soňluk bilen dinastiýa wekilleriniň arasynda agzalalyklar başlanyp, ahyrky netijede täze dinastiýa tagta geçipdir.

**Beýik Karl.** Karl dinastiýany esaslandyryjy Frank korollygyny (800-nji ýyldan imperiýasyny) 46 ýyl (768–814) dolandyrypdyr. «Beýik» ady oňa taryhçylar tarapyndan ençeme harby ýörüşlere baştutanlyk edip, iri soltanlyk düzeni, bu döwletde täze kanunlara, magaryfa we medeniýete esaslandyrandygy üçin berlipdir. Karl barada ençeme taryhy eserler, legendalar, rowaýatlar we aýdymlar döredilen. Onuň adyndan «**korol**» derejesi gelip çykypdyr.



**9-njy surat.** Imperator Beýik Karl

**Italiýa we Ispaniýa uruşlary.** Karl tagta geçmegi bilen basybalyjylykly uruşlary alyp barypdyr. Onuň ilkinji harby ýörüşlerinden biri germanlaryň **langobard** taýpasynyň Italiýada düzen döwletine garşy 773-nji ýylda başlanýar. Uruşda ýeňen Karl Italiýa ýerlerini graflyklara bölüp, Frank korollygyna goşup alýar.



**10-njy surat.** Graf Rolandyň heläk bolşy

Arap halifatlygy basyp alan Ispaniýa garşy 778-nji ýylda Karlyň ýörüşi şowsuz tamamlanýar. Karlyň ýegeni graf **Roland** bu uruşda heläk bolýar. Asyrlar geçip Roland fransuz halk agzeki döredijiliginiň söýgüli gahrymanyna öwrülýär we ol hakda «Roland barada aýdym» poemasy döredilýär. Soňky ýörüşler dowamynda Pireneýa ýarymadasynyň araplardan çekip alnan çäklerinde düzülen **Ispan marka**sy franklar döwletiniň araçäk welaýatyna öwürilýär.

**Sakslara garşy uruşlar.** Reýn derýasynyň sag kenarynda ýaşan saks taýpalaryna garşy uruşlar 30 ýyldan artyk (772–804) dowam edýär.



**11-nji surat.** Beýik Karlyň Ahendäki köşgi

Bu uruş Karl üçin ep-esli kyn geçipdir. Sakslar germanlaryň Karla boýun egmedik soňky iri taýpasy bolupdyr. Karl sakslary islendik ýol bilen hristian dinine geçirmäge çalşypdyr. Uzak göreşden soň Karl sakslary täze dine geçirmegi başarypdyr. Şeýdip Saksoniýa hem Beýik Karl döwletine goýup alnypdyr.

**Franklar imperiýasy.** Beýik Karl döwleti Ýewropanyň uly bölegini eýeläpdir; onuň çägini Günbatar Rim imperiýasy bilen arkaýyn deňeşdirmek bolýardy. Ýöne Karlyň häkimiýeti soňky Rim imperatorlarynyňkydan ep-esli ýokary bolupdyr. Şol bir wagtda sönen imperiýa baradaky hatyralar VIII asyrda hem Günbatar Ýewropanyň dürli halklarynyň we taýpalarynyň ýadynda saklanyp galypdyr. Karlyň maslahatçylarynda ony gadymky rimlilere ökünip, imperator diýip yglan etmek

taglymy döräpdir. Şeýle mümkinçilik 800-nji ýylda Rimiň ýerli aristokratlarynyň papa **Lew III** -e garşy pitne turuzmagy arkaly emele gelipdir. Karl goşun iberip pitnäni basyp ýatyrypdyr.

Bu kömek üçin Rim papasy 800-nji ýylyň dekabrynda Karla imperatorlyk täjini geýdirýär. Şeýlelikde Günbatarda täzeden imperiýa peýda bolýar.

Beýik Karl frank imperiýasynyň hakyky hökümdaryna öwrülip, onuň permanlary diňe iri aristokratlaryň, ýer eýeleriniň ýylda iki gezek çagyrylýan ýygnagynda kabul edilipdir.

Beýik Karlyň hemişelik paýtagty hem ýokdy. Ol öz emeldarlary bilen ýurt boýunça hereketlenip, dürli şäherlerdäki köşklerinde saklanypdyr, ýerli ilata agyrlygy düşmez ýaly uzak wagt geçmän ýene başga şähere ugrapdyr.



**12-nji surat.** Rysar

Beýik Karl döwründe franklarda adaty halk leşgeri ornunda atly rysarlar goşuny emele gelipdir. **Rysarlar** (nemesçe *ritter* – atly) bölümlerinde – diňe baý ýer eýeleri, ýagny söweşiji at we gural-ýaraglar satyn almaga mümkinçiligi bolan adamlar gulluk edipdir. Hökümdarlar rysarlara: at, gural-ýaragyny tertipde saklamagy, uruşlar wagtynda maşgalasyny üpjün etmegi üçin ýer-mülk peşgeş beripdir. Bu ýer-mülk – **feod** harby gullugyň hasabyna peşgeş berlip, soňluk bilen miras emläge öwrülipdir. Feodyň eýesi **feodal** diýlip atlandyrylypdyr. Zamanlar geçip harby iş diňe feodallaryň kärine öwrülipdir. Iri feodallar welaýatlara eýelik etseler, maýda feodala mälim oba ýa-da onuň bir bölegi berilmegi-de mümkindi.

**Döwlet dolandyryşy.** Beýik Karlyň köşk hyzmatkärleri şol bir wagtda wezirler wezipesini hem ýerine ýetiripdirler.

Maliýe, salgyt, harby sanownikler, desserhançy, athana baştutany we başgalar Frank döwletindäki möhüm wezipelerden hasaplanypdyr. Iri taýpalary **gersoglar** (nemesçe, saýlanan harby ýolbaşçy, soňluk bilen miras taýpa baştutany) dolandyrypdyr. Döwürler geçip gersog iň ýokary derejelerden birine öwrüldi. Iri bolmadyk çäkleri imperator bellän **graflar** (nemesçe, korol bellän emeldar) dolandyrypdyr. Gersog derejesi öňden miras bolsa, graflary imperator belläpdir. Beýik Karl öz döwletiniň araçäklerini pugtalandyrmak maksadynda **markalar** (nemesçe, araçäk harby welaýaty) düzüp, olary **markgraflar** (araçäk welaýat häkimi) dolandyrypdyr.

Ýepiskoplar, iri monastyrlaryň abbatlary imperatoryň ýerlerdäki wekilleri hökmünde onuň buýruklaryny ýerine ýetiripdir. Saparlary wagtynda Beýik Karl ýepiskoplaryň we graflaryň işleriniň nähili gidýändigini barlapdyr. Eger berlen ygtyýardan kanunsyz peýdalanma anyklansa, jogapkär derrew wezipesinden boşadylypdyr. Imperatoryň özi ähli graflyklary we ýepiskoplyklary aýlanyp çykmagyň kynlygyndan ol özi ynanýan döwlet wekillerini ýurt boýunça iberýärdi. Olara ýerli häkimleri jezalandyrmak, çalşyrmak hukuklary berlipdi. Franklar ýurdunyň çäkleri biçak uludygy gözegçiligi kynlaşdyrýardy. Ähli graflyklary gözegçilik astynda saklamak kyndy. Mundan daşary, graflar bar güýji bilen graflykda ornaşmaga, ony öz nesillerine miras edip galdyrmaga ymtylypdyrlar. Bu bolsa frank imperiýasynyň geljekde gowşamagyna we dargamagyna ýol açyp beripdir.

Ýewropanyň hökümdarlarynyň arasynda uly hormata eýe bolan Karlyň köşgüne ençeme ilçiler gelip durupdyr. Ýylnamalarda ýazylmagyna görä, arap halyfasy **Harun ar-Raşid** öz ilçileri arkaly Karla gymmatbaha sowgatlar bilen bile Iýerusalimdäki Isa pygamberiň gubury ýerleşen ýeri-de sylag beripdir.

**Frank imperiýasynyň krizisi.** Ýyllar geçip ýurtda graflar döwlet emeldarlaryndan – iri ýer eýesi, barha öz welaýatynyň hojaýnyna öwrülipdir.

Graflykdaky erkin daýhanlar tabynlyga düşüp başlapdyr. Korolyň sud işlerini dolandyrmagy graflara tabşyrmagy-da olaryň häkimiýetini güýçlendirip goýberipdir.

Beýik Karl aradan çykandan köp wagt geçmänkä, onuň düzen imperiýasy pese gaçyp ugraýar. Onuň agtyklary döwründe ýurt dargaýar. **Werden** şäherinde 843-nji ýylda düzülen şertnama laýyklykda emele gelen korollyklaryň ýerinde, soňluk bilen, **Fransiýa**, **Germaniýa** we **Italiýa** döwletleri döreýär.

Bu korollyklaryň her biri gersoglyklara we graflyklara, olar bolsa iri we orta feodal mülklerine bölünipdir. Şeýdip Ýewropada feodal dagynyklygy döwri başlanypdyr.

?!

1. Frank korollygy haçan döredi?
2. Karlyň basyp alan çäklerini sudury karta geçiriň.
3. Häzirki wagtda Ispaniýa ýerleşýän ýarymadanyň geografik ady näme? Karlyň harby ýörüşleri wagtynda çäk kimlere degişlidi?
4. Frank imperiýasynyň nähili emele gelendigini, şol döwürde ülkämizde nähili döwlet bolandygyny deňeşdirip aýdyp beriň.
5. Frank döwletinde dolandyryş nähili bolupdyr?

## 4-§. BRITANIÝADAN ANGLIÝA

Rim imperiýasy Britaniýa adalaryny basyp alanda adanyň günortasynda kelt, britt, demirgazygynda – häzirki Irlandiýada we Şotlandiýada – skot, pikt taýpalary ýaşapdyr.

Rim legionlary 407-nji ýylda Britaniýany taşlap Italiýa gaýdýar. Olaryň yzyndan galan rimliler hem Ýewropa gidip, adanyň **kelt** ilaty öz halyna galyp, kelt taýpa baştutanlary bolsa özara uruşa güýç berýär. Şol bir wagtda demirgazykdan **pikt** we **skott** taýpalarynyň hüjümleri başlanýar.



**13-nji surat.** Britt söweşijileri

**Howply goraýjylar.** Piktlerden goranmak üçin ýerli brittler ilkinji gezek germanlaryň **ýut**, **angl** we **saks** taýpalaryndan hakyna tutma družinalary teklip edipdir. Bu taýpalar Germaniýanyň demirgazygynda we Ýutlandiýa ýarymadasynda ýaşaýardy. Ilki germanlar üç gämide gelýärler. Ýöne köp geçmän olaryň yzyndan ençeme taýpadaşlary ýola çykýar. Germanlaryň keltlerden barha ýokary töleg talap etmegi, hemişelik pitneleri, ýurdy talamagy we howpy barha güýçlenýär. Ýutlar V asyryň ortalarynda **Kent** welaýatyny basyp alýar. Olaryň yzyndan anglo-sakslar hem keltlere hüjüm başlap, berk garşylyk bolmanlygyndan ýurdy basyp alyp başlaýarlar. Anglo-sakslar ýerli ilatyň bir bölegini gyryp, käbirlerini gula öwürýärler. Şäherler uly zyýan çekýär, butparaz germanlar ybadathanalary we monastyrlary talap, ýandyrýarlar. Basybalyş gazabyndan ençeme keltler kontinente, **Armorika** welaýatyna göçýär. Fransiýanyň demirgazykgünbataryndaky bu çäk brittleriň köpçülikleýin göçüşden soň **Bretan** adyny alyp, bu ady häzire çenli saklap galypdyr.

**Brittler** – kelt taýpalaryndan bolup, Britaniýanyň esasy ilaty hasaplanypdyr.
**Družina** – meýletinlerden ybarat harby bölüm. Şu bölüm birnäçe ondan birnäçe ýüze çenli söweşijini birleşdiripdir.



**14-nji surat.** Korol Artur

**Korol Artur.** Britaniýa adasyna çozup gelýän germanlara garşylyk görkezmek **Amwrosiý Awrelian**yň ady bilen bagly. Ol adadaky soňky rimlilerdendi. Amwrosiý Awrelian VI asyryň başlarynda brittleri birleşdirýär. Şonuň netijesinde ol ençeme uly ýeňişleri gazanýar. Güýçli goşun düzmegi başaran Amwrosiý Awrelian an-

glo-sakslaryň täsirini ýarym asyra diýen ýaly togtadýar. Kelt taýpalarynyň ýadynda bu ýeňişler baradaky maglumatlar asyrlaryň dowamynda saklanýar. Ýöne rowaýatlarda basybalyjylara zarba beren gahrymanyň ady üýtgäpdir. Dessançylar ony **Artorius** ýa-da **Artur** diýip atlandyryp başlapdyrlar. Wagtyň geçmegi bilen Artur keşbiniň töwereginde VI asyra aragatnaşygy bolmadyk ençeme taryhy rowaýatlar toplanýar. Aradan bäş asyr geçip hem Ýewropanyň dürli ýurtlarynyň ýazyjylary korol Artur we onuň rysarlary **Lanselot**, korol gyz **Jinewra**, jadyly **Merlin**ler barada eserleri döretmegi dowam etdirýärler. Bu eserler kitaphanlaryň arasynda giň ýaýraýar.

**Göreşiň soňy.** Amwrosiý Awreliandan soň brittlerde mynasyp ýolbaşçy bolmanlygy anglo-sakslar tarapyndan adanyň uly böleginiň basyp alynmagyna mümkinçilik berýär. Basybalyşa duçar bolan kelt taýpalary Irlandiýada we Şotlandiýada, bölekleýin Britaniýanyň günbatar çetinde saklanyp galýar.

Basybalyjylar Britaniýa ýerlerinde ýedi korollyk düzýärler. Olar dürli şiwelerde gepleşýän, ýöne ýyllar geçip angllar ýaşan Mersiýa şiwesi barha giň ulanylyp başlaýar. Şu sebäpli soňluk bilen basybalyjylar gatnaşygyndaky dil iňlis, ýurt bolsa Angliýa adyny alýar. Basybalyjylaryň ençeme taýpalary we boýun egdirilen ilatyň galan bölegi bitewi halka birleşip başlaýar. Taryhda olar **anglo-saks** adyny alýar.



**15-nji surat.** Normannlaryň basybalyşlary

**Täze basybalyş.** Norwegiýa ýa-da Daniýa kenaryndan çykan gämi Britan adalaryna birnäçe günde ýüzüp barypdyr. Döwürdeşleriň ýazmagyna görä, şu sebäpden daniýalylar her ýyl hüjüm edip Angliýanyň halkynyň emlägini talapdyr.

Hatdatlyk sungatynyň merkezleri bolan Irland monastyrlary normannlar tarapyndan ýandyrylypdyr.

Içki gapma-garşylyklardan güýçden gaçan angla-saks korollyklary basybalyjylara gaýtawul berip bilmändirler. Netijede, normannlar 842-nji ýylda **London**y basyp alyp, talaýarlar we otlap goýberýär. Soňluk bilen, daniýalylar talaňçylyk hüjümlerinden soň watanlaryna gaýtmazdan Angliýada basyp alan ýerlerinde gyşlamaly bolupdyrlar.

Ähli diýen ýaly anglo-saks korollyklary daniýalylar tarapyndan boýun egdirilýär. Garşylygy diňe **Uesseks korollygy** dowam etdirýär.

**Korol Beýik Alfred.** Beýik Alfred (871—900) Uesseksde tagta geçýänçe daniýalylary hiç kim saklap bilmändir. Beýik Alfred bütin Angliýadan basybalyjylary jezalandyrmak arzuwyndaky söweşijileri toplaýar. Ol bu goşun bilen daniýalylary birnäçe gezek ýeňýär.

Alfred 879-njy ýylda daniýalylar bilen parahatçylyk şertnamasyny düzýär. Oňa görä, bütin ada iki bölege bölünip: günorta çäkler Alfrede, demirgazyk çäkler bolsa daniýalylara berilýär. Araçäk London we Çeçter aralygyndaky gadymky rimliler gurduran daş ýol boýunça geçýär. Skandinawlara galdyrylan ýerler **Denlo** adyny alýar.

Alfred parahatçylyk şertnamasyndan täze güýçli goşun düzmek üçin peýdalandy. Mälim bolşy ýaly, öňler duşman howpy dörände halk leşgeri toplanýardy. Indi her bäş anglo-saks altynjysyny bakmaga we ýaraglandyr-



**16-njy surat.** Wikingleriň irland monastyryna hüjümi

maga mejbur edilýär. Netijede dyngysyz uruşlar döwründe obanyň köp ilaty öz işinden boşadylmandyr. Täze düzgüne görä, bäş adam altynjysyny tuwalga(şlem), gylyç we söweş paltasy bilen üpjün edip, **wiking**den kem ýaraglandyrmandyr. Galyberse-de, şu altynjy adam hemişe maşk etmeli, söweşe taýýarlanmalydy. Onuň üçin galan bäş goňşusynyň işlemegi maşgalasy barada oýlamazlygy üçin hem mümkinçilik berýär. Şeýlelikde san taýdan gysgalan Alferd goşuny hil boýunça öňkä garanda duýarly güýçlenýär. Täze goşunyň peýda bolmagy bilen jemgyýetde-de möhüm özgerişler bolýar. Jemgyýetde professional ekerançylardan daşary söweşijiler taýpasy emele gelýär.

Alfred daniýalylaryň galalaryny gabamagy onçakly halamaýandygyny aňyp, öz ýerleriniň araçäklerinde ençeme galalar – **burg**lar gurdurýar. Korol gämi ýasaýan ussalary tapyp, daniýalylaryňkydan galmaýan gämileri ýasatdyrýar.

Korol diňe goşun bilen meşgullanmandyr. Ol öz döwrüniň maglumatly adamy bolupdyr. Uesseksde bolsa daniýalylaryň hüjümlerinden soň latyn dilini bilýänler galmady ýalydy.

Ol köne anglo-saks kanunlaryny ýazmagy we Angliýanyň taryhyna degişli maglumatlary toplamagy buýurýar. Beýik Alfred döwründe «***Anglosakson ýylnamasy***» düzülip, onda ýylma-ýyl möhüm wakalar bellik edilip başlanýar.

**Denlonyň gaýtarylmagy.** Korol Alfred aradan çykandan soň onuň mirasdüşerleri Denlo hüjüm başlaýar. Täze goşun üstünlikli hereket edip, X asyryň soňky çärýegine gelende Angliýa korollygy (şol wagtda öňki Britaniýa ady täze Angliýa adalgasy tarapyndan üzül-kesil sürüp çykarylypdyr) Daniýa kanunlary welaýatyny goşup alýar. Bu döwre gelip, Denloda ornaşan daniýalylar ýerli ilat bilen ep-esli ýakynlaşyp, gatyşyp başlapdy.

Soňluk bilen Angliýada ýene içki gapma-garşylyklar başlanyp, döwlet gowşaýar. Şol bir wagtda, Daniýa tiz ösüp başlaýar. Daniýa korollygy Angliýa hüjüm eden daniýaly

wikinglere garanda howplurakdy. Angliýa korollygy içki gapma-garşylyklardan bütinleý haldan taýypdy. Daniýa koroly XI asyr başynda iňlis kenaryna öz goşunyny düşürýär. Uruş uzaga çekmeýär, diňe London şäheri daniýalylara mälim wagt garşylyk görkezip durýar.

?!

1. Britaniýa haýsy german taýpalary gelip ornaşypdyr?
2. Amwrosiý Awrelian barada nämeleri bildiňiz?
3. German taýpalarynyň basybalyşlary nähili netijelere getirdi?
4. Siz korol Alfrediň alyp baran işlerine nähili baha berýärsiňiz?

## 5-§. MUKADDES RIM IMPERIÝASY

Halklaryň beýik göçüşler döwründe german taýpalary Günbatar Ýewropa boýunça ýerleşip, taýpa harby serkerdeleri ýurtlaryndan uzak ülkelerde döwletler düzüpdirler we olara korollyk edipdirler. Ýöne Germaniýanyň özünde güýçli özbaşdak korollyk beýlekilerden giç emele gelipdir.



**17-nji surat.** Aristokratlar gersog Genrihe korol saýlanandygyny bildirýär

**Täze korollyk.** Frank imperiýasy 843-nji ýylda üçe bölünip gidende, ilki olaryň hemmesini Beýik Karlyň nesilleri dolandyrypdyr. Ýöne 919-njy ýylda Gündogar Frank korollygynda (boljak Germaniýa) ýerli aristokratlar knýazlardan iň güýçlüsi bolan Saksoniýa gersogy **Genrihi** korollyga saýlaýarlar. Netijede, franklaryň karolingler dinastiýasynyň ýerine ýerli Saksoniýalylar dinastiýasy häkimiýete geçýärler. Şeýdip täze döwlet – Germaniýa korollygy

emele gelýär. **Genrih I** uzagy gözläp, akyl bilen iş başlap ýurdy güýçlendirmek ýoluny tutýar. Wengerler bilen 9 ýyla parahatçylyk şertnamasyny düzen korol ýurduň goranma kuwwatyny artdyrmak maksadynda ençeme çäreleri amala aşyrýar. Genrih obada ýaşaýan her 9 adamdan birini saýlap, ony **burga** (gala) göçürýär. Toplananlar burgda öz ýaranlary üçin hem jaý gurmaga girişýärler. Obada galan sekiz adam özleriniň söweşijilige bellenen şärikleri üçin hem ekerançylyk edipdirler. Genrih ähli ýygnaklary, buthana soborlaryny, oturlyşyklary burgda geçirmegi buýurýar. Gurluşyk gije-gündiz dowam edipdir, şertnama möhleti gutarýança ilatyň esasy emlägi burglarda bolmaly bolupdyr.

**Wengerler bilen göreş.** Genrih I niň ogly **Otton I** (936–973) döwründe güýçli nemes atly goşuny emele geldi. Onuň esasyny agyr ýaraglanan rysarlar atly goşuny düzüpdir.

Burglara daýanan täze atly goşunyň kömeginde Otton I wengerler bilen aýgytlaýjy söweşe öwrülýär. 955-nji ýylda Bawariýanyň Leh derýasynyň boýunda bolup geçen agyr söweşde wengerler ýeňilýär. Şondan soň olaryň Germaniýa basybalyşlary togtaýar.

**Täze imperiýa.** Özünden öň hiç kim ýeňip bilmedik duşmany ýeňen Otton I özüni Ýewropadaky iň güýçli korol diýip hasaplap başlaýar. Şu ýeňiş onda Beýik Karl ýaly Rimde imperatorlyk täjini geýmek hem-de imperator derejesini almak islegini oýarýar.



**18-nji surat.** Mukaddes Rim imperiýasynyň imperatorlarynyň täji

962-nji ýylda öz goşuny bilen Rime gelen Otton I-e papa **Ioann XII** imperatorlyk täjini geýdirýär. Täze imperiýa – **Mukaddes Rim imperiýasy** adyny alýar. Onuň düzümine Germaniýanyň ýerlerinden daşary Italiýanyň demirgazyk çäkleri hem giripdir, ýöne bu ýerdäki şäherler german imperatorlaryna hiç haçan

doly boýun egmändir. Şuňa seretmezden, her bir german koroly tagta geleninden soň öz goşuny bilen Alp daglary arkaly Italiýa ýörüş edip, Rimde imperatorlyk täjini geýýär.

German imperatorlary öz döwletlerini gadymky Rimiň dowamçysy diýip hasaplapdyrlar. Döwürdeşleri «dünýä täsinligi» diýip atlandyrylan Otton I-niň agtygy **Otton III** Rimi uly döwletiň paýtagtyna öwürmek arzuwunda bolupdyr. Ol bütin hristian dünýäsi Rim imperatory hökümi astynda birleşmelidir diýip hasaplapdyr. Bütin dünýä hristian imperiýasy baradaky arzuwlaryň amala aşmagynyň kyn işdigi tebigydyr. Şuňa garamazdan, german monarhlary öz döwletlerini **Rim imperiýasy**, soňrak **Mukaddes Rim imperiýasy** diýip atlandyrmagy dowam etdiripdirler. Bu döwlet uzak asyrlaryň dowamynda höküm sürüpdir.

Mukaddes Rim imperiýasy 962-nji ýyldan 1806-njy ýyla çenli höküm sürüpdir. Hristian katolik buthanasynyň howandarlygynda bolanlygy üçin oňa «mukaddes» ady berlipdir.

**German imperatorlary we buthana.** Iri ýurdy dolandyrmak üçin ýerlerde korolyň buýruklaryny ýerine ýetirýän emeldarlar bolmalydy. Irki orta asyrlarda bolsa diňe ösen we baý jemgyýet müňlerçe emeldarlary üpjün etmegi mümkin bolupdyr. X asyrda Germaniýanyň ilaty imperatora garanda öz gersoglarynyň gepine köpräk gulak asypdyrlar. Şeýle ýagdaýda Otton I we onuň mirasdüşerleri özboluşly usul ulanypdyrlar. Olar buthana guramalaryndan öz maksatlarynda peýdalanypdyrlar. Taryhdan mälim bolşy ýaly, baryp frank korollary döwründe ýepiskoplar olaryň ynamly gullukçysy hasaplanypdyr. Otton I bu babatda has-da ilerleýär. Ol Germaniýadaky ýepiskoplara we abbatlara ýer-mülk, baýlyklardan daşary ençeme hukuklary we ýeňillikleri berýär. Netijede buthana aristokratlary öz mümkinçilikleri, häkimiýetleri boýunça gersoglardan we graflardan kem bolmandyr. Olar islendik adamy hökümdaryň erkine boýun egdirmegi

başarýardylar. Imperatoryň özi bolsa gerekli adamy buthana wezipesine belläpdir, zerur bolsa ýepiskoplary we hatda, Rim papalaryny hiç kynçylyksyz çalşyrypdyrlar. Hususan-da, Otton I Rimde ençeme ýepiskoplaryň gatnaşmagynda özi halamaýan papalardan biriniň üstünden sud prosesini gurap, ony kemsidiji ýagdaýda wezipesinden boşadypdyr. Onuň mirasdüşeri Otton III bolsa özüniň halypasy **Gerbert**iň **Silwestr III** (999–1003) ady bilen Rim papalygyna saýlanmagyny gazanypdyr.



**19-njy surat.** Otton I aýaly bilen

?!

1. Germaniýa döwleti nädip döredi?
2. Otton I döwletiniň çäklerini sudury karta geçiriň.
3. Otton I-niň wengerler bilen alyp baran göreşi nähili tamamlandy?
4. Derslikdäki 17, 18, 19-njy suratlary nähili mazmun birleşdirýär?

## 6-§. WIZANTIÝA: GÜNBATAR BILEN GÜNDOGARYŇ ARASYNDA

**Imperiýanyň döreýşi.** Wizantiýa – Rim imperiýasynyň mirasdüşeri bolup, imperiýanyň gündogar çäklerinde dörändigi üçin ol Gündogar Rim imperiýasy diýip atlandyrylýar. Wizantiýa hem Ýewropa, hem Aziýa çäkleri girýändigi üçin ony Günbatar bilen Gündogaryň arasyndaky ýurt diýmek bolýar.

Imperator Feodosiýiň ogullary 395-nji ýylda Rim imperiýasyny iki özbaşdak döwlete: **Günbatar Rim imperiýasy**na – paýtagty **Rim** we **Gündogar Rim** imperiýasy (Wizantiýa) – paýtagty **Konstantinopol**a bölüp alýarlar. Konstantinopol şäheriniň ornundaky grekleriň Megara şäheriniň koloniýasy **Wizantiý** adyndan köplenç **Wizantiýa** diýipdirler.



**20-nji surat.** Konstantinopol şäheri

Wizantiýanyň düzümine Balkan ýarymadasy, Kiçi Aziýa, Kawkaz, Siriýa, Palestina, Müsür, şonuň ýaly-da, Krit we Kipr adalary giripdir.

Gündogar Rim imperiýasynda grekler san taýdan köp bolanlygyndan döwürler geçip, grek dili latyn dilini sürüp çykaryp, döwlet diline öwrülýär.



**21-nji surat.** Wizantiýa altyn puly

Gündogar Rim imperiýasynyň ilatyny ýewropalylar **grekler** diýipdirler. Ýöne imperiýanyň raýatlary özlerini **rimliler** (grekçe, romeýler), döwletlerini bolsa Rim (Romeý) imperiýasy diýipdirler. Olary Gündogar halklary hem rimliler diýipdirler.

Wizantiýada gulçulyk saklanyp galsa-da, ilatyň uly bölegini erkin daýhanlardygy, emeli suwaryşa esaslanan hasyldar ekerançylygyň bolmagy onuň ykdysady berkararlygyny üpjün edipdir. Şonuň üçin imperiýada VI asyrda hem **Konstantinopol**, **Aleksandriýa**, **Antiohiýa**, **Edessa** şäherleri iri söwda we hünärmentçilik merkezleri hökmünde gülläp ösüpdir.

Dünýäniň dürli ýurtlarynyň söwdagärleri romeýler bazaryna howlugypdyrlar. Konstantinopol Aziýany we Ýewropany baglanyşdyrýan «**Altyn köpri**» hasaplanypdyr. Wizantiýanyň söwdagärleri Günbatar Ýewropa bazarlaryna ajaýyp

geýimlerdir şaý-sepleri, jazlary we gymmatbaha matalary, gural-ýaragdyr gaplary, buthana enjamlarydyr dürli önümleri eltipdirler. Wizantiýanyň altyn puly (**numisma**) köp asyrlaryň dowamynda iň ynamly halkara pul hasaplanypdyr.

**Wasilewsiň häkimiýeti.** Wizantiýa imperiýasyny **wasilews** (grekçe, patyşa) dolandyrypdyr. Oňa köp sanly sud, harby we salgyt edaralary, döwlet emeldarlary, şonuň ýaly-da, maslahat organyna öwrülen **sinklit** (latynça, senat) boýun egipdir. Wizantiýada emeldarlar we senatorlar diňe aristokratlardan bolmandyr. Zehinli we bilimli ýönekeý halk perzentleri-de ýokary wezipelere göterilmegi mümkindi. Olardan hatda imperatorlar hem çykypdyr. Bu ýagdaý romeýleri umuman geň galdyrmandyr. Sebäbi, olar gadymky rimliler ýaly imperiýanyň ähli raýatlary doglanyndan deň hukukly, diýip hasaplapdyrlar.

**Wizantiýa durmuşynda ellinizm.** Wizantiýada köp zatlar däbe öwrülipdir. Ellin medeniýeti berk orun tutupdyr. Ippodromlarda halk öňki ýaly çapyksuwarlaryň, pälwanlaryň, gimnastlarlaryň ýaryşlaryny, mimleriň (aktýor) çykyşlaryny tomaşa edipdirler. Şäher ilaty öňküsi ýaly aýlyk gazanç alýan tebiplere keselini bejerdipdirler, jemgyýetçilik hammamlaryna barypdyrlar. Iň möhümi, Wizantiýa antik döwür grek ylmyny saklap galypdyr.



**22-nji surat.** Imperator Ýustinian

Başlangyç we orta mekdepleriň aglabasy Günbatar Ýewropadaky buthana we monastyr okuw edaralaryndan tapawutlyrak, hususy ýa-da döwletiňki bolupdyr.

**Wizantiýanyň altyn asyry.** Wizantiýa öz kuwwatynyň çür depesine **Ýustinian I** imperatorlygy döwründe (527–565) ýetýär. Ol garyp daýhan maşgalasynda doglan. Agasy **Ýustin** serkerde derejesine ýetip, imperatorlyk tagtyny eýeleýär. Ýustin ýegenini köşke getirip, onuň gowy tälim almagyna şert döredýär. Agasy aradan çykansoň Ýustinian tagta geçýär.

Täze imperator ýurduň durmuşyny özgertmeler arkaly ep-esli täzeleýär, halkara söwdany janlandyryp, döwlet hazynasyny doldurmak bilen çäklenmän, halkyň bolelinligini-de üpjün edýär. Ýustinian I keşbinde hereketjeňlik, tutanýerlilik bilen bir hatarda syýasatçylara mahsus ikiýüzlülik, hilegärlik, zalymlyk aýratynlyklary hem jemlenipdir.

Ýustinianyň aýaly melike **Feodora** hem öz döwründe meşhur bolupdyr. Ýaşlygynda Feodora aktrisa bolupdyr. Ol döwürde aktýorlyk hormatly kär hasaplanmasa-da, Feodoranyň owadanlygyna aşyk bolan Ýustinian I jemgyýetçiligiň makul däl pikirine seretmezden oňa öýlenipdir (Feodora akly, şöhratparazlygy, batyrgaýlygy bilen tapawutlanypdyr).


**23-nji surat.** Wizantiýa goşuny

**Ýustinianyň ýörüşleri.** Ýustinian I-niň maksady Rim imperiýasynyň öňki çäklerini dikeltmekdi. UOl 534-nji ýylda serkerde **Welisariýn**i Demirgazyk Afrikada ýerleşip döwlet düzen we Orta deňizde söwda gämilerini talamak bilen meşgullanan wandallara garşy iberdi. Gowy ýaraglanan wizantiýalylar goşuny wandallar korollygyny boýun egdirip, Demirgazyk Afrikany Wizantiýa welaýatyna öwürýärler.

Şundan soň Welisariý Italiýa ýol alýar. Wizantiýalylar Sisiliýa adasyny aňsat eýeleýär. Ýöne Italiýada olar ostgotlaryň berk garşylygyna duçar bolýar. Welisariýe garşy göreşde ostgotlar gaçak gullara azatlyk berip, olardan peýdalanypdyrlar. Wizantiýalylar bolsa tersine, gulçulygy dikeldip, islendik aýby üçin guly berk jezalandyrypdyrlar. Şuňa seretmezden, wizantiýalylar Italiýanyň uly bölegini boýun egdirip, paýtagty **Rawenna** bolan aýratyn naýyplyk düzýärler.

Italiýadaky urşuň soňunda Ýustinian I Ispaniýa hem goşun iberdi. Ispaniýada westgotlar hökümdardy. Olaryň goşunyny ýeňen Wizantiýa günorta welaýatlary eýeläp, Gibraltar bogazynyň üstünden gözegçiligi ýola goýýar.

**Wizantiýada feodal gatnaşyklaryň şekillenmegi.** Wizantiýa VI asyryň ortalaryndan slawýan taýpalary gelip ornaşyp başlady. VII asyrda Arap halifatlygynyň hüjümleri netijesinde wizantiýalylar Siriýany we Müsüri hem elden giderýär.

Wizantiýanyň oba hojalygynda erkin daýhanlar garyplaşyp, tabyn bolmaklyk dowam edýär. Obada emläk taýdan gatlaklara bölünme prosesi güýçlenip, iri ýer eýeleri – feodallar hem-de ýersiz daýhanlar taýpalary peýda bolýar.

X–XI asyrlarda imperatorlar emeldarlara, ybadathanalara we monastyrlara ençeme emläkleri peşgeş beripdirler. Mälim wagt geçip Wizantiýada hem feodallar galalar gurup, harby bölümleri düzýärler. Feodallar häkimiýetiniň güýçlenmegi we merkezi häkimiýetiň gowşamagy IX–XI asyrlarda ýer eýeçiligi gatnaşyklarynyň üzül-kesil ornaşdyrylmagyna getirýär.

?!

1. Wizantiýa imperiýasy nähili emele gelipdir?
2. Wizantiýanyň haýsy şäherleri iri söwda we hünärmentçilik merkezleridi?
3. Imperator häkimiýeti nähili amala aşyrylýar?
4. Ýustinian I döwri barada hekaýa edip beriň.
5. Derslikdäki 22, 23-nji suratlara garap, hyýalyňyza nähili pikirler geldi?

## 7-§. SLAWÝANLAR WE OLARDA DÖWLETLERIŇ EMELE GELMEGI

**Slawýanlar.** Ýazuw çeşmelerinde wizantiýaly taryhçylar «slawýanlar» adalgasyny VI asyrdan başlap ulanypdyrlar. Ýöne slawýan taýpalary grek-rim taryhçylarynyň eserlerinde, germanlar bilen bir wagtda, mil. öňki II–I asyrlarda agzalýar.

VI–VII asyrlara gelip, slawýanlar günbatarda Elba derýasyndan, gündogarda Wisla derýasyna çenli, demirgazykda Baltik deňzinden, günortada Dunaý derýasyna çenli uzap giden çäklerde ýaşapdyrlar. Soňky asyrlarda olar üç topara: **günbatar, günorta** we **gündogar slawýanlar**a bölünipdir.



**24-nji surat.** Gündogar slawýanlar durmuşyndan

**Günbatar slawýanlar** – çehler, polýaklar we slowaklar.

**Günorta slawýanlar** – bolgarlar, serbler, horwatlar, slowenler, çernogorlar, makedonlar we bosniýalylar.

**Gündogar slawýanlar** – ruslardan, ukrainlerden, beloruslardan ybarat.

**Slawýanlaryň kärleri.** Slawýanlar gadymdan ekerançylyk bilen meşgullanypdyrlar. Wizantiýa taryhçysy **Mawriki**niň ýazmagyna görä, daýhanlar sümmülli ekinlerden köpräk arpa we taryk ekipdirler. Olar ýygnalan gallany aýratyn ammarlarda saklapdyrlar. Milady asyryň başlaryndan slawýanlar öý maldarçylygy we hünärmentçilik bilen ham meşgullanyp başlapdyrlar. Wisla, Dnepr, Dunaý, Elba derýalarynyň boýlarynda ýaşan ilatyň hojalygynda balykçylyk hem ösüpdir.



**25-nji surat.** Bolgar hany Asparuh

**Jemgyýetçilik düzüm we din.** Slawýanlaryň jemgyýetçilik düzümi germanlaryňka meňzeş. Olar taýpalara we uruglara bölünip ýaşapdyrlar. Ýazuw çeşmelerinde halk ýygnaklary («weçe»), knýazlar, harby družinalary, slawýanlaryň alyp baran uruşlary barada maglumatlar duşýar.



**26-njy surat.** Knýaz Waslaw

Wizantiýa taryhçylarynyň ýazmagyna görä, slawýanlar azatlyk söýüji, edermen, söweşiji bolmak bilen birlikde, parahatçylyk söýüji, goňşularyna görä dostlukly gatnaşyga taýýar taýpalar bolupdyr.

Slawýanlaryň dini düşünjeleri tebigatyň güýçlerine we öz eždatlarynyň ruhlaryna uýmak görnüşinde bolupdyr. Ilatyň arasynda jynlar, suw perileri we başga legendar keşplere uýmak hem saklanypdyr.

**Slawýan döwletleriniň emele gelmegi.** Halklaryň beýik göçüşler döwründe Itil (Wolga) derýasynyň basseýninde ýaşan türki bolgar taýpasy günbatara göçüp, häzirki Balkan ýarymadasyndaky Bolgariýa baryp ýerleşýär. Slawýanlar ýaşan çäkdäki ilkinji döwlet **Bolgariýa patyşalygydyr.** Ol Balkan ýarymadasynda VII asyryň ahyrlarynda düzülen**.** IX asyryň başlaryna gelip iri döwlete öwrülýär. **Simeon** döwründe (893–927) ol öz kuwwatynyň ýokary derejesine ýetdi. Şondan soň, Bolgariýa güýçden gaçyp, soňluk bilen goňşy Wizantiýa tarapyndan basyp alynýar.

**Bolgariýa patyşalygy** — Balkan ýarymadasynda türki dilli bolgarlar hany Asparuh (643–701) tarapyndan esaslandyrylan döwlet.

**Çehiýa döwleti.** Ýerli slawýan taýpalary Wltawa derýasynyň basseýninde ýaşan çeh taýpalaryna boýun egipdir (rowaýata görä, olaryň gadymky ýolbaşçysyny **Çeh** diýip atlandyrypdyrlar). Taýpa bileleşiginiň başynda **Prjemislowiçler** maşgalasyndan bolan knýazlar durupdyr. Olar ýygy-ýygydan ellerine ýarag alyp öz ýerlerini duşmanlardan gorapdyrlar.

Knýaz **Waslaw** (920–935) ýaşlygyndan hristian dogmalary boýunça terbiýelenen, soňluk bilen bar güýjüni diniň Çehiýada ýaýylamgyna beripdir. Ýöne knýazyň hristiançylyga görä beýle hormat-yzzaty ençeme çehlere ýakmandyr. Käbir knýazlaryň pitnesi sebäpli dogan inisi ony haýynçylykly öldüripdir. Ýyllar geçip Waslawy çehleriň milli keramatlysy, çeh döwletiniň howandary hökmünde hormatlap başlapdyrlar.

?! **Çehiýa döwleti** X asyryň başlarynda döredi.

Rim papasyna garşy agyr göreşde oňa kömek beren çeh knýazyna german imperatory XI asyryň ahyrynda korol derejesini gowşurypdyr. Çehiýa korollary german häkimiýetini resmi taýdan ykrar etse-de, öz ýurtlarynda garaşsyzdylar.



**27-nji surat.** Meşko I

**Polşa döwleti.** Gnezno töwereklerinde ýaşan polýak slawýan taýpalary geljekki Polşa döwletini esaslandyrýar. Soňluk bilen şu taýpalar bileleşiginiň adynda emele gelen knýazlyk Polşa diýip atlandyrylypdyr. Ýyl ýazgylaryna görä, knýazlygyň legendar esaslandyryjysy **Piast** atly garyp adam bolupdyr. Ýöne resminamalarda ady agzalýan Piastlar dinastiýasynyň birinji knýazt **Meşko I** dir. Knýaz Meşko X asyryň ortalarynda Wisla derýasynyň basseýninde polýak taýpalaryny birleşdirip, Polşa döwletini esaslandyrypdyr. Ol öz goşuny bilen hristiançylygy kabul edipdir.

**Meşko I** X asyryň ortalarynda Polşa döwletini esaslandyrypdyr.

Meşko I-niň ogly **Boleslaw Hrabryý** döwründe polýak taýpalaryny birleşdirmek işi tamamlanýar. Ol güýçli goşun bilen Morawiýany we Çehiýany basyp alýar. Gysga möhletleýin Kiýewi hem eýeleýär. **Boleslawyň** goşunlary Polşanyň özbaşdaklygyny saklap galmak üçin german imperatorlaryna garşy göreşýär. Boleslaw Hrabryý bu uruşda ýeňiş gazanýar we öz ýurdunyň araçägini giňeldýär.

?!

1. Kartadan üç slawýan taýpalary toparlary ýaşan çäkleri tapyp görkeziň.
2. Slawýanlaryň hojalyk kärlerini sanap beriň.
3. Slawýanlaryň hojalygy, sosial düzüminde we dinlerinde nähili meňzeşlik hem-de tapawutlar bar?
4. Bolgariýa kimiň döwründe ýokary ösüş gazanýar?
5. Knýaz Waslaw Çehiýa döwletiniň taryhynda nähili orun tutupdyr?
6. Polşa döwletini kim esaslandyrypdyr?

## 8-§. GÜNDOGAR SLAWÝANLAR. KIÝEW RUSY

**Gündogar slawýanlaryň ýerleşişi, jemgyýetçilik düzümi.** Gündogar slawýan taýpalary: drewlýanlar, rodimiçler, tiwerler, dregowiçler, wýatiçler, seworýanlar we başgalar irki orta asyrlarda Dnepr derýasynyň basseýninde ýaşapdyrlar. Soňluk bilen hut şu taýpalaryň birleşmeginden Kiýew Rusy döwleti emele gelipdir.

Arheologlar slawýanlaryň ekerançylyk we maldarçylyk bilen meşgullanandyklaryny gazuwlardan tapylan zähmet gurallary, küýzegärçilik enjamlary, latundan we kümüşden ýasalan şaý-sepler arkaly anyklapdyrlar.

Wizantiýada VIII asyrda ýazylan «Ekerançylik kanunlary»na görä, oba obşinasynyň agzalary – erkin daýhanlaryň ýerleri aýratyn bolup, olar bugdaý, taryk, arpa we başga däneli ekinleri ýetişdiripdirler. Taýpalaryň durmuşyna degişli möhüm meseleler halk ýygnagynda – «weçe»de ara alyp maslahatlaşmak bilen çözülipdir. Slawýanlaryň ýolbaşçylary – atly družinaçylar diňe öz çäklerini goramak bilen çäklenmän, goňşy ülkelere ýörüşler hem gurapdyrlar.



**28-nji surat.** Aga-ini Rýurik, Sineus we Truworlaryň Rusa gelmegi

**Döwletiň emele gelmegi.** Ýyl ýazgylaryna görä, Gündogar slawýan taýpalary warýaglara (skandinawiýaly normannlara) ilçi iberip, olardan özlerine knýaz ibermegini sorapdyrlar. Bu teklibe jogap edip üç aga-ini: **Rýurik**, **Sineus** we **Truwor**lar Rusa gelip, Rýurik Nowgorodda, Sineus Beloozeroda, Truwor Izborskda knýazlyk edýärler. Köp geçmän inileri aradan çykyp, Rýurik ýeke hökümdarlyk edipdir.

Rýurik aradan çykandan soň, ogly **Igor** ýaş bolanlygy sebäpli häkimiýet onuň garyndaşy **Oleg**e geçýär. Onuň dolandyran döwründe Kiýew Rusy taryhynda möhüm wakalar bolýar. **Oleg** 882-nji ýylda öz leşgeri bilen Kiýewi eýeläp, şol bir wagtda **Kiýew Rusy** adyny alan döwleti döredýär.

Oleg we soňky knýazlaryň esasy wezipeleri: Hazar hakanlygynyň zulmundan azat bolmak, gündogar slawýan taýpalaryny birleşdirmegi dowam etdirmek, daşky duşmanlardan döwlet araçäklerini goramak, Wizantiýa bilen bähbitli söwda gatnaşyklaryny ornaşdyrmakdan ybarat bolýar. Slawýan taýpalaryny birleşdirmek syýasaty demirgazykda Ladoga kölünden, günortada Dnepriň guýulýan ýerleriniň Olegiň elinde jemlenmegine mümkinçilik berýär. Oleg Wizantiýa bilen bähbitli şertnama düzýär. Oňa görä, Rus söwdagärlerine Wizantiýada paçsyz söwda etmäge rugsat berilýär.

Igor öz knýazlygyny (912–945) göçme bijanak taýpalaryna garşy uruşdan başlaýar. Düzülen şertnama Konstantinopol tarapyndan ýerine ýetirilmänligi sebäpli Igor Wizantiýa garşy iki gezek ýörüş edýär. Netijede Wizantiýa söweşsiz parahatçylyk şertnamasyny düzüp, uly salgyt töleýär.


**29-njy surat.** Kiýew Rusy hökümdary Olga

Igor 945-nji ýylda drewlýan taýpalary bilen çaknyşykda heläk bolandan soň, onuň aýaly **Olga** ogly **Swýatoslaw** kämillik ýaşyna ýetýänçe Kiýew knýazlygyny dolandyrypdyr. Ol Rus ýagdaýyny harby ýörüşler, basybalyşlar bilen däl-de, ökde

diplomatiýa arkaly ýokarlandyrmaga ymtylypdyr. Olga X asyryň 50-nji ýyllarynyň ortalarynda Konstantinopola sapara baryp, hristiançylygy kabul edýär. Ýöne Olganyň ogly Swýatoslaw täze dini kabul etmekden boýun towlaýar.

**Hazarlara garşy göreş.** Ýyl ýazgylaryna görä, Swýatoslaw 964-nji ýylda 22 ýaşynda knýazlyk tagtyna geçensoň, Gündogara ýörüş başlapdyr. Ol Itil (Wolga) we Don derýalarynyň aralygynda dörän Hazar hakanlygyny ýeňip, paýtagty **Itil** şäherini eýeläpdir. Soňluk bilen Swýatoslaw Bolgariýa, göçme bijanaklara, Wizantiýa garşy uruşlar alyp barypdyr.

**Hristiançylygyň kabul edilmegi.** Swýatoslawyň mirasdüşerleriniň arasyndaky göreşiň soňunda **Wladimir** (980–1015) tagty eýeleýär. Ilki ol slawýan taýpalarynyň gozgalaňyny basyp ýatyryp, Kiýew Rusy araçäklerinde täze goranma galalaryny gurdurýar. Şundan soň knýaz Dunaýyň boýlarynda ýaşan bolgarlara garşy harby ýörüş guraýar. Emma rus taryhynda Wladimir basybalyjy däl, eýsem 988-nji ýylda ruslary hristian dinini kabul etdiren hökümdar hökmünde gadyrlanýar. Wladimir ýerli knýazlar dinastiýalaryny ýatyryp, olaryň ýerine ogullaryny naýyplyga belläpdir. Ýöne knýazyň uly ogly Nowgorod naýyby **Ýaroslaw** Kiýewe paç tölemekden boýuntowlapdyr. Wladimir oňa garşy ýörüşe taýýarlanýan wagtynda aradan çykypdyr.


**30-njy surat.** Beýik knýaz Wladimir

Tagt üçin göreşlerde ýeňip çykan Ýaroslaw (1019–1054) dolandyryşy Kiýew Rusunyň gülläp ösen döwri bolupdyr. Täze knýaz döwründe Kiýewiň bosagalarynda peýda bolan bijanak taýpalary üzül-kesil ýeňilip, ýeňşiň şanyna Kiýewde keramatly Sofiýa ybadathanasy gurlupdyr.

Ýaroslawyň döwründe Rusuň Ýewropa ýurtlary bilen gatnaşyklary ösüpdir.

Ýewropa döwletleriniň hökümdarlaridan ýene haýsysy ýylnamalar ýazyp barmagy buýrupdyr? Ýylnamalar düzüp barmak näme üçin gerek bolupdyr?



**31-nji surat.** Ýaroslaw huzurynda ilata «Rus hakykaty» okaýar



**32-nji surat.** Kiýew Rusunyň atly söweşijileri

**Kanunçylyk.** Danyşment adyny alan Ýaroslaw döwründe rus ýerleriniň ilkinji ýazuw kanunlary toplumy – **«Rus hakykaty»** düzülipdir.

«Rus hakykaty»na raýatlyk we jenaýat işleri boýunça kanunlar girizilipdir. Mundan daşary, ondan şol döwrüň rus jemgyýetiniň jemgyýetçilik gatnaşyklary, adatlar, däp-dessurlar boýunça maglumatlar hem orun alypdyr. Agyr jenaýatlar üçin ölüm jezasi bellenipdir. Ýöne «Rus hakykaty»ndaky köp maddalarda jerime tölemek nazarda tutulypdyr.

**Kiýew Rusy we jypjaklar.** Göçme gypjaklar XI asyryň ortalarynda Ýaýyk derýasyndan Dunaýa çenli bolan çäkleri eýeläpdir. Olar zerur wagtda on müňlerçe söweşijileri hatara goýup, Rus knýazlarynyň ýerlerine talaňçylykly basybalyşlary gurapdyrlar. Rus knýazy **Wladimir Monomah** (1113–1125) ilkinji gezek gypjak hanlarynyň goşunyny ýeňýär. Onuň döwründe uruşlar gypjaklar ýaşaýan çäklere göçýär. Ýöne Monomah aradan çykandan soň gypjaklar güýçlenip, Kiýew Rusy syýasy dagynyklyk basgançagyna girýär.

?!

1. Kiýew Rusy nädip döräpdir?
2. Oleg, Igor, Swýatoslawlar knýazlygy döwründe döwletiň esasy wezipeleri näme hasaplanypdyr?

3. Kiýew Rusy döwletiniň başlangyç we ösen döwürlerdäki (XI asyr) üstünliklerini hem-de meselelerini deňeşdirip beriň.

## 9-§. ÝEWROPA HALKLARYNYŇ MEDENIÝETI



**33-nji surat.** Alkuin

**Franklar imperiýasynda medeniýet.** Beýik Karl öz döwletinde täze magaryf ulgamyny döredýär. Korolyň permanyna görä halk mekdepleri girizilýär. Oňa görä, mekdepler ybadathanalaryň ýanynda guralyp, ruhanylara ýönekeý halk perzentlerini mugt okatmak buýulypdyr. Köşkde-de mekdep guralyp, onda Karlyň ýakyn dostlary, alymlar – köşk akademiýasynyň agzalary sapak beripdir. **Köşk akademiýasy** antik döwür awtorlarynyň eserlerini öwrenmek, goşgy ýazmak bilen meşgullanypdyr. Olardan biri taryhçy-monarh **Eýngard** eserinden biz Beýik Karl durmuşy we alyp baran işleri baradaky maglumatlary alýarys. Eýngardy döwürdeşleri ylma teşneligi we tutanýerliligi sebäpli «*zähmetsöýer garynja*» diýip atlandyrypdyrlar. Köşk akademiýasynyň ýene bir agzasy **Alkuin** we onuň şägirtleri aň-bili ýaýratmakda uly hyzmat edipdir.

**Wizantiýa medeniýeti.** Orta asyrlarda Wizantiýa özboluşly ýokary medeniýeti bilen Ýewropanyň iň öňdebaryjy ýurdy bolmagynda galýar. Sebäbi, german taýpalarynyň basybalyşlary netijesinde krizise duçar bolan Günbatar Rimden tapawutlylykda, Wizantiýada antik medeniýet däpleri saklanyp, wizantiýalylaryň durmuşynda grek hem-de Gündogar medeniýetleri aralaşmagy — **ellinizm** möhüm orun tutupdyr.

Ylym-bilim iň ösen şäher, «ylymlaryň enesi» – **Afina**dy. **Platon** (mil. öň. IV asyrda) **Afina akademiýasy**ny esaslandyran. «... Platon esaslandyran bu ylmy mesgen müň ýyldan gowrak döwrüň dowamynda diňe bir grek däl, eýsem bütin Gündogardyr Günbatar äleminiň ösüşine güýçli täsir edýär,

adamzat ösüşiniň geljegini kesgitleýär. Şu sebäpli-de Platon Gündogar ylym-biliminde «ustodi awwal», ýagny birinji mugallym diýen hormatly at bilen şöhrat gazanýar»[2].

Wizantiýanyň ykdysady ösüşiniň zerurlyklary täze okuw we ylmy merkezleri emele getirýär. Konstantinopolda IX asyrda **Magnawr ýokary mekdebi**, XI asyryň ortalarynda hukukşynaslyk we filosofiýa fakultetlerinden ybarat uniwersitet açylýar. Ýokary lukmançylyk mekdebi hem işleýärdi.



**34-nji surat.** «Grek ody»

Wizantiýada taryh, geografiýa we tebigy ylymlar hem ösüpdir. Orta asyrda Wizantiýa şöhrat getiren çüýşeçilik, küýzegärçilik, reňkleri taýýarlamagyň syrlary antik döwürden saklanypdyr. VII asyrda oýlanyp tapylan «*grek ody*» Wizantiýanyň deňiz söweşlerinde üstünlik getiripdir.

Taryhçylar özleri gatnaşan wakalary jikme-jik beýan edýärdiler. Geograflar bolsa karta we şäher çyzgysyny çyzýardylar. Şol wagtlarda Ýewropanyň başga böleginde beýle işler edilmändi.

**«Grek ody»** zyňylýan ýanyjy madda bolup, ony nebit, kükürt, selitra, dürli garaýaglaryň saryndysyndan taýýarlanyp, Wizantiýa harby gämilerinde ulanylypdyr.

**Şekillendiriş sungaty we binagärçilik.** Wizantiýa medeniýetiniň iň meşhur ugry şekillendiriş sungaty: **mozaika**, **freska** we **ikonalar** ýasamak bolupdyr.

**Mozaika** (fransuzça, **mosaique** – muzalara bagyşlanan**)** – meňzeş ýa-da dürli çig mal (plita, daş, agaç, mermer we metal) böleklerinden işlenen teswir, nagyşly monumental bezeg sungatynyň esasy görnüşi.

[2] Islam Karimow. Yuksak ma’naviyat – yengilmas kuch. T.; «Ma’naviyat», 2008, 161-s.

Teswiriň Wizantiýa mahsus stili: suratlaryň utgaşyklygy, reňkleriň öwüşginligi bilen tapawutlanýar. Suratçylar buthana kanunlaryndan, talaplaryndan gelip çykyp, hyýaly däl, eýsem janly adamlary şekillendirmäge ymtylypdyrlar. **Hori monastyry** (häzirki Stambuldaky Kahriýa metjidi) mozaikalary we freskalary bilen öz döwrüniň ajaýyp binagärçilik ýadygärliklerinden hasaplanýar.



**35-nji surat.** Keramatly Sofiýa ybadathanasy

Ýustinian I döwründe Konstantinopolda gurlan Keramatly Sofiýa ybadathanasyny, hiç şübhesiz, irki orta asyrlaryň iň mahabatly binagärlik desgasy diýmek mümkin. Onuň ullakan gümmezi 40 sany äpişgesi gül desseleri bilen gurşalan. Dürli daşlar we aýna parçalaryndan ýasalan örän ajaýyp mozaikalar ybadathananyň diwarlaryny bezäpdir.

X–XI asyrlarda gönüburçly ybadathanalaryň ýerine haçsypat, ortasy haç gümmezli ybadathanalar gurlupdyr .

Ybadathanalar bir wagtda asudalyk we hudaýyň dergähi hasaplanypdyr. Olar bezelende buthana kanunlaryna berk amal edilipdir. Isa pygamber, Bibi Merýem, keramatlylaryň we «Bibliýa» peýzažlary teswirlenipdir. Hristian dinine degişli sungatyň maksady ölenden soň jennetiň rahatlyklaryna nädip ýetmegiň ýollaryny dindarlara wagyz etmekdi.

Orta asyr Ýewropasynyň esasy medeniýet ýaýradyjysy Wizantiýa bolupdyr: onuň ussalary, hudožnikleri, binagärleri başga ýurtlara teklip edilip durlupdyr, şonuň ýaly-da, ussalaryň we alymlaryň elinde Ýewropa ýaşlary bilim alypdyrlar.

Günbatar Ýewropada hem irki orta asyrlarda ybadathanalar, monastyrlar gurluşygyna aýratyn üns berlipdir. Binagärçilikde **roman stili,** aýratynam, rowaçlanyp, onda ybadathanalar ullakan, gözel diwarlary, gümmezleri, galyň



**36-njy surat.** Fransiýadaky Puate ybadathanasy



**37-nji surat.** Orta mekdep mugallymlary

sütünleri, uly bolmadyk äpişgeleri, derwezeleri we gapylary arkaly edip gurlanlygy bilen tapawutlanýar.

Roman stilinde gurlan iň meşhur binalar: Fransiýadaky **Puate**, **Klýuni**, **Arl** ybadathanalary; Germaniýadaky **Şpeýer**, **Worms**, **Maýnts**, **Ahen**däki buthanalar hasaplanýar.

**Buthana we magaryf.** Günbatar Ýewropada irki orta asyrlar medeniýeti hristian buthanasy bilen aýrylmaz bagly bolupdyr. Buthana ylma, magaryfa, edebiýata we sungata göni täsir edipdir. Şonuň üçin adamlaryň dünýä baradaky düşünjeleri buthana hem-de din taglymatyna esaslanýardy. Başga ýurtlar baradaky maglumatlar ýeterli bolmanlygyndan, ilatyň arasynda dürli toslamalar köp bolardy. Ylmy-tehniki ösüşiň pesligi adamlaryň gurakçylyga, suw joşgunlaryna we ýokançly kesellerden jebir çekmegine getiripdir. Zerurlyk bolmanlygyndan diňe daýhanlar däl, hatda feodallaryň arasynda hem sowatly adamlar kem bolupdyr. Rysarlar gol çekmegiň ýerine köplenç iki çyzyk çekip goýupdyrlar.

Ybadathanalaryň we monastyrlaryň ýanyndaky başlangyç mekdepler aşaky mertebeli ruhanylary taýýarlapdyr. Bular ýaly mekdeplerde latyn dilinden daşary, ybadat etmek we dogalar okamagyň tertipleri hem öwredilipdir.

Uly ybadathanalaryň ýanynda guralan orta mekdeplerde bolsa dünýewi ylymlar hem okadylypdyr. Beýik Karl döwletinde giň ýaýran şu görnüşdäki mekdepler asyrlar geçip uniwersitetleriň açylmagy üçin esas bolupdyr.

Ybadathana mekdeplerinde çagalar ýaşyna garap synplara bölünmezden, garyşyk ýagdaýda okadylypdyr. Köp mekdep-

lerde ýekeje kitap bolupdyr we mugallym ony nobat bilen çagalara berip, parçalar okadypdyr. Dersler latyn dilinde alnyp barlypdyr. Okuwçylaryň gyzyklanmasy hasaba alynmaýar diýen ýalydy. Tertipsiz okuwçylar berk jezalanypdyr.

Mekdeplerde antik döwürden bar «**ýedi erkin sungat**» diýilýän ylymlar öwredilipdir. Okuwçylar ilki **triwium** – grammatikany, dialektikany we ritorikany özleşdiripdirler.

**Grammatika** – dilşynaslyk ylmy, çagalara okamagy öwredipdir.
**Dialektika** – häzirki logika meňzeş ylym bolup, onda okuwçylar çekişme guramaga, öz pikirini subut etmäge öwredilipdir.
**Ritorika** – goşgy, çeper eserler ýazmagy, oratorlyk sungatyny, hukuk esaslaryny öwredipdir.

Beýlekilerden çylşyrymly ylymlar düzümi – **kwadriumda** okuwçylar: arifmetika, geometriýa, saz we astronomiýa esaslaryny özleşdiripdirler. Astronomiýa orta asyrlarda meşhur bolan astrologiýa – münejjimlige degişli maglumatlar girizilipdir. Münejjimler planetalara we ýyldyzlara garap adamlaryň ykbalyny aýdyp bermäge çalşypdyrlar.

**Golýazma kitap sungaty.** Iri monastyrlarda monah-hatdatlar işleýän skriptoriýalar (ussahana) bolupdyr. Irki orta asyrlarda kitap seýrek we gymmat önüm hasaplanypdyr. Ýewropada olar pergament – mahsus işläp taýýarlanan derilere ýazylypdyr. Listler pugta ýüpler bilen tikilip, agaçdan ýasalypdyr we deri çekilen jiltlerde saklanypdyr. Käte jiltler gymmatbaha daşlar, metallar bilen bezelipdir. XII asyra çenli kitaplar monastyrlaryň kitaphanalarynda saklanypdyr.

**Slawýan ýazuwunyň döredilmegi.** Köp slawýanlar, şol sanda, Kiýew Rusy ilaty Wizantiýadan hristiançylygyň prawoslawiýe mezhebini kabul edipdir. Täze diniň girizilmegi dini kitaplara zerurlyk döredip, slawýan ýazuwunyň döredilmegine itergi bolupdyr.



**38-nji surat.** Kiýew. Keramatly Sofiýa ybadathanasy. XI asyr

Monah alymlar – Kirill we Mefodiý – IX asyryň ortalarynda grek elipbiýi esasynda slawýan ýazuwuny döredip, günbatar slawýanlaryň arasynda hristiançylygy giň wagyz edipdirler. Olar grek dilindäki dini eserleri soňluk bilen «kirillisa» diýip at alan ýazuw arkaly slawýan diline terjime edipdirler. Şu ýazuw Bolgariýadaky Rus ýerlerine ýaýrapdyr.

Ýaroslaw döwründe Rusda magaryf ýokarlanyp, Wladimir döwründe Kiýewde hristian ruhanylary taýýarlaýan okuw edarasy döredilen bolsa, Ýaroslaw Nowgorodda üç ýüz ruhany taýýarlaýan bilim edarasyny açypdyr. Knýaz döwründe ilki Kiýewde, soň Nowgorodda ýyl ýazgylary düzülip başlaýar.

?!

1. Internet arkaly ýa-da «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi»nden grekleriň Platon akademiýasyndan daşary ýene nähili akademiýalary bolandygyny anyklaň.
2. Temada getirilen Wizantiýada ösen şekillendiriş sungaty görnüşlerini 35, 38-nji suratlara nähili gatnaşygy bardygyny aýdyp beriň.
3. Siziň pikiriňizçe, orta asyrlar gadymky grek-rim mekdepleri bilen häzirki mekdepleriň arasynda nähili meňzeş we tapawutly taraplary bar?
4. Latyn we kirill ýazuwlaryny 6-njy synp taryh dersliginiň maglumatlary esasynda derňäp, olaryň nähili umumylyga eýedigini görkeziň.
5. Siziň pikiriňizçe, slawýan ýazuwy we Kiýew Rusy medeniýetiniň taryhy kökleri haýsy ýurt bilen bagly?
6. 35, 36 we 38-nji suratlary deňeşdirip, olardaky umumy we tapawutly taraplary tapyň.

# II BAP. IRKI ORTA ASYRLARDA AZIÝA

## 10-§. ARABYSTAN IRKI ORTA ASYRLARYŇ BAŞYNDA

**Arabystan.** Arab taýpalary Arabystan ýarymadasy we oňa utgaşýan çäklerde ýaşapdyrlar. Olar **somiý** (semit) halklaryndan bolup, somiýlere araplardan daşary: musaýylar, assiriýler, finikiýalylar we aramylar hem degişli bolupdyrlar. Bu halklar Gadymky Gündogaryň meşhur döwletleri: Akkad, Babyl, Ysraýyl patyşalyklaryny düzüpdir.

Göçme araplar – bedewiýler (sähraýy) düýeçilik, goýundarçylyk we ýylkyçylyk bilen meşgullanyp gelipdirler. Bedewiýler çöllerde we ýaýlalarda mal bakyp, göçüp gezipdirler.

Arabystanyň günortasyndaky we günbataryndaky oturymly ekerançylyk bilen meşgullanýan ilaty saýlarda we derelerde, guýularyň boýlarynda hurma baglary we üzümzarlar döredipdirler. Edil şu ýerlerden Wizantiýadan günorta, Afrika we Hindistana barýan kerwen ýoly geçýärdi. Beýik Ýüpek ýoly geçen ýurtlarda birahatlyk bolan wagtlarynda kerwen ýollary Arabystana süýşýär. Zamanlar geçip bu kerwen ýollarynyň boýunda ilat galalary we şäherler emele gelipdir. Olarda ýaşan ilat bolsa kerwen ýollaryndaky söwdagärler, syýahatçylara hyzmat etmek bilen meşgullanypdyr.

Bu galalardan iň irisi **Mekge** şäheri bolupdyr. Göçmeler harytlaryny şäherlere getirip, ýerli ilatdan däne, mata, gurallara alyş-çalyş edipdirler.

Arabystanyň iň ösen welaýatlary – **Ýemen** we **Hijaz**dy. Ýemen ýerleri önümliligi bilen at gazanan. Onda suw ýeterli bolup miweli agaçly hurma baglary döredilipdir. «Ýemen» arapça «hak», «bagtly» manysyny aňladýar. Rim taryhçylary Ýemene «Bagtly Arabystan» (Arabia felix) diýipdirler.

**Araplaryň ygtykady.** Araplaryň aglabasy butparaz bolupdyrlar. Olaryň dinleri goňşy semit halklarynyň dinleri

bilen ençeme umumylyga eýe bolupdyr. Möhüm ylahlardan biri uruş we hasyldarlyk hudaýy Astar «Daň ýyldyzy» görnüşinde göz öňüne getirilipdir. Aý hudaýy – Sin, ene hudaý – Lat bolupdyr. Gün hudaýy gazaply we heläkçilikli hasaplanypdyr. Araplar tebigy we elde taýýarlanan daş sütünleri hormatlapdyrlar, olary ylahlar öýi we keşbi diýip hasaplapdyrlar.



**39-njy surat.** Arap söweşijileri

**Sosial deňsizligiň peýda bolmagy.** VI asyrda ilat sany köpelip, taýpalaryň arasynda suw çeşmeleri we ýaýlalar üçin göreş güýçlenipdir. Olaryň dürli ylahlara uýýanlary hem taýpalaryň arasyndaky gapma-garşylyklary has-da ýitileşdiripdir. Uruşlarda alnan harby oljalar taýpa serdarlary we harby ýolbaşçylaryň barha baýamagyna getiripdir. Şonuň netijesinde urug-taýpa aristokratlary şekillenip başlapdyr. Bu VII asyryň başlarynda urugçylyk düzüminiň krizisini çaltlandyrypdyr.

Eýran şasy **Hysraw I** Ýemeni 570-nji ýylda basyp almak bilen kerwen ýoly eýranlylara degişli Iki derýa aralygyna süýşýär. Söwdanyň krizisi ähli arap ilatynyň durmuşyny kynlaşdyrypdyr. Bu ýagdaý merkezi Mekge şäheri bolan, esasan kuraýş taýpasy ýaşaýan Hijazda anyk-aýdyň ýüze çykýar.

**Yslam dini we araplaryň birleşmegi.** Emele gelen ykdysady krizis göçme taýpalary täze ýerleri basyp almaga, ýaýlalary giňeltmäge ündeýär. Bu wagtda goňşy Wizantiýa we Eýran ýaly döwletlerde ykdysady durgunlyk, güýçli goşunyň ýoklugy araplara gowy boldy. Emele gelen ýagdaýda täze – yslam dini araplaryň birleşmegine hyzmat edýär.

**Yslam** (arapça, boýun egmek, tabynlyk) – dünýäde giň ýaýran dinlerden biridir. Oňa uýýanlar musulmanlar diýip atlandyrylýar.

Yslam taryhçylary onuň esaslandyryjysy geljekki pygamber **Muhammet** aleýhissalamy 570-nji ýylda Mekgede doglandygyny ýazýarlar. Ol kuraýş taýpasynyň hoşimiýler urugyna degişli, onçakly baý bolmadyk, ýöne Mekge aristokratlaryna ýakyn maşgalada doglupdyr. Muhammet (s.a.w.) entek bäbek wagty ýetim galypdyr. Dogulmazdan öň atasy Abdullah, 6 ýaşlygynda bolsa enesi Omina aradan çykypdyr. Onuň soňky durmuşy babasy **Abdulmutalib** howandarlygy astynda geçip başlapdyr. Babasynyň ölüminden soň Muhammet (s.a.w.) agasy **Abu Talyp** terbiýesinde galypdyr.

Yslam dini çeşmelerinde ýazylmagyna görä, 610-njy ýyldan başlap Muhammet aleýhiwesselleme Allatagaladan wahiý gelip başlaýar. Ol gudratly ýeke-täk hudaýdan, ýagny Allatagaladan özge hiç hili hudaý ýok diýip, özüni resulullah – hudaýyň ilçisi, pygamberi diýip yglan edýär.

**Gurhan** (arapça, kyrat, okamak) – yslam dinine uýýanlaryň mukaddes kitaby bolup, Allatagala tarapyndan Muhammede (s.a.w.) wahiý arkaly ýazylypdyr. Gurhan 23 ýylyň dowamynda ýazylan bolup, 114 süreden ybarat.



**40-njy surat.** Mekge. Käbe

Ilki Mekge kuraýşlary tarapyndan täze din gowy garşylanmaýar. Netijede 622-nji ýylda Muhammet (s.a.w.) öz tarapdarlary bilen **Ýasrib**e (Medinä) gelýär. Bu waka **hijrat** (göçmek) adyny alyp, musulman ýyl hasabynyň başlanýan senesi hasaplanýar.

Ýasrib Muhammedi (s.a.w.) gowy garşy alýar. Musulman bolan medineliler we olara goşulan ençeme arap taýpalarynyň Mekge üçin göreşi üstünlikli tamamlanýar. Şäher söweşsiz alnyp, mukaddes dergähler taýpa dini senemlerinden, aýal hudaýlardan arassalanýar. Mekgedäki **Käbe** musulmanlaryň esasy zyýaratgähine öwürilýär. Muhammet (s.a.w.) arap taýpalarynyň özara uruşlaryny çäklendirip, yslam dinini kabul etmäge çagyrýar. Soňky 10–12 ýylyň dowamynda Arabystanyň şäherleri we göçme taýpalar yzly-yzyna Muhammede (s.a.w.) uýýarlar.

630-njy ýyla gelip araplaryň uly bölegi musulman bolýar. Mekge – yslam dininiň merkezi dünýädäki ähli musulmanlar üçin mukaddes şähere öwrülýär. Netijede yslam dini esasynda Arabystan ýarymadasynda göçme we oturymly taýpalary birleşdirýän bitewi döwlet emele gelýär.

1. Kartadan Arabystan ýarymadasyny görkeziň.
2. Arap taýpalarynyň hojalyk işleri barada aýdyp beriň.
3. Araplaryň esasy käri (maldarçylyk, ekerançylyk, söwda kerwenlerine hyzmat etmek) barada aýdyp beriň.
4. Näme sebäpden araplarda ýeke-täk hudaýlyga esaslanan dine zerurlyk döräpdir?
5. Muhammet pygamberiň (s.a.w.) durmuşy barada nämeleri bilýärsiňiz (rowaýat, hadys)?

Araplarda döwlet emele gelýänçe bar bolan jemgyýetçilik gurluşyny haýsy Ýewropa halklarynda görüpdeňiz? Deňeşdirip aýdyp beriň!

## 11-§. ARAP HALYFATY



**41-nji surat.** Arap halyfaty söweşijisi

**Halyfatyň emele gelmegi.** Muhammet (s.a.w.) aradan çykandan soň onuň ýakyn ýoldaşy **Abu Bekr** (632–634) halyfatla («orunbasar») saýlanýar. Onuň dolandyran döwründe Arabystan ýarymadasynyň ilaty yslamy doly kabul edýär. Soňky halyfa **Omar** (634–644) yslam dünýäsinde özüniň sahylygy, adalatperwerligi we din meselelerinde tutanýerliligi bilen şöhrat gazanypdyr. Onuň döwründe araplar Palestinany, Siriýany, Müsüri we Liwiýany, Eýranyň uly bölegini basyp alypdylar.

**Osman** halyfaty döwründe (644–656) Eýran doly basyp alnypdyr. Arap goşunlary Dagystany eýeläp, Amyderýanyň kenarlaryna çykýar. Osmanyň döwründe Gurhan aýatlary toplanyp bitewi kitap edilýär. Soňky halyfa **Ali** (656–661) hökümdarlygy garşydaşlary bilen dyngysyz uruşlarda geçýär.

Halyfatyň goşunlary VIII asyryň başlarynda Demirgazyk Afrikany doly boýun egdirýär. **Taryk ibn Said** baştutanlygynda araplaryň goşuny 711-nji ýylda soňluk bilen onuň ady bilen atlandyrylan Gibraltar (Jabal at-Taryk – «Taryk dagy» sözünden) bogazyndan geçip, Ispaniýany basyp alýar. Ýewropa ýörüşler **Bordo** şäheriniň bosagalaryna çenli dowam edýär. **Puate söweşi**nde 732-nji ýylda franklaryň hökümdary **Karl Martell** araplary ýeňip, olaryň Ýewropa ýörüşi çäklenýär.

Gündogarda araplar Kawkazaňyrsyny we Orta Aziýany eýeläp, ilaty yslam dinine girizýärler. Halyfatyň Gündogara ýörüşleri Orta Aziýada Talas, Hindistanda Moltona çenli dowam edýär. Netijede, VII–VIII asyryň birinji ýarymynda uly çäkleri eýelän döwlet – **Arap halyfaty** döreýär.



**42-nji surat.** Daşkentde saklanýan halyfa Osmanyň Gurhany

**Halyfatda ýer-mülk gatnaşyklary.** Araplar basyp alan ähli ýurtlardaky ýerler döwletiňki diýlip yglan edilse-de, amalda öňki eýeleriň elinde galýar.

Siriýa we Eýran basyp alnansoň, aristokratlar halyfa basyp alnan ýerleri paýlamak teklibi bilen ýüzlenýärler. Ýöne halyfa Omar ýeri eýelerinde galdyrmagy buýurýar.



**43-nji surat.** 732-nji ýyl, Puate söweşi

Basyp alnan ýurtlaryň hökümdarlarynyň, söweşlerde heläk bolan emeldarlaryň, häkimiýet wekilleriniň ýerleri halyfatyň hazynasyna geçýär. Şeýle ýerler uly meýdanlary düzýär.

Araplar girizen ýer salgydy – **hyraç** hasylyň 1/3 bölegini düzüpdir. Yslamy kabul etmedik baýlardan 48, ortahallardan 24, garyp daýhanlardan we hünärmentlerden 12 dirhemden **jizýa** salgydy alnypdyr. Çarwadan we söwdadan alnan **zekät** 1/40 ülşi düzüpdir. Halyfatda gul zähmeti hem bolupdyr.

**Araplara garşy halk gozgalaňlary.** VIII–IX asyrlarda basylyp alnan ýurtlarda ençeme halk gozgalaňlary bolýar. Yragyň **Kufa** şäherinde 685–687-nji ýyllarda bolan gozgalaňda arap-parslar – garyplar we hünärmentler gatnaşypdyr.

Orta Aziýanyň günortasyndaky Merw oazisinde 747-nji ýylda başlanan **Abu Muslim** baştutanlygyndaky gozgalaňda ilatyň ähli taýpalary gatnaşýar. Gozgalaň Mawerannahry we Horasany öz içine alýar. Abu Muslimiň baştutanlygyndaky gozgalaň netijesinde Ummawiýler hökümdarlygy ýatyrlyp, halyfatda dolandyryş täze dinastiýa **Apbasylar**a geçýär.

Arap halyfaty 630–1258-nji ýyllarda höküm sürüpdir. Onda **Ummawiýler** (661–750) we **Apbasylar** dinastiýalary (750–1258) hökümdarlyk edipdir.

Mawerannahryň merkezi Sogdiýanada 769–783-nji ýyllarda **Mukanna** baştutanlygynda iri halk gozgalaňy bolup geçýär.

Gozgalaňçylar uzak ýyllar arap goşunlaryna garşy üstünlikli göreş alyp barýarlar. Azerbaýjanda 815-nji ýylda **Bobak** baştutanlygyndaky gozgalaň hem 20 ýyldan artyk dowam edýär. Taryhda «***gyzyl köýnekliler***» adyny alan bu gozgalaň gatnaşyjylarynyň şygary aşakdaky ýalydy: «*Kyrk ýyl gul bolup ýaşandan bir gün azat bolup ýaşan makul!*».



**44-nji surat.** Bobak baştutanlygyndaky gozgalaň

Halk gozgalaňlary, uruşlar, häkimiýet üçin göreşler halyfatyň syýasy krizisine sebäp bolýar. Halyfatdan bölünip çykan birinji özbaşdak emirlik 756-njy ýylda Ispaniýada döredi. Ol X asyrdan **Kurdoba** (Kordowa) **emirligi** adyny alýar. IX asyrdan Müsür, Eýran, Mawerannahr we Horason özbaşdaklygy gazanýar. Apbasylaryň elinde diňe Ýakyn Gündogar we Arabystan ýarymadasy galýar. Mongol hany **Huloku** 1258-nji ýylda Bagdady eýeländen soň, Arap halyfatynyň soňuna çykylýar.

?!

1. Halyfatyň ilkinji 20 ýyllik taryhyndan okan we bilenleriňizi aýdyp beriň.
2. Kartadan araplaryň basyp alan ýurtlaryny görkeziň.
3. Halyfatla girýän naýyplyklarda nähili salgytlar girizilipdir? Olardan haýsylary öň hem bolupdyr?
4. Araplara garşy halk gozgalaňlary bolan ýerleri görkeziň we olaryň sebäplerini aýdyň.

## 12-§. HINDISTAN

**Ýurtdaky içki ýagdaý.** Kuşanlar imperiýasynyň krizisinden soň, Hindistanda häkimiýeti eýelän **Çandragupta I** (320–340) guptalar dinastiýasyny esaslandyrýar. Guptalar

döwletiniň paýtagty **Pataliputra** şäheri bolupdyr. IV asyryň soňunda – guptalar imperiýasy gülläp ösýär. Hut şol wagtdan başlap Hindistanda ýer eýeçiligi gatnaşyklary emele gelýär.


**45-nji surat.** Guptalar döwründäki demir sütün. V–VI asyrlar

Hökümdarlar öz ýakynlary – emeldarlaryna, harby baştutanlaryna ýer-mülkler peşgeş beripdirler. Netijede, iri ýer eýeleri gatlagy şekillenýär. Olar daýhanlaryň salgytlary tölemekden daşary, zähmet borçnamalaryny ýerine ýetirmegi-de girizýärler. Irki orta asyrlarda ýurduň ilatynyň kasta-warnalara (taýpa) bölünmegi: brahmanlar, kşatriýler, waýşiler we şudralar saklanyp galýar.

Hindistanda şekillenen jemgyýetçilik gatnaşyklary sap feodal görnüşde bolmazdan, gulçulyk däpleri-de mälim derejede saklanyp galypdyr. Emma gullaryň zähmetinden önümçilikde däl-de, köplenç öý ýumuşlarynda peýdalanypdyrlar. Hojaýyn guly iýmit bilen üpjün etmekden daşary oňa ýylda bir gezek geýim hem alyp beripdir.

**Ýurtdaky syýasy dagynyklyk.** VI asyrda Hindistana çozup giren eftalylaryň hüjümleri astynda guptalar imperiýasy dargap, basybalyjylar ýurduň uly bölegini ele alýar.

VII asyrda Hindistanda bolan Hytaý taryhçysy **Sýuan Szýan**yň ýazmagyna görä, onda 70-e golaý uly-kiçi knýazlyklar bolupdyr. Knýazlar bilen rajalaryň arasynda dyngysyz uruşlar bolup durupdyr. Ele alnan oljalar, ýerler ýeňijileriň arasynda paýlanypdyr. Sowgat edilen ýer meýdany **grass** («bölek» ýa-da «gultum») diýlip atlandyrylyp, ony alan şahs harby gullugy berjaý edip bermeli bolupdyr. Öz maşgalasyna degişli bolmadyk emeldarlara rajalar ýeri mälim möhlete peýdalanmaga beripdirler. Şeýle ýerler **patta** («ýarlyk» ýa-da «ýarlyga alnan ýer») diýlip atlandyrylypdyr. Pattadan aýratyn at gazanan adamlary sylaglamak üçin hem peýdalanypdyrlar. Eýeçilik gatnaşyklarynyň barha pugtalanmagy

bilen patta ýerleri hem nesle geçýän miras emläge öwrülip başlapdyr.

Özara uruşlardan güýçden gaçan Hindistany daşary ýurt basybalyjylary hem talapdyrlar. Hususan-da, Arap halyfatynyň dargamagyndan emele gelen musulman döwletleriniň hökümdarlary XI asyrda Hindistana hüjüme başlaýarlar. Gaznanyň hökümdary **Mahmyt Gaznawy**nyň goşunlary XI asyryň başlarynda ýurduň demirgazygyna 17 gezek basybalyjylykly ýörüşleri gurapdyr. Mälim möhlet geçip Hindistanyň demirgazyk bölegi musulman hökümdarlary tarapyndan doly basyp alynýar.

**Ilatyň käri.** Gündogar halklarynyň ertekilerinde Hindistan legendar baýlyklar ýurdy hökmünde suratlandyrylypdyr. Ýewropada hindi rajalarynyň baýlyklary barada dürli rowaýatlar ýaýrapdyr.

Aslynda, şu baýlyklar halkyň maşakgatly zähmetiniň hasabyna döredilipdir. Daýhanlar derýalardan kanal we ýaplar çykaryp, täze ýerleri özleşdiripdirler we ondan ýylyna 2–3 gezek hasyl alypdyrlar. Hasylly meýdanlarda şaly, pagta, şekerçiňrik, jazlar we çaý ýetişdirilipdir. Asyrlar geçip bu ekinler goňşy ýurtlara hem ýaýrapdyr.

Hindi hünärmentleri öz ussatlyklary bilen şöhrat gazanypdyrlar. Olar tarapyndan taýýarlanan zergärlik önümleri, altyndan we kümüşden ýasalan gaplar Hindistandan daşarda hem ýokary bahalanypdyr. Pil süňkünden, agajyň gaty sortlaryndan ýasalan adamlaryň we haýwanlaryň heýkeljikleri, diňe bir hindi rajalarynyň däl, eýsem daşary ýurt döwletleriniň hökümdarlarynyň köşklerini hem bezäpdir. Agaçdan ýasalan ýönekeý stanoklarda dokmaçylar nepis matalary taýýarlapdyrlar.

**Söwda-satyk aragatnaşyklary.** Hindistanyň günbatarynda ençeme deňiz porty şäherleri bolup, olara daşary ülkelerden dürli zatlar getirilýärdi we, öz nobatynda, hindi hünärmentleri taýýarlan dürli-dürli önümler dünýäniň dürli künjeklerine äkidilýärdi. Iň iri port-şäher **Kalikut** häkimini «*deňiz hojaýny*» diýip atlandyrýardylar. Şäherlerdäki gür ba-

zarlarda ýerli we başga ýurtlardan getirilen zatlar satylýardy. Hytaýdan, Afrikadan, Arabystandan, Orta Aziýadan ençeme söwdagärler mata, zergärlik önümleri, atyrlar, jazlar almak maksadynda hindi şäherlerine gelýärdiler.

?!
1. Hindileriň haýsy warna-kastalaryny bilýärsiňiz?
2. Iri ýer eýeçiliginiň görnüşlerini aýdyp beriň.
3. Ýurtda ýer eýeçiliginiň görnüşlerini düşündiriň. Olar ülkämizdäkiden nämesi bilen tapawutlanýar?
4. Gündogar halklarynyň ertekilerindäki Hindistanyň legendar baýlyklary nämeleriň hasabyna döredilen?

## 13-§. HYTAÝ (IV–X ASYRLARDA)

**Hytaýyň birleşmegi.** Han gul eýeçilik imperiýasy III asyrda krizise duçar bolup, onuň ornunda 3 sany özbaşdak: **Weý, Şu** we **U** döwletleri emele gelýär. Şu wagtdan Hytaýda ýere eýeçilik gatnaşyklary şekillenip başlaýar.

VI asyryň ikinji ýarymynda Türk haksnlygynyň hüjümi howpy Hytaýyň birleşmegine itergi bolupdyr. Ýurdy çäklendirilmedik häkimiýete eýe bolan **Suý dinastiýasy** (589–618) wekili dolandyrypdyr. Onuň ygtyýarynda güýçli goşundan daşary, köp sanly wepaly emeldarlary hem bardy. Ýurduň merkezleşmegi dört asyr dowam eden özara uruşlary bes edip, ykdysadyýetiň we medeniýetiň ösmegine getiripdir. Ekin meýdanlary giňelip, ilat sany köpelipdir, söwda-satyk janlanyp, şäherler ösüp başlapdyr. Täze häkimiýet salgytlary tertipleşdirip, pul özgertmesini geçiripdir.

III asyrda Hytaýda ýer eýeçiligi gatnaşyklary şekillenip başlaýar. Suý dinastiýasy (589–618) döwründe Hytaýda merkezleşme ahyryna ýetdi.

Ýurduň welaýatlarynyň arasyndaky ykdysady aragatnaşyklary pugtalandyrmak, Huanhe we Ýanszy derýalarynyň

arasyndaky çäkleri söwda-satyk gatnaşyklaryna çekmek maksadynda – **Beýik kanal** gurulýar. Bu çäre ýurt möçberinde bitewi suw ýolunyň gurulmagyndan daşary, gündogar welaýatlaryň deňze çykmaga şert döredýär. Ýöne Suý dinastiýasynyň dolandyryşy uzak dowam etmeýär.

Hytaýyň demirgazyk-günbataryndaky ýerli häkimlerden biri **Li Ýuan** 618-nji ýylda tagty eýeläp **Tan dinastiýasy**ny (618–907) esaslandyrýar.



**46-njy surat.** Imperator Li Ýuan

**Ýer eýeçiligi gatnaşyklary.** Tan imperiýasy dolandyran döwründe Hytaýdaky ähli ýerler döwletiňki diýip yglan edilýär. Ýurduň ähli çäklerinde daýhanlara kiçi-kiçi ýer meýdanlary kärendä berilýär. 624-nji ýylda kabul edilen kanuna görä, her bir hojalyk öý-howlusy ornundan daşary 80 mu çenli **(1 mu – 6 sotik)** sürülýän ýeri kärendä almak hukugyna eýe bolýar. Her bir maşgala öz bagynda miweli daragtlardan daşary, tut ösdürmegi mejbury edip goýulýar. Täze kanuna görä, daýhan öz howlusyny we mellegini satmagy, girewe goýmagy mümkindi. Emma döwlet tarapyndan bölünip berlen ýeri satmak gadagandy. Döwletden alnan ýeriň hasabyna daýhan dürli salgytlary tölemekden daşary, zähmet borçnamasyny hem ýerine ýetiripdir. Hususan-da, çeşmelerde Laýan Beýik kanaly gurluşygyna 2 million, Beýik Hytaý diwaryny gurmaga we abatlamaga 1 milliondan artyk adam çekilendigi barada ýazylan.

Imperator öz leşgerbaşylaryna, emeldarlaryna we aristokratlara iri ýer meýdanlaryny beripdir. Şol sanda, käbir emeldarlaryň mertebelerine: derejelerine we wezipelerine garap 500-den 10 müň mu çenli ýer bilen sylaglapdyrlar. Çeşmelerde aýratyn hyzmatlary üçin harby ýa-da emeldara 300-den 6 müň mu çenli ýer berlendigi barada ýazylan. Imperator sowgat eden ýerler salgytlardan azat edilipdi.

**Şäherler, hünärmentçilik we söwda.** Hytaýda VI asyrdan başlap şäherler ençeme ýokarlanýar. Araçäk çäklerinde täze şäher-galalar gurlup başlaýar. Deňiz we derýa portlarynda, çig mal köp ýerlerde, söwda-hünärmentçilik ýokarlanyp, täze şäherler emele gelýär. Beýik kanal hem-de deňiz kenarlary boýunça, VII asyrda **Hançžou**, **Kaýfin**, **Ýançžou** şäherleriniň ýokarlanmagy hem söwda-satyk we hünärmentçiligiň ösmegi bilen baglydy. Şu proses kanunlary güýçlendirmegi talap edip, Tan imperatorlary şäherlerde gijesine köçä çykmagy gadagan edýär. Gijesine şäheriň derwezeleri ýapyp goýlan; şäheriň diwaryndan aşyp geçenler 70 gamçy urmak girizilipdir. Elbetde, bu çäreler şäherlerde parahatçylyk-asudalygy, emläk eldegrilmesizligini saklamaga gönükdirilipdi.

VII–VIII asyrlarda Hytaýda dag-känçilik pudagy, keramika we toýun önümleri öndürmek hem ösüpdir. Şäher hünärmentleri kärdeşler bileleşigini (sehleri) düzüp, mälim kärdäki hünärmentler aýratyn köçelerde we kwartallarda ýerleşip başlapdyrlar.



**47-nji surat.** Tan dinastiýasy döwründäki teňňe

Hytaýyň merkezleşmegi we ykdysady ösüşi söwda-satygyň hem ýokarlanmagyny üpjün edipdir. Iň iri bazar **Ýançžou**da bolup, bu şäher suw we gury ýer söwda ýollary kesişýän ýerde ýerleşipdi. Şu döwürde emele gelen ýarmarkalar hem içki söwdanyň giňelmegine hyzmat edipdir. Hytaýda VII asyrdan ýeke-täk pul – **sýan**yň girizilmegi-de ykdysady ilerlemä hyzmat edipdir. Zikgelenen teňňeleriň ortasynda dörtburç deşigi bolup, ol puly ýüpe düzmek üçin niýetlenipdi.

**Daşary syýasat.** Tan dinastiýasy hökümdarlygy döwründe Hytaý Türk hakanlygyna garşy uruşlar alyp barýar. Imperatoryň goşunlary 640-njy ýylda Beýik Ýüpek ýolunyň üstünde ýerleşen **Gaoçan** döwletini ýeňýär. Şondan soň uýgurlara garşy uzak ýyllar dowam eden uruşlar başlanýar.

Günbatar Türk hakanlygyna garşy 20 ýyldan köpräk dowam eden uruşlar hem Hytaý goşunlarynyň ýeňşi bilen tamamlanýar. Koreýa garşy 668-nji ýylda başlanan uruş, onuň paýtagty **Phenýan**yň alynmagy bilen tamamlanýar.

VII–VIII asyrlarda Hytaý işeňňir daşary syýasat alyp barýp, Türk hakanlygy, Arap halyfaty, Wizantiýa, Ýaponiýa we Hindistan bilen söwda diplomatik gatnaşyklary ýola goýýar.

Täze **Sun dinastiýasy** döwründe (960–1279) Hytaýyň halkara aragatnaşyklary has-da giňelýär. Orta Aziýa, Hindistan, Hindi-Hytaý, deňiz arkaly Ýaponiýa we Indoneziýa bilen söwda-satyk edilip başlanýar.

Irki orta asyrlarda Hytaýda Suý (589–618), Tan (618–907) dinastiýalary hökümdarlyk edipdir.

?!

1. Hytaýda ýere eýeçilik gatnaşyklary haçandan emele gelipdir?
2. Ýurtda daýhanlaryň ýagdaýynyň nähili bolandygyny aýdyp beriň.
3. Hytaýda şäherleriň, hünärmentçiligiň we söwdanyň barha ösýändigini mysallar bilen görkeziň.
4. Tan dinastiýasy hökümdarlary daşary syýasatda nähili üstünlikleri gazanypdyr?

## 14-§. AZIÝA ÝURTLARYNYŇ MEDENIÝETI



**48-nji surat.**
«Baýt ul-hikme»

**Yslam medeniýeti we Orta Aziýa.** Arap halyfaty tarapyndan basylyp alnan ýurtlarda täze – arap siwilizasiýasy emele geldi. Onuň peýda bolmagynda yslam dininiň ähmiýeti örän uludyr.

Günbatar Aziýanyň gadymky ýokary medeniýetli ülkelerine gelen araplar ilki grekler, musaýylar, siriýalylar,

parslar, sogdylara garanda yzagalakdylar. Emma şu halklaryň medeniýetini özlerinde siňdirip, has-da ýokaryrak medeniýetiň emele gelmegine şert döretdiler. Hususan-da, halyfa **Harun ar-Raşid** köşgünde IX asyryň başlarynda «**Baýt ul-hikme**» – «Danyşmentlik öýi» döredilýär.

Bu döwürde takyk ylymlar – matematika, astronomiýa, geografiýa ösüş gazanyp, bu ösüş hünärmentçiligiň we söwdanyň ýokarlanmagyna getirýär. Zamanlar geçip halyfatda oýlanyp tapylan globusdan we usturlobdan (astrolýabiýa) ähli ýurtlarda peýdalanylyp başlanýar. Ýewropa lukmançylygy bolsa XVII asyryň ortalaryna çenli bilim we amaly maslahatlary Orta Aziýada ýetişip çykan beýik alymlar – **Abu Ali ibn Sina** we **Abu Bekr ar-Razy** eserlerinden alypdyrlar.

Watandaşymyz **Muhammet Horezmi** (IX asyr) matematikanyň taryhynda birinji bolup algebra ylmyny esaslandyrýar. Matematikada peýdalanyp başlanan hindi sifrleri soňluk bilen Ýewropa arap sifrleri ady bilen ýaýraýar.

Bagdatda we Damaskda obserwatoriýalar gurlup, olarda çylşyrymly ölçeglerden peýdalanan astronomlar ýer şarynyň meridianyny hasaplap çykypdyrlar. Arap syýahatçylary ýewropalylardan birnäçe asyr öň Hindistanda we Hytaýda, Afrika we Gündogar Ýewropanyň iň çet çäklerinde bolup gaýdýar. **Al-Ma’sudiý**, **Ibn Dast**, **Ibn Fadlan**, **Ibn Battuta** şu ülkeler barada gyzykly eserler ýazyp, kartalaryny düzýär.

**Edebiýat.** Musulman edebiýaty ilki arap dilinde döredilýär. Soňluk bilen X asyra gelip ol pars diline terjime edilip başlaýar. Musulman şygryýeti ýokary derejä ýetip, onuň ençeme görnüşleri şekillenýär.

Söwdagärler we syýahatçylar uzak ülkelerden diňe bir ajaýyp harytlary däl, eýsep ajaýyp başdan geçirmeler barada hekaýalar, özge halklaryň rowaýatlaryny, ertekilerini hem getiripdirler. Olar bu hakda halyfanyň köşgünde, aristokratlaryň oturlyşyklarynda, bazarlarda we köçelerde gürrüň edipdirler. Şu başdan geçirmeler, rowaýatlar we ertekiler esasynda arap edebiýatynyň ajaýyp dürdänesi «**Müň bir gije**» döredilýär.



**49-njy surat.** Kordowa metjidiniň nagyşly şifti (gümmezi)



**50-nji surat.** Kair. Hasan metjidi

**Binagärçilik.** Halyfatda sungatyň ähli ugurlaryna garanda binagärçilik ýokary ösüpdir. Kaşaň köşkler, metjitdir medreseler, galalar gurlupdyr. Granadadaky (Ispaniýa) **Al-Hemra köşgi**, Kordowadaky (Ispaniýa) metjit, Kairdäki **Hasan metjidi**, Buharadaky **Ysmaýyl Samany kümmeti** – araplar döwri binagärçiliginiň dürdäneleri hasaplanýar.

Halyfatyň medeniýetiniň esasy ugurlaryndan ýene biri hatdatlyk – dürs ýazuw sungaty bolupdyr. Hatdatlar ýazmak üçin zerur bolan tekstiň mazmunyna laýyk ýazuwuň dürli stillerini oýlap tapypdyrlar. Gurhany kerimden alnan aýatlar yslam binagärçiligi dürdäneleri bolan binalaryň içki we daşky taraplaryny bezemekde giň ulanylypdyr.

Gündogar medeniýeti Ýewropa medeniýetiniň soňky ösüşine özüniň gowy täsirini ýetiripdir. Soňky asyrlarda ýewropaly alymlar Aziýa ýurtlarynyň matematika, lukmançylyk, astronomiýa, kartografiýa ugurlaryndaky üstünliklerini özleşdiripdirler.

**Sungat.** Mälim bolşy ýaly, yslam dininde janly jandarlary şekillendirmek gadagan edilendigi baradaky dogma giň ýaýran. (Aslynda bolsa hudaýy şekillendirmek, şonuň ýalyda, teswirlenen zatlara sygynmak gadagan edilen). Musulman şekillendiriş sungaty kitaplary bezemek ugrunda özüniň ýokary derejesine ýetipdir. Kitaplara köp sanly adamlary we haýwanlary şekillendirilen bezegler taýýarlanypdyr. Tekst çylşyrymly nagyşlar bilen gurşalypdyr. Ýöne musul-

manlar sungatynyň esasy teswir däl-de, hatdatlyk, ýagny owadan ýazmak bolupdyr. Arap ýazuwy Siriýada aramylar ýa-da arap hristianlary oýlap tapan aramy elipbiýi esasynda döredilipdir. Ol 28 harpdan ybarat bolup, arap ýazuwy çepdan saga däl-de, sagdan çepe tarap ýazylypdyr. Eger hristianlar üçin iň mukaddes teswir haçdaky hudaýyň keşbi bolsa, musulmanlar ony hudaýyň sözünde teswirläpdirler. Sözi mukaddes saýypdyrlar. Musulmanlaryň hatdatlykdaky üstünlikleri haýran galdyryjydyr. Hatdatlar ýazmagyň ençeme usullaryny oýlap tapyp, olardan ýazylýan tekstiň mazmunyna garap peýdalanypdyrlar. Hatdatlyk sungatynyň ýokarlanmagyna Eýran, Horasan, Mawerannahr çäklerinde ýaşan ilat wekilleriniň goşan goşandy çäksiz bolupdyr. Çünki olaryň ählisi haýsy dilde gepleşse-de, arap ýazuwundan peýdalanypdyrlar.

**Durmuş terzi**. Musulmanlaryň durmuş medeniýeti özüniň nepisligi, ýokary datlylygy bilen tapawutlanypdyr. Olaryň käbir taraplary soňluk bilen ýewropalylar tarapyndan kabul edilipdir. Meselem, dürli pasyllarda möwsüme garap geýinmegiň tertibi, oturlyşyklarda tagamlardan ilki suwuk çorbalar, soň etli tagamlar, ondan soň guş eti we iň ahyrynda – süýjüleri saçaga goýmak girizilipdir.

Rim we Wizantiýa döwründen Ýakyn Gündogarda ilatyň hammamlarda ýuwunmaga höwesi uly bolupdyr. Musulmanlar bu adaty özleşdiripdirler. Iri şäherlerde ýüzlerçe hammamlar gurlupdyr. Olar mermerden işlenip, diwarlary mozaika we nagyşlar bilen bezelipdir. Musulmanlar arassaçylyga we päkizelige uly üns beripdirler.

**Hindi medeniýeti.** Hindi alymlary matematika, astronomiýa, lukmançylyk ugurlarynda uly üstünlikleri gazanypdyrlar. Käbir hindi şäherlerinde asman jisimlerini synlamak üçin obserwatoriýalar gurlupdyr. Bu bolsa olara Ýeriň töwerek şekildedigi we öz okunyň daşynda aýlanýandygyny çak etmäge mümkinçilik beripdir. Tebipler çylşyrymly hirurgik esbaplary we agyryny alýan däri-dermanlaryň kömeginde

hirurgik operasiýalary geçirip, mahsus taýýarlanan suwuk we goýy dermanlardan peýdalanylypdyr.



**51-nji surat.** Ajanta ybadathanasyna oýup işlenen surat

Hindi binagärçiligi özüniň reňbe-reňligi bilen tapawutlanypdyr. Orta asyrlarda gurlan ençeme ybadathanalar, köşkler häzire çenli saklanyp galypdyr. Hindistanda uly gaýadaşlaryň ýa-da gowaklaryň içinde oýulyp işlenen ybadathanalar hem bolupdyr. Olardan iň meşhury miladydan öňki II asyrdan – milady VII asyra çenli gowagyň içinde oýulyp işlenen **Ajanta** (Merkezi Hindistan) ybadathanalary toplumydyr. Gadymky binagärler gaýalara oýup işlenen 29 otagdan ybarat ybadathanalary dürli heýkeller, oýma nagyşlar bilen bezäpdirler. Ybadathanalarda hudaýlaryň, adamlaryň we haýwanlaryň daşdan we latundan ýasalan ajaýyp heýkelleri ornaşdyrylypdyr.

**Hytaý medeniýeti.** Iň gadymky ýazuwlardan birini oýlap tapan hytaýlylar, ondan häzire çenli peýdalanýarlar. Hytaýda tebigy ylymlar: matematika, astronomiýadan daşary, geografiýa, taryh ylymlary ýokary ösüpdir. Hytaý imperatorlarynyň köşgünde VIII asyrda alymlaryň ýokary ýygnaklary guralyp, ol soňluk bilen **Hanlin akademiýasy** adyny alýar.

Hytaýlylar X asyrda selitradan **poroh** almagy açyş edipdirler. Ilki feýerwerkde ulanylan porohdan soňluk bilen harby maksatlarda peýdalanyp başlapdyrlar.

Hytaýda taryhy ýyl ýazgylaryny düzmäge aýratyn üns berlipdir. Hususan-da **Sun dinastiýasy** döwrüne degişli 500 jiltli ýyl ýazgylary bize çenli saklanypdyr.

Iri şäherlerde mekdepler açylyp, olarda geljekki emeldarlar taýýarlanýar. Okuwçylardan matematika, grammatikadan daşary, filosofiýany we edebiýaty bilmek talap edilipdir.

Hytaý binagärleri daşdan, agaçdan, mermerden we demirden peýdalanyp, ajaýyp köşkler, ybadathanalar, minaralar we köprüler gurupdyrlar. Suratçylar ýüpekde, kagyzda, agaçda



**52-nji surat.** Tan dinastiýasy döwründe dagda oýup işlenen Budda heýkeli

we daşda özleriniň ajaýyp sungat eserlerini döredipdirler. Diwara surat çekmek ugry aýratynam rowaçlanypdyr.

Pekinde VIII asyrdan başlap «**Paýtagt habarlary**» gazeti çykarylýar. Onda imperatoryň permanlary we iň möhüm wakalar ýazylypdyr. Agaçda oýup ýazylan tekstden köpeldipdirler.

Hytaý tebipleri çylşyrymly hirurgik operasiýalary geçirip, dürli ösümlikleriň şypa beriji aýratynlyklaryny anyklap, olardan däri-dermanlar taýýarlapdyrlar. Hytaýda ilkinji **pantomima** – yşarat teatry döredilipdir. Buddizmiň ýaýramagy diňe bir hytaýlylaryň durmuşyna däl, eýsem olaryň binagärçiligine-de uly täsir edipdir.

?!

1. Näme sebäpden Muhammet Horezmi, Abu Ali ibn Sina ýaly beýik alymlaryň işleri-de «Dünýä taryhy», hem «Özbegistanyň taryhynda» berilýär?
2. Halyfatda ylym-bilimiň haýsy ugurlary ösüpdir?
3. 49, 50, 51, 52-nji suratlary nämeler birleşdirýändigi we nämeler tapawutlanýandygyny deňeşdiriň.
4. Aziýa ýurtlarynyň medeniýetlerindäki meňzeş we tapawutly taraplar barada pikir ýörediň.

Sazçy we aýdymçy Zirýap IX asyrda ýaşap, ençeme täzelik girizipdir. Onuň açyşlaryndan häzire çenli peýdalanýarys. Ol möwsüme garap geýim geýmegi girizipdir. Ýuka çüýşe gap altyn we kümüş gaba garanda amatly we nepisdigini subut edipdir. Dabaralarda saçaga tagam goýmagyň berk tertibini kesgitläpdir: ilki suwuk tagam (çorba ýaly), yzyndan etli tagam, soň öý guşlarynyň eti we ahyrynda süýjüler goýlupdyr.

# III BAP.
# DÜNÝÄ HALKLARY ORTA ASYRLARYŇ ÖSEN DÖWRÜNDE (XI–XV ASYRLAR)

## 15-§. ÝEWROPADA ORTA ASYR ŞÄHERLERI

**Hojalyk ösüşi.** Ýewropada X–XI asyrlarda önümçilik ýokarlanypdyr. Bu, ilki bilen, hünärmentçilikde aýdyň görünýär. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi, ussalaryň ökdeleşmegi hünärmentçiligi ekerançylykdan aýratyn pudaga öwürýär.



**53-nji surat.** Plug bilen ýer sürmek

Ekerançylykda iki meýdanly çalşyryp ekmegiň ýerini üç meýdanly çalşyryp ekmek eýeleýär. Onda ekin meýdany üçe bölünip, birinji bölegine güýzlük, ikinjisine ýazlyk galla ekilse, üçünji meýdan şüdügär halynda galdyrylyp, ýery dynçlyk berlipdir. Bu usulda ýeriň ýarysy däl, üçden iki bölegi ekilip, önüm ýetişdirmegi köpeltmäge mümkinçilik döredýär.

Agyr tigirli pluguň ýaýramagy gallany ekmezden öň ýeri 2–3 gezek sürmek üçin mümkinçilik döredipdir. Boýunturugyň açyş edilmegi bolsa plugy ata goşup ýeri sürmegi çaltlandyrypdyr. Hasyldarlygyň artmagy daýhan hojalygynda artykmaç önümiň köpelmegine we ony hünärmentçilik önümlerine alyş-çalyş etmäge ýol açypdyr.

Dünýä taryhy üçin orta asyrlaryň ösen döwri XI – XV asyrlar hasaplanýar.

Hünärmentler taýýarlaýan önümleriň görnüşi, sany, hili barha artypdyr. Ýöne obada feodal hökümdarlygynyň tä-




**54-nji surat.** Üç meýdanly çalşyryp ekmek

sirinde hünärmentiň azatlygy çäklidi. Netijede olar obalardan gaçyp, öz önümlerini taýýarlamak we satmak mümkinçiligi bolan ýerlere gidip başlapdyrlar.

**Orta asyr şäherleri.** Ýewropada şäherleriň döremegi we ösmegi dürli ýurtlarda dürlüçe bolupdyr. Ilki Italiýanyň we Fransiýanyň günortasyndaky: **Wenesiýa, Genuýa, Florensiýa, Marsel, Tuluza**lar IX–X asyrlardan ösüp başlapdyr. Bu şäherleriň deňiz arkaly söwda ýolunda ýerleşenligi olaryň ösüşinde möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Täze şäherler X–XI asyrlarda Fransiýanyň demirgazygynda, Niderlandiýada, Angliýada we Germaniýada, XII–XIII asyrlarda Wengriýada, Baltikboýunda, Rus ýerlerinde täze şäherler emele gelip başlapdyr. Ýewropa şäherleriniň dürli asyrlarda döremeginiň esasy sebäbi ýurtlardaky sosial-ykdysady ösüşdäki tapawutlar bolupdyr.



**55-nji surat.** Orta asyr şäheri

Şäherler, ilki bilen, howpsuzlyk, duşmanyň hüjüminden goranmaga amatly, galyberse-de hünärmentler özleri ýasan

zatlary satmaga mümkinçiligi bolan ýerlerde döräpdir.

**Şäher durmuşy.** Şäherler köplenç feodallaryň ýerinde emele gelipdir. Ilki feodallar öz ýerlerindäki şäherlere howandarlyk edip, göçüp gelen hünärmentleri salgytlardan azat edipdir. Emma şäherleriň barha ösüp, baýamagy bilen hojaýynlar olardan köpräk girdeji almaga çalşypdyrlar. Feodallar zulmy hünärmentçiligiň we söwdanyň ýokarlanmagyna päsgel berip başlapdyr. Netijede şäherliler senýoryň höküminden azatlyga çykmaga çalşypdyrlar. Köplenç şäherler öz erkinligini tölegiň, puluň hasabyna gazanypdyrlar. Şeýle mümkinçilik bolmadyk ýagdaýda azatlyk üçin gozgalaň ýoly tutulypdyr. Fransiýanyň ençeme şäherlerinde XII–XIII asyrlarda senýorlara garşy göreş bolup geçipdir.



**56-njy surat.** Orta asyrdaky şäher durmuşy

Monastyrda we galalarda ýaşaýanlaryň hünärmentlere zerurlygy, duşman howp salanda gizlenmek mümkinçiliginiň bolmagy olaryň töwereginde şäherleriň şekillenmegine sebäp bolupdyr. Ýewropadaky **Mýunster**, **Sen-Gallen**, **Sen-Denu** şäherleri monastyrlaryň, **Strasburg**, **Gamburg**, **Augsburg** we başgalar feodallaryň galalarynyň töwereginde, **Padeborn**, **Bremen**, **Sweýbrýukken**, **Brýugge**ler derýa kenarlarynyň boýlarynda, köprüleriň ýanynda gurlupdyr.

**Şäherleriň görnüşi.** Ilki şäherler obalardan diňe ilatynyň köplügi bilen tapawutlanypdyr. Şäherleriň töweregi minaraly goranyş diwary, suw doldurylan hendekler bilen gurşalypdyr. Garawul-sakçylar minaralarda gije-gündiz çalşyp durupdyrlar. Duşmandan goranmak maksadynda şäheriň derwezeleri we köprüleri berk demirden ýasalypdyr. Derwezeleriň içinden mäkäm direglenipdir. Gijesi hendekleriň üstündäki köpüler göterip goýlupdyr we şäheriň derwezesi ýapylypdyr.

Şäheriň merkezinde bazar meýdany, onuň ýanynda ybadathana ýerleşipdir. Şäher geňeşiniň binasy – **ratuşa** hem şol ýerde gurlupdyr. Şäheriň kwartallary aýratyn böleklere bölünipdir. Olaryň hersinde mälim kärdäki hünärmentler ýaşapdyrlar.

Şäherdäki öýleriň aglaba bölegi agaçdan gurlupdyr. Olar örän gür gurlan bolup, köplenç bir-birine utgaşyp gidipdir. Köçeler dar, käbirleri inine iki metrden hem geçmändir. Gijesine köçeler yşyklandyrylmandyr, suw turbalary we kanalizasiýa bolmandyr. Çykyndylar hem gönüden-göni köçä taşlanyberipdir. Ilatyň gür ýerleşmegi hem-de arassaçylygyň bolmazlygy ýokanç keselleriň ýygy-ýygydan gaýtalanyp durmagyna, ençeme adamlaryň biwagt ölümine getiripdir. Ýangynlar hem ýüze çykyp, agaçdan gür gurlan öýlerden ybarat köçeler, kwartallar bütinleý ýanypdyr.



**57-nji surat.** Orta asyr şäheriniň köçesi

**Şäher ilaty.** Şäher ilatynyň esasy bölegini hünärmentler, söwdagärler tutupdyr. Iri şäherlerde baý aristokratlar, feodallar, emeldarlar, tebipler, ruhanylar hem ençeme bolupdyr.

Şäher ilatynyň uly bölegi ekerançylyk bilen meşgullanmagy dowam etdiripdirler. Galanyň töwereginde ekin meýdanlary, baglar, bakja hem-de mallar otlaýan ýaýlalar ýerleşipdir.

Orta asyr Ýewropa şäherlerinde ilatyň sany 3–5 müňden geçmändir. XIV–XV asyrlarda hem 20–30 müň adam ýaşan şäherler iri şäherlerden hasaplanypdyr. Iň iri şäherler: **Pariž**, **Konstantinopol**, **Milan**, **Florensiýa**, **Kordowa**, **Sewiliýa**larda 80–100 müň ilat ýaşapdyr.

**Hünärmentçilik we sehler.** Şäher hojalygynyň esasy hünärmentçilik bolupdyr. Hünärment önümçilik iş gurallarynyň eýesi bolup, hojalygyny özbaşdak ýöredipdir. Olar bazarlary öz önümleri bilen üpjün edipdirler. Ähli işler elde

ýerine ýetirilýändigi üçin ussanyň zähmeti örän maşakgatly bolupdyr. Hususan-da, demirçi azalyň dişini taýýarlamak üçin gyp-gyzyl çog bolup duran demri sandalyň üstüne goýup, gerekli şekile gelýänçe ony çekiçläpdir. Belli bir käriň ussalary öz bileleşiklerine – sehlere birleşipdirler.

**Seh** (nemesçe – *Zeche*) sözi şägirdiň ussalyga bagyşlaýan zyýapaty, soňluk bilen bu söz kär ussalarynyň bileleşigine görä ulanylypdyr.

Ussalaryň umumy ýygnagynda hemme üçin mejbury bolan seh düzgünnamasy kabul edilipdir. Düzgünnamanyň talabyna görä önümler diňe mälim nusga boýunça ýasalypdyr. Sehi dolandyrmak üçin saýlanan aksakgal hünärmentleriň düzgünnama amal edilişine, taýýarlanan önümleriň hiline we sanyna gözegçilik edipdir. Düzgünnamada ussanyň stanoklary, okuwçy-şägirtleri, kömekçileriniň sany bellik edilipdir. Şeýle çäreler ussalar üçin birmeňzeş şert döretmek, bäsdeşlige ýol bermezlik maksadynda ulanylypdyr. Taýýar önümleriň nyrhy-da seh aksakgaly tarapyndan kesgitlenipdir.

Köp halatlarda ussanyň 1–2 kömekçisi, birnäçe şägirt-okuwçysy bolupdyr. Olaryň özara gatnaşyklary-da seh tarapyndan gözegçilik astynda bolupdyr. Kömekçilik möhleti käriň çylşyrymlylygyna garap 2–7 ýyl bolup, seýrek önüm ýasamak we ony seh aksakgalynyň synagyndan geçirmek bilen tamamlanypdyr. Meselem, Germaniýada kömekçi sehe – zyýapat gurap, soň ussalyga rugsat alypdyr.

**Şäher durmuşynda sehleriň orny.** Seh öz agzalarynyň baýramlaryny gurap, aradan çykan ussanyň maşgalasyny goldapdyr. Sehler şäheri goramakda, uruş wagtynda onuň goranmasynda aýratyn bölüm hökmünde gatnaşypdyr. Sehleriň öz gerbi, baýdagy, ybadathanasy we käte aýratyn gonamçylygy-da bolupdyr. Ilki önümçiligiň ösmegine hyzmat eden sehler XIV–XV asyrlardan oňa päsgel berip başlapdyr. Şäherlerde ussalaryň barha köpelmegi olar arasynda bäsdeşli-



**58-nji surat.** Orta asyr hünärmenti

gi güýçlendiripdir. Hünärmentleriň we söwdagärleriň arasyndan gurply seh baştutanlary bölünip çykyp başlaýar. Ýewropada sehleriň hem gatlaklara bölünmegi ýüze çykyp: zergärlik, mawutçylyk we başga baý sehler emele gelýär. Bu prosesler **Florensiýa**, **London**, **Bristol**, **Pariž**, **Bazel** ýaly iri şäherlerde başlanýar.

Hünärmentler kömekçileriň ösüp ussalyga geçmegine päsgel berip başlaýar. Netijede 10–12 ýyllap ussaçylyga geçip bilmedik kömekçiler gatlagy emele gelýär. Kömekçiler «**ýaranlyk**» jemgyýetlerini düzüp, öz hak-hukuklaryny, 14–16 sagatlyk iş wagtyny gysgaldyp, zähmet şertlerini gowulandyrmagy talap edipdirler. Çeşmelerde ýazylmagyna görä, XIV–XV asyrlarda **Florensiýa**da, **Perudja**da, **Siena**da, **Kýoln**da şäher garyplarynyň gozgalaňlary bolup geçýär.

?!

1. Ýewropada hünärmentçiligiň oba hojalygyndan bölünip çykmagynyň sebäplerini görkeziň.
2. Şäherleriň emele gelmeginiň sebäpleri nämededi?
3. Ýewropa ýurtlarynda täze şäherleriň peýda bolmak faktorlaryny aýdyp beriň.
4. Orta asyr şäherleriniň durmuşy, görnüşi barada nämeleri bildiňiz? Olaryň Özbegistandaky XI–XII asyr şäherlerine meňzeş we tapawutly taraplaryny düşündiriň.

## 16-§. ORTA ASYRLARDA HARYT ÖNÜMÇILIGINIŇ ÖSÜŞI. BAZARLAR WE ÝARMARKALAR

**Haryt hojalygynyň peýda bolmagy.** Sehler gözegçiligine seretmezden hünärmentler söwda üçin taýýarlan önümleriň sany köpelipdir. Netijede çig mala we oba hojalyk önümlerine talap barha artypdyr. Öz gezeginde, iri ýer eýeleriniň we

daýhanlaryň ýetişdirýän önümleri köpelmeginden bähbitliligi artdypdyr. Öz önümlerini satyp, hünärmentçilik önümlerini satyn alyjylar köpelip başlapdyr. Iri şäherler diňe bir goňşy welaýatlar bilen däl, eýsem daşary ýurtlar bilen hem söwda aragatnaşyklaryny ýola goýupdyr. Irki orta asyrlardaky natural hojalyk öz ornuny haryt hojalygyna boşadyp başlapdyr.

**Haryt hojalygy** – önümleri bazarda satmak ýa-da alyş-çalyş üçin öndürýän hojalykdyr.

Söwdanyň janlanmagy ýollaryň gowulanmagyny talap edipdir. Fransiýada korolyň permanyna görä esasy ýollara daş düşelip başlanypdyr. Derýalaryň üstünde agaçdan we daşdan köprüleri gurmak işleri ýola goýlupdyr.

**Gündogar ýurtlary bilen söwda.** Siriýa, Müsür, Eýran we Orta Aziýa çenli barýan ýewropaly söwdagärler Gündogar bazarlaryndan mata, şaý-sep önümlerini, jazlary satyn alýardylar. Günbatar we Gündogar ýurtlarynyň arasyndaky aragatnaşyklaryň ösmeginde Hytaýdan başlanyp, Orta Aziýadan geçýän Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýeti biçakdy. Bu kerwen ýoly Orta ýer deňziniň gündogar kenaryna çenli barýardy.

Günbatar Ýewropada XIII–XV asyrlarda: Ispaniýany, Italiýany, Günorta Fransiýany deňiz arkaly Wizantiýa hem-de Aziýa ýurtlary bilen baglamak üçin **Lewant**, demirgazykda Baltik deňzi arkaly London, Brýugge, Lýubek, Nowgorod şäherlerini özara baglaýan **Demirgazyk** söwda ýollary hyzmat edipdir.

Demirgazyk söwda ýoly boýunça ýerleşen Germaniýanyň 70-den gowrak şäherleri **Ganza şäherler bileleşigi**ne giripdir.

Lewant ýolunda ýerleşen **Wenesiýa** we **Genuýa**lar güýçli deňiz flotuny düzüp, olaryň söwdadaky bäsdeşligi käte uruşlara-da öwrülipdir.

**Söwdagärler we bazarlar.** Şäherliler öz peýdasyna haryt satmagy, kime karz pul bermegi, nämä pul sarplamagy

gowy bilipdirler. Hysyrdyly söwdagärler baýamak maksadynda uzak we howply syýahatlara çykypdyrlar.

Orta ýer deňziniň kenarlary boýunça italiýan söwdagärleri özleriniň söwda menzilleri – **faktoriýa**lar ulgamyny döredipdirler. Olaryň köpüsi genuýaly we wenesiýalylar bolupdyrlar. Bu deňiz respublikalary ajaýyp söwda we harby flotlaryna eýe bolupdyrlar. Olaryň gämileri Ýakyn Gündogardan Ýewropa gymmatbaha harytlar: ýaýy matalar, keramoko gaplar, dürli jazlar we başga zatlary alyp geçýärdi.



**59-njy surat.**
Marko Polo

Wenesiýaly söwdagärler – Pololar maşgalasynyň wekilleri XIII asyrda mongol hanynyň Aziýanyň içersindäki karargähine ýetip barýar. **Marko Polo** 25 ýyl dowam eden syýahatynyň 17 ýylyny Hytaýy eýelän mongol hany **Hubilaý** köşgünde hyzmatda geçirip, ýewropalylardan birinji bolup bu syrly ülkeleri öz kitabynda häsiýetlendirýär. Ýewropalylar diňe XIX asyrda deňiz arkaly geçip, XIII asyrda Marko Polo syýahat eden ülkeleri öz gözleri bilen görýär. Marko Polonyň kitabyndaky Gündogar ýurtlarynyň legendar baýlyklary 200 ýyldan soň genuýaly deňizçi **Hristofor Kolumb**da şeýle uly täsir galdyrýar welin, ol näme bolanda hem Hindistanyň baý kenarlaryna ýetmäge karar edýär.

Ýewropanyň köp şäherlerinde ilki bazarlar hepdäniň 1–2 gününde bolupdyr. Hemişelik bazarlar diňe iri şäherlerde duşýar.

Haryt çalşygy we söwdanyň ösmegi şäherlerde bazarlaryň gurluşygyna zerurlyk döredipdir. şol sanda, Londondaky birinji ýapyk bazar **Blekuelholl** XIV asyr ahyrynda gurlup tamamlanypdyr. Bazarlar barha belli bir önümleri ýa-da zatlary satmaga ýöriteleşipdir.

**Banklar, ýarmarkalar we biržalar.** Ilkinji banklar XIV–XV asyrlarda Italiýanyň iri şäherlerinde peýda bolupdyr.

**Bank** – (italýança, banko) – kürsi, serrap dükanyndaky oturgyç adyndan alnan.

Ýarmarkalar haryt çalşygynyň giňelmegine hyzmat edipdir. Olary ýokarlandyrmak maksadynda hökümdarlar dürli ýeňillikleri (hususan-da, ýol salgydyny wagtlaýyn ýatyrmak) beripdirler. Ýarmarkalar söwda-satykdan daşary, halk seýilleri, baýramlary merkezine hem öwrülipdir. Onda göçme artistleriň çykyşlary, sahna tomaşalary görkezilipdir. Töwerekdäki obalardan gelen ilat üçin bu tomaşalar, feýerwerkler ýylda bir gezek bolýan gyzykly çäre hasaplanypdyr.

**Ýarmarka** – lomaý söwda, dürli ýurt söwdagärleri gatnaşýan, haryt satylýan we alyş-çalyş ýeriniň ady.

Orta asyrlar Ýewropasynyň iň meşhur ýarmarkasy Fransiýanyň demirgazyk gündogaryndaky **Şampan graflygy**nda (merkezi Reýms şäheri) bolupdyr.

Söwdanyň ýokarlanyp barmagy netijesinde Ýewropada dürli ýurtlaryň söwdagärleri toplanyp, pullaryny çalşyrýan ýerler – **biržalar** emele gelýär.

**Birža** adalgasy Brýugge şäherindäki **«Burse»** myhmanhanasynyň ýakynynda söwdagärler toplanýan ýeriň adyndan alnan.

Birža Brýuggede – 1409, Antwerpende – 1460, Lionda – 1462-nji ýylda döredilipdir.

Şeýdip XI–XV asyrlarda Ýewropada hünärmentçiligiň we söwdanyň ýokarlanmagy bazar, bank, biržalary emele getirdi.

?!

1. Lewant deňiz söwda ýoly we ol baglap durýan ýurt hem-de şäherleri kartadan görkeziň.
2. Demirgazyk deňiz söwda ýollary barada nämeleri ýatda sakladyňyz?

3. Bazar we ýarmarkalar orta asyr şäherleri üçin nähili ähmiýete eýe bolupdyr?
4. Banklar we biržalar nähili emele gelipdir?

## 17-§. AZIÝA ÝURTLARYNYŇ ORTA ASYR ŞÄHERLERI


**60-njy surat.** Deli. Polýar Minar. XIII asyr

**Orta asyr şäherleri.** Gündogar ýurtlary orta asyrlaryň ösen döwrüne dürli wagtda geçipdirler. Bu ýagdaý her bir ýurtda önümçiligiň ösüşiniň dürli derejede bolýandygy bilen düşündirilýär.

Ilki administratiw merkez ýa-da harby galalar hökmünde dörän orta asyr şäherleri, hünärmentçilik we söwdanyň ýokarlanmagy bilen örän çalt ösüpdir.

Aziýanyň iň iri şäherleri: **Çanýan, Laýan, Hançžou, Kamakura, Kioto, Osaka, Deli, Bagdat, Buhara** we **Samarkant**dy. Olarda mekdepler, kitaphanalar açylyp, alymlar, şahyrlar, suratçylar, sazçylar ýaşap döredijilik edipdirler. Aziýanyň şäherleri döwlet ýerlerinde emele geleninden Ýewropa şäherlerinden tapawutlyrak iri ýer eýelerine garşy göreş alyp barmandyrlar.

Aziýanyň iri döwletlerinden biri Hytaýda orta asyr şäherleriniň emele gelmegi we ösmegi IX–XIII asyrlara dogry gelýär. Şäherler Hytaýda imperatora boýun egipdir.

Şäherleriň ösüşine basybalyjylykly uruşlar päsgel beripdir. Şol sanda, Hindistan we onuň şäherleri orta asyrlarda köp gezek basybalyjylykly hüjümlere duçar bolupdyr.

Ýaponiýanyň orta asyr şäherleri budda ybadathanalarynyň töwereginde, aragatnaşyk beketi we ýoluň üstünde, deňziň boýunda, galanyň töwereginde emele gelýär. **Heýýan**

şäheri 1177-nji ýylda ýangyn netijesinde weýran bolýar. Bu şäher gaýtadan dikeldilenden soň **Kioto** adyny alyp ýurduň paýtagtyna öwrülýär. **Kioto** köp asyrlaryň dowamynda Ýaponiýanyň ykdysady, medeni we dini merkezi bolup galýar.

**Şäherleriň durmuşy.** Aziýanyň şäherleri-de özboluşly ösüş ýoluny basyp geçipdir. Şol sanda, Hytaýda XI asyryň özünde şäher gurluşygy ýokary derejä göterilipdir. Imperator we aristokratlar ajaýyp köşkleri gurdurypdyr. Ýurtda agaç ýetmezçiligi sebäpli gurluşykda kerpiçden, toýundan we daşdan giň peýdalanylypdyr.

Hytaýyň iri şäherlerinde Günbatar Ýewropadan tapawutlyrak, durmuş taýdan hyzmat gowy ýola goýlupdy. Ilat toýun turbalar arkaly arassa suw bilen üpjün edilip, şäheri zibil we çykyndylardan arassalamak, ot söndüriş işleri ýola goýlupdyr.

Aziýa şäherleriniň ilaty Ýewropanyňka garanda köpräk bolupdyr. Hususan-da, Hytaýda orta asyrlardan ilat gür ýaşapdyr. XVI asyrda **Pekin**de 1 mln, **Nankin**de ondan hem köp ilat bolupdyr. Eýranyň **Yspyhan, Şiraz** şäherlerinde 200 müňden artyk adam ýaşapdyr.

Emir Temur soltanlygynyň paýtagty **Samarkant** XIV asyryň ahyry – XV asyryň başlarynda ýokarlanyp dünýä tanalýar. Orta asyr şahyrlary we filosoflary Samarkandy «*saýkali roýi zemin*» – ýer ýüzüniň saýkaly, husny, diýip taryplapdyrlar. Gündogar dünýäsinde **Buhara** hem öz ornuna eýe bolup, ol yslam dini, medeniýet, söwda we hünärmentçilik merkezlerinden biri hökmünde şöhrat gazanypdyr.



**61-nji surat.**
Buhara arky

Orta Aziýanyň musulman döwletleriniň şäherleri umumy plan boýunça: merkezinde – **ark**, şäher häkiminiň galasy, onuň töwereginde – **şähristan**, esasy ilat ýaşaýan güzerleri bilen gurlupdyr. Şäheriň töwereginde **rabat** bolup, onda hünärmentleriň güzeri we mähelleleri ýerleşýär. Gündogar şäher gurluşygynda esasy gurluşyk serişdeleri daş we kerpiçden ybaratdy. Hökümdarlar, baýlar öz köşklerini, howlyjaýlaryny bişen kerpiçden we mermerlerden, garyplar bolsa pagsa, laýdan gurupdyrlar. Garyplaryň öýleri pugta, berk bolman, tiz-tiz abatlamaly bolupdyr. Mirasa galdyrylanda, adatda, bozulyp, ýerine täzesi gurlupdyr.

**Hünärmentçilik.** Gündogar hünärmentleri ýüpek matalary, şaý-sep önümleriniň uly bölegini daşary ýurtlara satmak üçin taýýarlapdyrlar.

Aziýa we Demirgazyk Afrika şäherlerinde hem hünärmentçilik sehleri şäherler bilen bir wagtda emele gelipdir. Gündogarda ilki şäher ilaty salgytlardan azat edilipdir. Wagt geçip söwdagärlerden we hünärmentlerden hem dürli salgytlar alnyp başlapdyr. Arap halyfaty, Ýaponiýada, Hytaýda ussa we söwdagärlerden salgytlary seh aksakgallary ýygyp beripdir.

Hytaýda ähli ussalar sehiň agzasy bolmagy mejburydy. Hünärmentçiligiň iň möhüm ugurlary Hytaýda ýokary ösüş gazanypdyr. Hususan-da, diňe hytaýlylar 600–700 adam we ýene ençeme ýük sygýan iri gämiler – **jonkalar**y gurupdyrlar.


**62-nji surat.** Jonka

Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşen Orta Aziýa şäherleri tranzit söwda merkezleridi. Daşary ýurtly söwdagärler Samarkant kagyzyny we matalaryny, Gižduwan küýzegärçilik önümleridir, merwli ussalar matalary we geýimlerini ýokary bahalapdyrlar.

Orta asyrlarda eýranly ussalar parça, ýüpek matalary, ýüň halylary bilen şöhrat gazanypdyr. Eýrandan söwdagärler polatdan ýasalan gural-ýaraglary, mis we kümüş gaplary satyn alypdyrlar.

**Söwda.** Arap halyfaty, Tan imperiýasy we Deli soltanlygy ýaly iri merkezleşen döwletleriň peýda bolmagy söwdany ýokary girdeji çeşmesine öwürdi. Uzak Gündogardan Orta ýer deňzine çenli çäklerde diňe kerwen ýollary arkaly söwda alyp barylmandyr. Pars aýlagy we Gyzyl deňiz arkaly arap, hindi, Hytaý söwdagärleriniň onlarça gämileri ýüzüpdir. Aziýadan tapawutlylykda, Afrikanyň ykdysady yzagalaklygy, ondaky üznüksiz uruşlar, çig mal, duz, altyn, piliň süňki, jazlar, bölekleýin gullar çeşmesine öwrülmegine getiripdir.

Aziýa bazarlary özüniň köp adamly we şagalaňlylygy bilen tapawutlanypdyr. Orta asyr bazarlary köplenç şäher derwezeleriniň ýakynynda ýerleşipdir. Şäheriň içinde kiçijik bazarlar bolup, olar belli bir önümleri satmaga ýöriteleşipdir. Orta Aziýadaky we Eýrandaky iri bazarlar birnäçe söwda hatarlaryna bölünen. Her bir söwda hatary mälim görnüşdäki haryt bilen meşgullanýan söwdagärleri ýa-da dürli kärdäki hünärmentleri birleşdiripdir. Irki orta asyrlardan Bagdatda, Işbiliýa (Sewilýa) we Garnotada (Granada – Ispaniýa) merdikärler (hakynatutma işçiler) bazarlary bolupdyr.



**63-nji surat.** Aziýa bazary

Gündogar bazarlarynda hünärmentçilik ussahanalary, dükanlary hem ýerleşipdir. Kä halatlarda göçme bazarlar hem guralypdyr. Oňa göçme söwdagärler we töwerekdäki obalaryň öz önümlerini satmak zerurlygy bolan ilat toplanypdyr.

Ýaponiýanyň orta asyr şäherleri: Nara we Heýýan budda ybadathanalarynyň golaýynda, Otsu çatrykda we kerwen ýolunda; Hýogo, Sapai deňziň kenarynda; galanyň golaýynda bolsa Nagoýa şäheri gurlupdyr.

?!

1. Kartadan Aziýa ýurtlarynyň orta asyrlardaky iri şäherlerini görkeziň.

2. Aziýa we Ýewropa şäherleriniň peýda bolmagynda hem-de ýokarlanmagynda nähili umumylyk bar?
3. Aziýa şäherleriniň durmuşy barada nämeleri okadyňyz. Hekaýa edip beriň.

## 18-§. ORTA ASYRLARDA HRISTIANÇYLYK

**Diniň Ýewropada ýaýramagy.** Hristian dini IV asyrdan german taýpalarynyň arasynda hem ýaýrap başlaýar. V asyryň ahyrynda Frank koroly Hlodwig hristiançylygy kabul edýär. Angliýa we Irlandiýa monastyrlaryndan ýetişip çykan gaýratly monahlar Ýewropanyň iň çetki künjeklerine-de baryp, ilaty hristiançylyga geçirýärler.

Kiýew Rusy we Bolgariýa X asyr ahyrlarynda Wizantiýadan hristiançylygyň prawoslaw mezhebini kabul edipdir.

Hristian dini Ýewropada IV asyrdan başlap ýaýrapdyr.

**Buthananyň bölünmegi.** Rim imperiýasynyň Günbatar we Gündogar Rime bölünmegi buthanany hem bölünmegine getirdi. Frank korolynyň kömeginde 756-njy ýylda Italiýada Rim papalarynyň döwleti – **Papa welaýaty** döreýär. Wizantiýa buthanasy bolsa öňden döwlete boýun egýän, Konstantinopol patriarhy dolandyrýan dini gurama öwrülýär.

Gündogar Ýewropada bolgarlary çokundyrmakdaky bäsdeş hristian buthanasyny resmi taýdan: **Günbatar katolik** («dünýä») **we Gündogar prawoslaw** («sap din», «çyn ygtykat») buthanalaryna bölünmegine getirdi. XI asyryň ortalaryndan başlap rim-katolik we grek-prawoslaw buthanalary özbaşdak bolup, Günbatarda buthana görkezmeleri latynça, Gündogarda bolsa grek dilinde alnyp barlypdyr. Katolik buthanasy ähli ruhanylara öýlenmegi gadagan etse («selebat»), prawoslawlarda diňe monahlar maşgala gurmandyr.

**Buthana we döwlet.** Ýewropada V asyrda başlanan ýer eýeçiligi gatnaşyklaryna geçmekden buthana-da çetde gal-

maýar. Ekin meýdanlarynyň üçden biri ybadathanalaryň we monastyrlaryň elinde toplanýar. Döwlet salgytlaryndan azat edilen bu ýerlerde buthanadan kärendä ýer alan 100 müňlerçe tabyn daýhanlar zähmet çekipdirler.

Ondan daşary, hristian buthanasy ilatdan üşr (hasylyň 1/10) salgydyny ýygnapdyr. Ilat, şonuň ýaly-da, çagany çokundyranda, nikadan geçende, merhuma gynanç bildirme çäresi geçirilende we başga edim-gylymlar üçin hem pul töläpdir. Buthana düşýän girdejiniň ençeme bölegi Rim papasynyň hazynasyna iberilipdir. Olardan daşary, Katolik buthanasy, **indulgensiýa** (latynça, «günä geçme») – günälerden geçme ýarlyklaryny satmagyň hasabyna-da baýapdyr.

Ýewropada buthana döwletiň möhüm guramasyna öwrülip, onuň syýasy we ykdysady işine gatyşypdyr, sud wezipesini hem ýerine ýetiripdir. Buthana ulanan jezanyň iň agyry **interdikt** – ýurtda ybadatlaryň we däp-dessurlaryň wagtlaýyn gadagan edilmegi bolupdyr.

**Innokentiý III** (1198–1216) papalygy döwründe katolik buthanasy öz güýjüniň ýokary derejesine ýetýär. Papanyň «*Aý öz ýagtysyny Günden alşy ýaly, korol häkimiýeti öz görküni papalykdan alýar*», diýen sözleri amalda ulanylýar. Rim papasy german, fransuz we iňlis hökümdarlaryny interdikt arkaly toba etdirýär. Ilata öz hökümini ýöretmekde papa monahlara daýanypdyr.

Ýewropada monastyrlar IV asyrda döräpdir. Monahlar tagat-ybadatdan boş wagtlarynda hatdatlyk bilen meşgullanypdyrlar. Käbirleri bolsa monastyryň ýanyndaky mekdeplerde çagalary okadypdyrlar.

**Hudaýsyzlara garşy göreş.** Buthana we onuň taglymatyna garşy adamlar **ýeretikler** (grekçe, «dahriýler») diýlip atlandyrylypdyr. Beýle adamlar buthananyň baýlyklary, ajaýyp däp-dessurlaryna garşy çykyp, ýönekeý buthana taglymy tarapdarlary bolupdyrlar. Ýeretiklere garşy göreşmek üçin buthana sudy – **inkwizisiýa** (latynça, «gözleg») düzülýär. Hristian buthanasy duşmanlaryny gözläp tapmak



**64-nji surat.** Autodafe

we jezalandyrmak bilen meşgullanýan inkwizisiýa papa **Grigoriý IX** (1227–1241) döwründe öz güýjüniň ýokary derejesine ýetipdir.

Inkwizisiýanyň işi Ispaniýada, aýratynam, giňelýär. Onda hökümi çykarylanlary oda ýakmak **«autodafe»** (portugalça, ygtykat ýa-da din işi) hem ulanylýar.

?!

1. Ýewropada hristian dini haçan ykrar edilip ýaýrap başlapdyr?
2. Katolik we prawoslaw buthanalarynyň peýda bolmak sebäplerini görkeziň.
3. Orta asyrlarda buthana nähili orun tutupdyr?
4. Indulgensiýa söwdasyna nähili düşündiňiz?
5. Inkwizisiýa näme we ol kime hyzmat edipdir?

## 19-§. HAÇLY ÝÖRÜŞLER

**Haçly ýörüşler.** Haçly ýörüşler – Günbatar Ýewropa feodallarynyň Ýakyn Gündogardaky basybalyjylykly we talaňçylykly uruşlardy. Bu ýörüşler **1096–1270-nji ýyllar** aralygynda bolup geçipdir. Gündogardaky ýerleri eýelemek arkaly buthana özüniň täsirini has-da güýçlendirmegi maksat edinýär.



**65-nji surat.** Papa Urban II Klermon şäherinde haçly ýörüşe çagyrýar

Gündogarda XI asyryň ahyrynda emele gelen ýagdaý haçly ýörüşler üçin amatly şert döredipdir. Kiçi Aziýa ýarymadasy doly diýen ýaly seljuk türkleriň elindedi. Bu ýerden Günbatar ýurtlaryň zyýaratçylary Palestinanyň mukaddes ýerlerine, rowaýatlara görä, Isa pygamber jaýlanan Iýerusalime barýan ýollar

geçýärdi. **Iýerusalim** bolsa bäş asyrdan bäri diýen ýaly musulmanlaryň elindedi. Ýerli hökümdarlaryň we ilatyň zyýaratçylara gatnaşygy ýaman bolmasa-da, XI asyryň ahyryndan başlanan musulman hökümdarlarynyň özara uruşlary hristianlar zyýaratçylaryny barha howply çärä öwrüpdir.

Wizantiýa imperatory Rim papasy bilen ylalaşmasa-da, hristianlar duşmanlary bilen göreşmek üçin söweşijileri ibermegi sorap, Günbatar ýüzlenýär. Papa **Urban II** 1095-nji ýylda Fransiýanyň günortasyndaky **Klermon** şäherinde buthana ýygnagyna toplanan müňlerçe ruhanylar, rysarlar we ýönekeý halk wekilleri huzurynda nutk sözleýär. Ol Iýerusalimdäki «pygamber guburyny» musulmanlardan azat etmäge çagyrýar. Papa ýörüşde gatnaşanlara olaryň günäleri geçilýändigini, heläk bolanlaryň ruhunyň jennete – «arşala» barjakdygyny wada edýär. **Urban II** «mukaddes ýeriň» baýlyklaryny we hasyldardygyny hem ýatladyp geçýär. Palestinada «*süýt we bal derýa bolup akýandygy, Iýerusalim ýeriň göbegi, jennetmekan hasyldar ýerli ülke*» ekenligini nygtaýar.

Bu sözleri halaýyk «Hudaýyň isläni şu!», «Hudaýyň islegi şu!» ýaly çagyryşlar bilen garşylaýarlar. Olar matadan «but», ýagny «haç» tersini gyrkyp, öz geýimlerine tikip başlaýarlar. Hut şu sebäpli ýörşe gatnaşyjylary «ýörşe gatnaşyjylar», ýörüşleriň özi bolsa «haçly ýörüşler» adyny alýar.

**Buthana ýygnaklary** – III asyrdan hristian buthanasy ýokary ruhanylarynyň buthanany nazary, amaly dolandyrmak meselelerini çözmek üçin çagyrýan gurultaýy.

Katolik buthanasy ýörşe gatnaşyjylaryna käbir ýeňillikleri, şol sanda, daýhanlara karzlaryndan geçilýändigini, olaryň maşgalalary buthananyň goragyna geçýändigini yglan edýär.

**Haçly ýörşe gatnaşyjylarynyň maksatlary we wezipeleri.** Daýhanlar haçly ýörüşlerde gatnaşmak arkaly özleriniň agyr durmuşyndan gutulyp, Gündogarda emläge we bagtly



**66-njy surat.** Haçly ýörşe gatnaşyjylary

durmuşa ýetmegi umyt edipdirler. Ýörşe gatnaşyjylaryň aglabasyny, esasan, rysarlar düzüp, köpüsi baý bolmadyk maşgalalardandylar. Maşgalanyň kiçi ogullary, maýorat ulgamy bolanlygyndan, ýagny miras uly ogla galdyrylýanlygy sebäpli, ata-eneleriniň mirasynyň uly bölegine umyt etmeseler-de bolardy.

Bu ýagdaýdaky rysarlar özlerine şan-şöhrat we baýlyk isläp ýola çykypdyrlar. Gersoglar, graflar we hatda käbir korollar hem-de imperatorlar hem Gündogara ugraýarlar. Olar özlerine täze çäkleri we raýatlary boýun egdirmegi maksat edinipdirler.

Goşun bilen söwdagärler hem ýola çykyp, olar Gündogar harytlary bilen söwda etmek arkaly tiz baýap gitmegi arzuw edipdirler. Elbetde, haçly ýörşe gatnaşyjylary diňe peýdany oýlapdyr diýilse ýalňyz bolar. Maddy bähbit olarda «pygamberiň guburyny» musulmanlardan halas etmek mukaddes işdigine ynam bilen jemlenipdirler.

?!

1. Haçly ýörüşler näme? Olaryň sebäplerini görkeziň?
2. Katolik buthanasy haçly ýörüşlerden nähili maksatlarda peýdalanmak isläpdir?
3. Haçly ýörüşler üçin Ýakyn Gündogarda nähili amatly şert emele gelýär?

4. Rim papasy Urban II haçly ýörüş gatnaşyjylaryna nämeleri wada edýär?

## 20-§. ILKINJI HAÇLY ÝÖRÜŞLER

**Birinji haçly ýörüş.** Birinji haçly ýörüşlere Fransiýanyň, Italiýanyň we Germaniýanyň dürli welaýatlaryndan gelen rysarlar toplanypdyr. Olar gowy ýaraglanan, zerur azyk we pul bilen üpjün edilipdi. Wizantiýanyň paýtagty Konstantinopolda 1096-njy ýylyň güýzünden toplanyp başlan rysarlara imperator **Alekseý I** wassallyk kasamyny kabul etdiripdir. Ýagny Ýakyn Gündogarda düzüljek hristian döwletleri Wizantiýa syýasy tabyn bolmalydy.



**67-nji surat.** Araplaryň rysarlar bilen söweşi

Ýörüşler Siriýa bilen Palestinada ýörşe gatnaşyjylaryň öz döwletlerini düzmegi bilen tamamlanýar. Olaryň içinde **Iýerusalim korollygy** ýörşe gatnaşyjylaryň esasy döwletidi. Ýörşe gatnaşyjylar **Iýerusalimi** eýelände ýekeje juma metjidinde 10 müň musulmany öldürýärler. Musaýylar öz sinagogasynda (ybadathana) ýakyp goýberilýär. Gyrgynçylyk wagtynda ençeme aýallar we çagalar hem heläk bolýar. Şäherliler öýüne çozup giren rysar gapysyna galkany asyp goýup we bu öýüň ähli enjamlary bilen täze hojaýyna geçenligini aňladýardy.

**Haçly ýörşe gatnaşyjylar Ýakyn Gündogarda.** Ýewropadan gelýän rysarlar akymy hristianlara basyp alnan çäkleri 200 ýyla çenli elde saklamak mümkinçiligini berýär.

Ýakyn Gündogarda ýörşe gatnaşyjylar ýerli daýhanlary tabyn edýärler. Täze hojaýynlar hasylyň 1/3 bölegini salgyda alyp başlaýar. Oňa goşmaça ýagdaýda ilat korola, hristian buthanasyna hem salgyt tölemäge mejbur edilýär. Netijede ýerli ilatda haçly ýörşe gatnaşyjylara görä ýigrenç güýçlenip, gozgalaňlar hem bolup durýar.



**68-nji surat.** Haçly ýörşe gatnaşyjylaryň Iýerusalimi gabamagy

**Dini-rysarlaryň ordenleri.** Palestinada guralan dini-rysarlyk ordenleri adatdaky monahlaryň ordenlerinden düýpgöter tapawutlanypdyr. Günbatarda ýönekeý monahlaryň esasy işi ybadat we zähmet çemmek bolsa, dini-rysarlyk ordeniniň agzalarynyň esasy wezipesi uruşdy.

Ilkinji dini-rysarlyk ordeni **gospitalýerler** ordeni bolupdyr. Oň käte **ioanniýler ordeni** hem diýipdirler. Musulmanlar Palestinany gaýtadan eýelänlerinden soň orden ilki Rodos adasyna, birnäçe asyr geçip Malta göçüp ýerleşýär.

Iýerusalime gelýän zyýaratçylary goramak üçin düzülen ikinji rysarlyk ordeni ilki **tampliýerler** diýlip atlandyrylypdyr. Ol Iýerusalimdäki rysarlar ýerleşýän depäniň ady bilen atlandyrylypdyr.

Tampliýerler ygsan we peşgeş almakdan daşary, süýthorluk bilen hem meşgullanypdyr. Ýewropada olaryň baýlyklary barada rowaýatlar dokalypdyr.

Üçünji iri dini-rysarlyk ordeni Mukaddes Bibi Merýeme bagyşlanypdyr. Ondaky aglaba rysarlar Germaniýadan bolany üçin, oňa **Nemes** (latynça **Tewton**) **ordeni** diýipdirler.



**69-njy surat.**
Gospitalýer



**70-nji surat.**
Tampliýer



**71-nji surat.**
Tewton rysary

**Ikinji we üçünji haçly ýörüşler.** Musulman hökümdarlary Gündogar we Günorta tarapdan haçly ýörşe gatnaşyjylary gysaja alýardylar. Olara garşy göreşmek üçin Ýewropa feodallary ikinji haçly ýörşi guraýarlar. Ikinji haçly ýörüş XII asyryň ortalarynda bolupdyr. Fransiýa koroly öz goşuny bilen gatnaşan bu ýörüşler şowsuz tamamlanypdyr.

Musulmanlar tiz arada güýçli döwlet düzýär. Müsür soltany **Salohiddin Aýubiý** 1187-nji ýylda haçly ýörşe gatnaşyjylardan Iýerusalimi çekip alýar. Bu waka Ýewropada 3-nji haçly ýörüşleriň (1189–1192) guralmagyna getirýär. Emma german imperatory, Fransiýa koroly we Angliýanyň koroly gatnaşmagyndaky bu ýörüşler hem şowsuz tamamlanýar.

?!

1. Näme sebäpden Wizantiýa imperatory Alekseý I haçly ýörşe gatnaşyjy-rysarlardan kasam talap edipdir?
2. Kartadan birinji haçly ýörşe gatnaşyjylaryň Ýakyn Gündogarda esaslandyran döwletleri görkeziň.
3. Dini-rysarlaryň ordenleri näme maksatda düzülipdir?

4. Näme sebäpden basylyp alnan çäkleriň ilaty haçly ýörşe gatnaşyjylara görä duşmançylyk keýpinde bolupdyrlar?
5. Üçünji haçly ýörşüň sebäplerini aýdyp beriň.

## 21-§. SOŇKY HAÇLY ÝÖRÜŞLER

**Dördünji haçly ýörüşler (1202–1204).** XII asyryň ahyrynda papa **Innokentiý III** täze haçly ýörüşleri guramaga girişýär.



**72-nji surat.** Haçly ýörşe gatnaşyjylaryň Wenesiýa söwdagärleri bilen duşuşygy

Haçly ýörşe gatnaşyjylar goşuny Wenesiýa bilen deňiz arkaly gämilerde Palestina alyp geçmäge ylalaşyp, 85 müň kümüş marka pul tölemegi boýnuna alýarlar. Ylalaşylan puluň 1/3 bölegini diýen ýaly töläp bilmedik haçly ýörşe gatnaşyjylar ýörüşler başlanan badyna Wenesiýanyň söwdadaky esasy bäsdeşi Wizantiýa garşy uruş başlamaga mejbur bolýar. Uruş başlamak üçin bolsa inisi tarapyndan tagtdan düşürlip, gözüne mil çekilen **Isaak II Angel**e täji-tagty gaýtarmak bahana bolýar.

Dördünji haçly ýörşe gatnaşyjylar hasaplanan rysarlar goşuny Konstantinopolyň diwarlarynyň astyna gelip düşýär we 1204-nji ýylda şähere hüjüm başlaýar. Ýigrimi müňlük goşun ýarym million ilaty bolan şäheri eýelemegi başarýar. Konstantinopol esaslandyrylanyndan bäri ilkinji gezek duşmanyň oljasyna öwrülýär.

**Latyn imperiýasy (1204–1261).** Latynlar (wizantiýalylar haçly ýörşe gatnaşyjylary şeýle atlandyrypdyrlar) Wizantiýa harabalarynda Latyn imperiýasy diýlip atlandyrylan döwlet düzülýär.

Latynlar (haçly ýörşe gatnaşyjy rysarlar) basyp alnan çäklerde öz tertiplerini ornaşdyryp başlaýarlar. Bu döwletde hem Günbatar Ýewropadaky ýaly rysarlaryň galalary gurulýar. Konstantinopol patriarhy tagtyny katolik ruhanysy eýeleýär, daýhanlar rysarlara şahsy tabynlyga düşýärler. Wizantiýany zabt eden rysarlaryň aglabasy tiz arada watanyna gaýdyp gidýär. Latyn imperiýasynda galan rysarlar häkimiýeti diňe özleriniň demir düzgünnamasy we jebisliligi bilen saklap durýar. Emma ýerli grekleriň gaýduwsyz garşylygy sebäpli latynlar Wizantiýa ýerlerini doly boýun egdirip bilmeýärler. Latyn imperiýasynyň özi-de tiz arada birnäçe maýda knýazlyklara bölünip gidýär.



**73-nji surat.** Haçly ýörşe gatnaşyjylaryň Konstantinopola girip gelmegi

**Wizantiýanyň dikeldimegi.** Wizantiýalylaryň latynlary tiz arada kowup goýbermäge bolan umytlary biderek bolmandyr. Boýun egdirilen ilat haçly ýörşe gatnaşyjylary halamaýardylar, latynlar bolsa özara ylalaşypdyrlar.

Günleriň birinde nikeýalylaryň harby bölümi latynlary «gorkuzmak» üçin Konstantinopola gelýär. Şol bir wagtda latynlaryň goşuny nikeýalylara garşy deňizden hüjüm etmäge gidipdirler we şäheri goragsyz galdyrypdyrlar. Konstantinopol grekleri nikeýalylaryň goşuny ýakynlaşandygyny eşidip, olara şäher derwezesini açyp berýärler. Olaryň kömegi bilen nikeýalylar şähere girip, paýtagty aňsatja eýeleýärler. Tiz arada yzyna golanan latynlar şäheriň elden giderilendigine şaýat bolýarlar. Nikeýalylar bilen söweşde şowsuzlyga duçar bolan latynlar gämilere münüp, Ýewropa gaýtmakdan başga çäre galmaýar. Nikeýanyň imperatory **Mihail VIII Paleolog** 1261-nji ýylyň 15-nji awgustynda Konstantinopola dabaraly girip gelýär. Şeýdip Wizantiýa imperiýasy dikeldilýär. Indi Wizantiýa dünýäniň güýçli ýurdundan onçakly uly bolmadyk grek döwletine öwrülýär.

**Haçly ýörüşleriň tamamlanmagy we netijeleri.** Soňky haçly ýörüşler Ýakyn Gündogardaky ýagdaýy ütgedip bilmeýär. Fransiýanyň koroly **Lýudowik IX**-niň 1269–1270-nji ýyllardaky sekizinji haçly ýörüşleri soňkusy bolýar. Köp geçmän haçly ýörşe gatnaşyjylaryň Gündogardaky mülkleri yzly-yzyna musulmanlaryň elinde dolanýar.

Haçly ýörüşleriň bes edilmeginiň esasy sebäbi XIII asyryň ahyryndan Günbatar Ýewropa ýurtlarynda başlanan özgerişler bolýar. Öndüriji güýçler ösýär. Tokaýlar kesilip, ekin meýdanlaryna öwrülip başlaýar. Oba ilatynyň ýersiz bir bölegi barha ösýän şäherlere gidýär. Korol häkimiýetiniň güýçlenmegi we ýurdy merkezleşdirmek syýasaty rysarlara korol goşunynda gulluk etmek mümkinçiligini döredýär. Söwdagärler parahatçylyk ýoly bilen söwda-satyk alyp barmagyň artykmaçlygyna ýene bir gezek ynam döredýärler.

Haçly ýörüşler özüniň Gündogarda güýçli hristian döwletini döretmek maksadyna ýetip bilmedi. Oňa gatnaşan 100 müňlerçe adamlar heläk bolup, maliýe taýdan zyýan çekildi.

Ýöne Gündogaryň ýokary medeniýeti bilen tanyşmak Ýewropa feodallarynyň durmuş terzini ýiti özgerdýär. Ýewropa ýurtlarynda salgytlary önüm bilen däl, pul bilen almak barha ösýär. Käbir feodallar tabyn daýhanlaryny tölegiň hasabyna azatlyga çykaryp başlaýarlar.

?!

1. Siziň pikiriňizçe, 4-nji haçly ýörşüň öňkülerden tapawudy nämede?
2. Näme sebäpden haçly ýörşe gatnaşyjylar Wizantiýada düzen Latyn imperiýasy uzak ýaşamaýar?
3. Soňky haçly ýörüşler we umuman, bu uruşlaryň öz maksadyna ýetip bilmänligi sebäplerini aýdyň.
4. Haçly ýörüşler Ýewropa we Aziýa üçin nähili netijelere getiripdir?

# IV BAP. ÝEWROPADA MERKEZLEŞEN DÖWLETLERIŇ EMELE GELMEGI

## 22-§. FRANSIÝADA MERKEZLEŞEN DÖWLETIŇ EMELE GELMEGI



**74-nji surat.** Normandiýadaky d'E galasy

**Korol häkimiýeti.** Öňki Günbatar Frank korollygy bir-birinden özbaşdak uly-kiçi onlarça knýazlyklara bölünip gidýär. Knýazlyklar mirasa galdyrylanda ýene bölünip, dinastiýalaýyn nikalar netijesinde elden ele geçýärdi. Korolyň şahsy ýer-mülkleri (domeni) demirgazykda Parižden – günortada Orleana çenli ýerleşipdi. **Normandiýa, Burgundiýa, Bretan, Akwitaniýa** gersoglarynyň her biri korola garanda köpräk çäge we ilata eýediler. Korol domeninde bolsa oňa boýun egmedik feodallar berk galalar gurup ýerleşip alypdylar.

**Domen** (latynça, dominium – emläk) – korolyň, gersoglaryň, graflaryň we baronlaryň tabyn daýhanlaryň zähmeti bilen işlenýän ýer-mülkleri.

Korol **Lýudowik VI** XII asyryň başlaryndan öz domeninde tertip ornaşdyrmaga hereket edip başlaýar. Korol başyna giden baronlaryň galalaryny bozup, olary boýun egdirýär. Ol Burj we Sans şäherlerini öz ýer-emlägine goşup alýar. Lýudowik VI-nyň şowuna düşüp ogluny Akwitaniýa gersogynyň ýeke-täk mirasdüşerine öýlendirmegi korollygyň ýerlerini has-da giňeldýär.

**Welaýatlaryň arasynda zähmet bölünişigi.** Fransiýada X–XI asyrlarda oba hojalygynyň, hünärmentçiligiň we

söwdanyň ösüşi başlanýar. XII asyrdan başlap täze özleşdirilen ýerlerde daýhanlaryň tabynlygy ýatyrlyp, salgytlaryň bir bölegi pul bilen tölenýän bolýar. Netijede daýhanlar ýetişdiren önümleriniň mälim bölegini bazara satmak üçin çykarýar. Fransiýada feodallar öz ýerlerini daýhanlara miras kärendä berip başlaýarlar. Bu çäre daýhanyň ýere gatnaşygyny gowy tarapa üýtgedýär.

Welaýatlaryň arasynda zähmet bölünişigi başlanyp, **Normandiýa** – demir, duz öndürmek, at we iri şahly mallary ýetişdirmäge; **Şampan** we **Burgundiýa** – winoçylyk, zygyr süýüminden biz dokamaga; **Flandriýa** ýüňden matalar öndürmäge barha ýöriteleşýär. Söwdagärler bu önümleri Şampan ýarmarkasyna eltýärdi we şu önümler bütin ýurda ýaýraýar. **Pariž** Fransiýanyň iň uly hünärmentçilik we söwda-satyk merkezine öwrüldi. Zähmet bölünişiginiň barha ösmegi sebäpli welaýatlaryň öz halyna ýaşamagy gutarýar. Söwda-satyk olary bir-birine baglap goýýar. Welaýatlaryň arasyndaky ykdysady aragatnaşyklary ösdürmek zerurlyklary feodal dagynyklygynyň soňuna çykylmagyny talap edýärdi.

**Welaýatlaryň arasyndaky zähmet bölünişigi** her bir welaýatyň önümçiligiň ol ýa-da bu ugruna ýöriteleşmegidir.

**Ýurdy birleşdirmek üçin göreş.** Şäherleriň ýokarlanmagy bilen täze sosial gatlak – **şäherlileriň** sany barha köpelýär. Şäherliler gatlagy bolsa feodallaryň başyna gitmesini çäklendirýän güýçli korol häkimiýetiniň tarapdarydy. Koroly, şonuň ýaly-da, maýda we orta feodallar hem goldapdyr. Olar güýçli korol häkimiýeti özlerini graflaryň, gersoglaryň ýanamasyndan halas etjekdigine umyt baglapdyrlar. Şu ýagdaýda merkezleşdirme prosesine diňe iri dini we dünýewi feodallar garşy bolupdyrlar.

Fransiýanyň koroly **Filipp II** Angliýanyň koroly **Ioann** bilen iňlisleriň **Normandiýa**daky mülkleri üçin göreş

başlaýar. «**Iňlis täjiniň dürdänesi**» hasaplanypdyr Normandiýa XIII asyryň başlarynda gaýtaryp alynýar. Tiz arada korolyň mülklerine ýurt günortasyndaky **Tuluza graflygy** hem gaýtarylýar. Netijede korol Fransiýadaky iň güýçli feodala öwrülýär. Korolyň mülkleriniň giňelmegi umumdöwlet dolandyryş guramalary: Korol geňeşi, Ýokary sud we Maliýe müdirliginiň gurluşy bilen tamamlanýar. **Lýudowik IX** korolyň ýerlerindäki feodal uruşlaryny gadagan edýär. Korol zikgeleden altyn we kümüş teňňeler Fransiýanyň ähli welaýatlarynda geçmek hukugy bellenýär. Netijede ýurtda gersoglar we graflar zikgeleden 40 hili pul ýuwaş-ýuwaşdan dolanyşykdan alynýar. Bu çäre söwda-satygy-da ösdürýär.

Şeýdip Fransiýa merkezleşen döwlete öwrüldi. Korol häkimiýeti ýurduň bütin çägini özüne boýun egdirdi.

**Merkezleşen korol häkimiýeti** – ýurduň ähli çäginiň bitewi korol häkimiýetine boýun egmegi.

1. Haýsy çäre daýhanyň ýere gatnaşygyny gowy tarapa üýtgedýär?
2. Ýurduň merkezleşdirilmeginden bähbitli taýpalary görkeziň.
3. Welaýatlaryň arasyndaky zähmet bölünişigi we ýöriteleşme nämeleri talap edipdir?

## 23-§. GENERAL ŞTATLAR

**Filipp IV we Papa.** Fransiýany merkezleşdirmegi dowam etdiren Filipp IV (1285–1314) öz korollygynyň başlarynda Şampan graflygyny, Lion şäherini we welaýatyny korolyň domenine goşup alýar. Onuň soňky hereketleri ýurduň demirgazygyndaky iri söwda-hünärmentçilik şäherlerini birleşdiren Flandriýany eýelemäge gönükdirilýär.

Ýewropa hökümdarlaryndan Filipp IV birinji bolup uly ýer-mülklere eýelik edýän buthanadan salgyt talap edýär.



**75-nji surat.** Papanyň Awinondaky karargähi

Rim papasy **Bonifasiý VIII** (1294–1303) ruhanylara Fransiýanyň korolyna salgyt tölemegi gadagan etmekden daşary, Filipp IV-den Flandriýa garşy urşy bes etmegini talap edýär. Fransiýa korolynyň Papanyň erk-islegine boýun egmänligine jogap edip Bonifasiý VIII Filipp IV-niň buthanadan azatlygyny dabaraly yglan etmek üçin taýýarlanýar.

**General ştatlar.** Muňa jogap edip Fransiýa koroly 1302-nji ýylda üç taýpa wekilleri: ruhanylary, dworýanlary we şäherlileri çagyryp, olara papa bilen dawany ara alyp maslahatlaşmagy teklip edýär. Fransiýada birinji we ikinji taýpalar salgyt tölemän, üçünji taýpa esasan baý şäherlilerdi.

**General ştatlar** (köpçülik taýpalar) – Fransiýadaky ýokary gatlaklaýyn-wekillik edarasy.
**Dworýanlar** (atly aristokratlar) – feodallar taýpasynyň ýeňillikli bölegi. Ýeňillikler miras bolupdyr.

Giň jemgyýetçiligiň kömegine daýanan Filipp IV papa garşy hereketi başlap, doly ýeňiş gazanýar. Fransiýa arhiýepiskopy papalyga saýlanýar. Onuň döwründe papa karargähi Rimden Fransiýanyň günortasy – **Awinon** şäherine göçüp geçmegi karar edilýär. Awinon fransuz korolynyň emlägine girmese-de, elbetde, onuň bu ýerdäki täsiri uludy. Papalaryň Rime gaýtmagy üçin 70 ýyl gerek boldy. Bu ýyllar (1309–1377) Rim buthanasynyň taryhynda «**papalaryň Awinon ýesirligi**» adyny alýar.

Filipp IV başlan «**tampliýerler işi**» hem Ýewropada uly şow-şuwa sebäp bolýar. 1307-nji ýylda ordeniň köp agzalary we beýik magistri tussag edilýär. Ordeniň tükeniksiz baýlyklary baradaky myş-myşlar olaryň başyna bela bolýar. «Awinon papa»syndan razylyk alyp, tampliýerleriň emläkleri

elinden alnyp başlanýar. Köpleri gynap, oda taşlanýar. Beýik magistr 1314-nji ýylda ölüme höküm edilýär.

Şeýdip XIV asyrda Fransiýada taýpalaýyn monarhiýa, ýagny taýpa wekilleriniň ýygnagyna daýanýan, merkezleşen döwlet şekillenip başlady.

?!

1. Korol Filipp bilen Rim papasynyň arasyndaky dawanyň sebäplerini aýdyň.
2. Atly aristokratlar taýpasy barada nämeleri bilýärsiňiz? Orta asyrlarda ýurdumyzdaky şu gatlak nähili atlandyrylypdyr?
3. Giň düzümdäki General ştatlary çagyrmakdan maksat näme bolupdyr?
4. Filipp IV üçin «tampliýerler işi» näme üçin gerekdi?

## 24-§. ÝÜZ ÝYLLYK URŞUŇ BAŞLANMAGY WE ONUŇ ILKINJI DÖWRI

**Ýüz ýyllyk uruş we onuň sebäpleri.** Angliýa bilen Fransiýanyň arasynda XIV asyryň 30-njy ýyllarynda başlanan uruşlar arakesmeler bilen ýüz ýyldan artyk dowam edip, taryhda **«ýüz ýyllyk uruş»** adyny (1337–1453) alypdyr.



**76-njy surat.** Ýüz ýyllyk urşuň söweşijileri

Filipp IV aradan çykandan soň tagtga dawagär erkek zürýat galmaýar. X asyrdan bäri dowam edýän Kapetingler mirasdüşeri diýlip Walualar maşgalasy ykrar edilýär. Emma iňlisler koroly **Eduard III,** Filipp IV-niň gyzyndan agtygy, özüni islendik walualardan tagta haklyrak diýip yglan edýär.

Mirasdüşerlik baradaky çekişme ýarag bilen çözülip başlanýar. Fransiýa koroly 1337-nji ýylda iňlisleriň Akwitaniýa ýerlerini öz garamagyna alandygyny yglan edýär. Muňa jogap edip Eduard III Fransiýa garşy urşa başlaýar.

**Urşuň gidişi.** Angliýa we Fransiýa urşy tiz arada umumyýewropa dawasyna öwrülýär. Ýewropanyň ähli çäklerinden rysarlar gelip ýa iňlisleriň, ýa fransuzlaryň hyzmatyna geçip başlaýarlar. Iňlisler Fransiýanyň deňiz flotuny 1340-njy ýylda ýeňip, gury ýerde hüjüme geçýärler. Ilkinji iri söweş 1346-njy ýylda **Kresi** golaýynda bolup, onda fransiýalylaryň goşuny ýeňilýär. Iňlis goşunlarynyň düzgün-nyzamy, san taýdan üstün bolmagy, pugta taýýarlananlygy Angliýanyň üstünligini üpjün edýär. Erkin daýhanlardan düzülen kemançylar bölümi-de ýeňiş faktorlaryndan biri bolýar. Iňlisleriň goşuny koroldan aýlyk gazanç alyp, harby baştutanlaryň buýrugyny sözsüz ýerine ýetiripdir. Fransiýanyň goşuny aýratyn rysarlyk bölümlerinden düzülen bolup, her bir rysar özbaşdak hereket edipdir. Goşunda ýeke-täk dolandyryş we harby tertip bolmandyr.



**77-nji surat.** Puate golaýyndaky söweş

1356-njy ýylda Fransiýanyň san taýdan iki esse uly goşuny – Angliýa şazadasy **Eduard**yň bölümini yzarlap, oňa Puateniň golaýynda ýetýär.

Eduard, eger fransuzlar ony goşuny bilen geçirip goýberseler, ähli oljalary we ýesirleri, ele alan galalary we berkitmelerini bermäge taýýardygyny mälim edýär. Ýöne Fransiýanyň koroly şazadanyň öz tarapdarlary bilen ýesir düşmäge razy bolmagyny talap edýär. Netijede Eduard söweş etmekden başga çäre galmandygyna göz ýetirýär.

Söweşde fransuzlaryň dagynyk hereket etmegi iň gowy rysarlaryň heläk bolmagyna sebäp bolýar. Fransiýanyň koroly **Ioann Sahy** we ogly **Filipp** ýesir alynýar.

**Jakeriýa gozgalaňy.** Ýüz ýyllyk uruş dowamynda salgytlardan köpräk daýhanlar azap çekipdirler. Emma hojaýynlar «*Sada Jakyň egni giň, ol hemme agyrlygy göterýär!*» diýipdirler. Ýönekeý daýhana görä ulanylan lakak «**Jak**» soňluk bilen gozgalaňyň adyna öwrülýär.

Fransiýanyň Bowe okrugynda 1358-nji ýylyň maý aýynda başlanan daýhanlar gozgalaňy taryhda «**Jakeriýa**» adyny alýar. Goňşy welaýatlara hem ýaýran gozgalaňda ýüz müňe ýakyn adam gatnaşypdyr. Gozgalaňçylaryň şygary *«ähli aristokratlary ýekejesini galdyrman gyryp taşlamak»* bolupdyr. Muňa olaryň daýhanlara eden agyr zulmy sebäp bolupdyr. Gozgalaňçylar feodallaryň galalaryny talap, salgyt resminamalaryny, sanawlaryny ýakyp goýberýärler. Köp geçmän feodallar birleşip **Gilom Kal** baştutanlygyndaky gozgalaňy basyp ýatyrýar. Gozgalaňyň ýene gaýtalanmagyndan gorkan feodallar daýhanlary tölegiň hasabyna tabynlykdan azat etmegi çaltlandyrypdyrlar.

?!

1. Ýüz ýyllyk urşuň esasy sebäpleri nämede bolupdyr?
2. Näme sebäpden urşuň ilkinji döwründe Fransiýanyň goşunlary ýeňlipdir?
3. Kartadan ilkinji basgançakda söweşler bolan ýerleri görkeziň.
4. Jakeriýa gozgalaňynyň sebäplerini we ähmiýetini aýdyp beriň.

## 25-§. FRANSIÝADA ABSOLÝUT MONARHIÝA



**78-nji surat.** Karl V Dana

**Ýüz ýyllyk urşuň dowamy.** 1360-njy ýylda Angliýa Fransiýa teklip eden parahatçylyk şertnamasy boýunça ýurduň çäkleriniň 1/3 bölegi iňlislere geçýär. Fransiýanyň koroly **Karl V** harby özgertmeler geçirip, güýçli flot we topçylar goşunyny düzmäge girişýär. Ýeke-täk serkerdelik girizilip, onuň ygtyýarlyklary giňeldilýär. Şu wezipä bellenen **Dýugeklan** iri söweşlere girmezden kiçi söweşler arkaly ähli diýen

ýaly çäklerini iňlislerden azat edýär. Ýöne uruşdaky ýeňişler uzaga çekmeýär.

Korol köşgündäki agzalalyklardan peýdalanan iňlisler 1415-nji ýylyň güýzünde Normandiýa goşun düşürýär. **Azenkur söweşi**nde fransuzlar ýene ýeňilýär. Ýurduň ýarysy Angliýanyň eline geçip, buthana we ruhanylar iňlis korolyny ykrar edýärler. Burgundiýa gersogy hem iňlisleriň tarapyna geçýär. Onuň kömeginde iňlisler Pariži eýeleýär.

Köp geçmän, 1420-nji ýylda düzülen ýaraşyk şertnamasynda Angliýanyň korolynyň Fransiýa melikesinden doguljak ogly birleşen Angliýa we Fransiýanyň koroly bolmalydygy görkezilýär. Fransiýanyň korolynyň ogly häkimiýetden mahrum edilýär. Şol wagtdan ýüz ýyllyk urşuň aýratynlygy özgerip, iňlis goşunlaryna garşy ýönekeý halk göterilipdir.

**Orlean gyzy.** Iňlis goşunlary Orleana aýgytlaýjy hüjüme taýýarlanýan bir wagtda Karlyň huzuryna 16 ýaşly ýönekeý daýhan gyzy **Janna d’Ark** gelip, ony fransuzlaryň ýeňşiniň-gutulgysyzdygyna ynandyrýar. Janna rysarlaryň goşuny berlip, Orleany azat etmek üçin hakyna tutma goşun düzümine girizilýär. Birnäçe günüň dowamynda iňlisler guran berkitmeler ýenjip taşlanyp, şäher gabawdan azat edilýär. Bu wakadan soň Jannany «**Orlean gyzy**» diýip atlandyryp başlaýarlar. Jannanyň gahrymançylygyndan ylhamlanan fransuzlar ähli çäklerde basybalyjylara garşy urşa başlaýarlar.



**79-njy surat.** Janna d’Ark Karl VII-niň täç geýmek dabarasynda

**Reýms**de – Fransiýa korollarynyň adaty täj geýýän şäherinde Karlyň täj geýmäge mümkinçilik peýda bolýar. **Karl VII** (1422–1461) Fransiýanyň koroly bolansoň, onuň ýurtdaky we Ýewropadaky abraýy ýiti artýar.

Janna d’Arkyň şöhratynyň barha artmagy korol köşgüniň emeldarlarynyň gaharyny getirýär. 1430-njy ýylda

**Kompen** galasy üçin söweşlerde Janna burgundlar tarapyndan ýesir alnyp, iňlislere tabşyrylýar. Fransiýanyň koroly gahryman gyzy halas etmäge synanyşmaýar hem. Buthana sudy Jannany ölüme höküm edip, 1431-nji ýylyň 30-nji maýynda Ruan şäheriniň meýdanynda oda ýakýar.

**Urşuň jemleri.** Jannanyň gahrymançylygy fransuzlaryň watanperwerlik duýgusyny güýçlendirip, azatlyk urşunda ýiti öwrülişik edýär. Iňlisleriň yzygider şowsuzlyklary 1453-nji ýylda ylalaşyk baglaşylmagy bilen tamamlanýar. Olaryň ygtyýarynda diňe **Kale** porty galýar.

Ýeňiş korol häkimiýetiniň güýçlenmegine getirýär. Korolyň regulýar goşuny düzülip başlaýar. Salgytlaryň bökdençsiz ýygnalmagy arkaly döwletiň girdejileri artýar.

**Merkezleşdirmegiň jemleri.** Karl VII onuň ogly **Lýudowik XI** (1461–1483) öz syýasatyny Bretan we Anju gersoglaryny boýun egdirmekden başlaýar. Muňa jogap edip iri feodallar «**Jemgyýet bagty bileleşigi**»ni düzýärler. Onuň ýolbaşçysy **Karl Burgundskiý**e garşy Lýudowik üstünlikli göreşip, Burgundiýanyň günbatar bölegini Fransiýa goşýar.

Fransiýanyň günortasyndaky **Prowans welaýaty** Marsel porty bilen 1481-nji ýylda korol hökmüne geçýär. Lýudowigiň mirasdüşeri **Karl VIII**-niň 1491-nji ýylda Bretan gersogynyň gyzy **Anna** öýlenmegi bilen Fransiýanyň merkezleşmegi tamamlanýar.

XV asyryň ahyryna gelip tutuş Fransiýa ýeke-täk merkezi häkimiýete boýun egdirildi.

?!

1. Kartadan Fransiýanyň XI–XIV asyrlardaky çäklerini tapyp görkeziň.
2. Fransiýanyň XV asyrda XI asyrdaka garanda güýçli ýurtdugyny mysallar esasynda tassyklap beriň.
3. 1420-nji ýyldaky şertnama Fransiýa nähili özgarişler getiripdir?
4. Halk azatlyk hereketi we Janna d’Arkyň ýüz ýyllyk uruşdaky ornuna baha beriň.

## 26-§. ANGLIÝADA MERKEZLEŞEN DÖWLETIŇ EMELE GELMEGI

**Normandlaryň basybalyşlary.** Angliýada korol häkimiýetiniň gowşamagy ony daniýalylaryň talaňçylyk meýdanyna öwürýär. Anglo-sakslar muňa garşy XI asyryň 40-njy ýyllarynda gozgalaň tuzanda, olara Fransiýanyň demirgazygyndaky Normandiýa gersogy kömege gelýär. Emma köp geçmän bu kömegiň hoşniýetli däldigi tassyklanýar.



**80-nji surat.** Gastings söweşi

Normandiýa gersogy **Wilgelm**iň goşunlary 1066-njy ýylda Angliýa gelip düşýär. **Gastings söweşi**nde normandlaryň atly rysarlary iňlisleriň pyýada goşunyny gurşap alýar. Angliýa koroly **Garold** we onuň goşuny deň bolmadyk söweşde heläk bolýar. Normandiýa gersogy korollyk tagtyny eýeläp, **Wilgelm I** adyny alýar.

**Feodal jemgyýetiniň üzül-kesil ornaşdyrylmagy.** Wilgelm ýerli feodallar – anglo-sakslaryň ýerlerini çekip alyp, öz rysarlaryna bölüp berýär. Şol bir wagtda kiçi we orta ýer eýeleri öz mülklerini saklap galýarlar. Ýurdy tabynlykda saklamak üçin güýçli korol häkimiýeti zerurdy.

Wilgelm I ähli iri ýer eýelerini korola wepalylyga kasam etdirýär.



**81-nji surat.** London. Tauer galasy

Korolyň iň iri ýer eýesi bolmagy, baronlara bolsa ýer-mülkleriniň dürli welaýatlardan gowşurylmagy Fransiýadaky ýaly özbaşdak graflyklaryň emele gelmegine päsgel berýär. Normandlaryň basybalyşlary netijesinde Angliýanyň daýhanlaryna zulm etmek güýçlenýär.

Öz häkimiýetini pugtalandyrmak maksadynda normandlar Angliýa boýunça ençeme galalary gurdurypdyr. Olardan iň meşhury Londondaky **Tauer** bolup, ol häzire çenli bar. Anglo-sakslaryň hemişe gozgalaň turuzmak howpy baronlaryň korolyň daşynda has-da jebisleşmegine getirýär. Basylyp alnan ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini bilmek maksadynda Wilgelm Ýewropada ilkinji gezek 1086-njy ýylda ýer-mülk we ilat ýazgysyny geçirýär. Sanawa alyjylaryň soraglaryna diňe hakykaty aýdyp jogap bermek barada kasam etdirilmegi halkyň arasynda sanaw listleriniň **«Gorkuly sud kitaby»** adyny almagyna sebäp bolýar.

Baronlaryň ilata zulmuny çäklendirmek üçin graflyklardaky anglo-saks ýerli sudlary saklap galynýar. Ýurt graflyklara bölünip, olaryň her birine korol wekili – **şerif** bellenýär.

XII–XIII asyrlardan başlap Angliýada daýhanlar göreşi güýçlenýär. Olaryň bir bölegi öz hojaýynlaryndan gaçyp tokaýlarda ýaşaýar. Gaçaklar birleşip feodallar, ýepiskoplar, emeldarlar, korolyň sudýalaryna hüjümler guraýar. Olary

ilat goldaýar. XIV asyrda halk agzeki döredijiliginiň söýgüli gahrymanyna öwrülen **Robin Gud** keşbi ana şol baýlaryň duşmany, ezilen zähmetkeş halkyň goraýjysy hökmünde suratlandyrylýar.



**82-nji surat.** Robin Gud

**Genrih II** korollygy döwri (1154–1189)da Angliýada maliýe we harby özgertmeler geçirildi. Baronlara harby gullugyň ýerine hazyna «galkan puly» salgydyny tölemäge rugsat berilýär. Bu korola hakyna tutma regulýar goşun düzmäge mümkinçilik berdi.

**«Beýik azatlyk hartiýasy».** III Haçly ýörşe gatnaşyjy Riçard I Batyryň inisi **Ioann** korollygy döwründe (1199–1216) gozgalaňlar öwjüne galypdyr. Öz güýjüne ynanan korol günäkär hasaplanýan baronlaryň mülklerini çekip alypdyr, wassallaryndan uly tölegleri talap edipdir. Netijede bu syýasat hemmäni korola garşy edipdir.

Baronlar rysarlaryň we şäherlileriň kömeginde 1215-nji ýylyň baharynda pitne turuzýarlar. Paýtagt Londonyň ilaty gozgalaňçylara derwezeleri açyp berýär. Korol **«Beýik azatlyk hartiýasy»** atly resminama gol çekmäge mejbur bolýar.

Resminama baronlaryň we ruhanylaryň bähbidini gorapdyr. Korol buthananyň erkin saýlawlaryna amal etmegini, wassallardan adatdakydan köp tölegleri almazlygy, baronlary tussag etmezlik, olary emläginden mahrum etmeli däldi.

Ýarlyk 63 maddadan ybarat bolup, rysarlara we erkin daýhanlara hem käbir ýeňillikler beripdir. Hususan-da, olardan belleneninden köp hyzmat we tölegler almak gadagan edilipdir. Resminamada erkin adamlara korol emeldarlarynyň özdiýenlikleri we goşmaça jerimelerden gorag wada berlen. Ýöne şertler amalda doly berjaý edilmändir.

**Angliýa parlamenti.** Angliýada birinji parlament 1265-nji ýylda çagyrylýar. Parlamentiň düzüminde baronlardan

daşary, ruhanylar, her bir graflykdan iki sanydan rysar hemde iri şäherlerden iki sanydan wekiller toplanypdyr. Parlament XIV asyrdan **lordlar**a we **umumypalatalar**a bölünýär. Lordlar palatasynda korol teklip eden aristokratlar, ýepiskoplar, abbatlar mejlis geçiripdirler. Umumypalatada bolsa rysarlaryň we şäherlileriň wekilleri gatnaşypdyr.



**83-nji surat.** Westminster köşgi, häzirki Beýik Britaniýa parlamenti ýerleşýän bina

**Parlament** – fransuzça **parle** – «geplemek» diýmekdir.

XIV asyrdan başlap parlament salgytlary bellemekden daşary, kanunlary işläp taýýarlamaga we kabul etmäge gatnaşmak hukugyny alýar.

?!

1. Normandlaryň basybalyşlarynyň Angliýa üçin ähmiýetini häsiýetlendirip beriň.
2. Feodal jemgyýetiniň Angliýada we Fransiýada ornaşdyrylmagynyň aýratynlyklaryny deňeşdirip, tapawutlaryny anyklaň.
3. «Beýik azatlyk hartiýasy»na siz nähili düşündiňiz?
4. Angliýanyň parlamenti barada aýdyp beriň.

## 27-§. ANGLIÝA ORTA ASYRLARYŇ SOŇUNDA

**Angliýa ýüz ýyllyk uruşlar döwründe.** Ýüz ýyllyk uruşlar Angliýanyň ykdysadyýetine-de uly zyýan ýetirýär. Korol **Riçard II** 1377-nji ýylda ýurtda goşmaça jan salgydy girizýär. 1380-nji ýylda jan başy salgydy 3 esse artdyrylýar. Salgydy ýygnamakdaky kanundan çykmalar, nähaklyklar Angliýada halk gozgalaňy başlanmagyna sebäp boldy.



**84-nji surat.** Uot Taýler gozgalaňy

Garyp ruhanylardan we monahlardan halk wagyz edijileri ýetişip çykypdyr. Halkyň arasynda uly abtraýa eýe bolan **Jon Boll** öz maslahatlarynda «*Adam Ata ýer sürüp, How Ene çarh egiren wagtda kim dworýan bolupdyr!*» diýip aýdan kinaýaly sözleri obalarda ýygy-ýygydan gaýtalanýardy. Jon Boll hemme adam deň, ýer bolsa ony işleýän adamyňkydygyny ana şol bilen subut edýärdi. Ol arhiýepiskopyň buýrugy bilen tussag edilipdir.

**Uot Taýler gozgalaňy.** Gozgalaň 1381-nji ýylyň maý aýynda salgyt ýygnaýjylarň adalatsyzlygyndan başlanyp, tiz arada Angliýanyň uly bölegini öz içine alýar. Gozgalaňçylar tarapyndan azat edilen Jon Boll onuň ýolbaşçylaryndan birine öwrülýär. Daýhanlardan ybarat gozgalaňçylar tünükeçi Uot Taýleriň baştutanlygynda paýtagta ýol alýar. London-

lylar gozgalaňçylara şäheriň derwezelerini açyp berýärler. Korol tarapdarlary, görnükli emeldarlaryň öýlerini otlaýarlar. Günäkäp hasaplanan emeldarlar öldürilip başlanýar.

Ýaş korol Riçard II gozgalaňçylar bilen gepleşiklere başlamaga mejbur bolýar. Duşuşykda kabul edilen «**Maýl End**» maksatnamasyna görä: daýhanlaryň tabynlygyny ýatyrmak, erkin söwda rugsat bermek, ýer salgydyny kemeltmäge razylyk berilýär. Korol bilen duşuşykdan soň gozgalaňçylaryň gurply bölegi öýlerine dargaýarlar. Ýöne gozgalaňçylaryň garyp bölegi muňa kanagatlanman Londonda galýar we korol bilen ýene duşuşmak üçin Smitfilde barýarlar. Täze işläp taýýarlanan maksatnamada feodallar çekip alan ýaýlalary we tokaýlary gaýtarmak, ybadathana ýerlerini elinden alyp daýhanlara bölüp bermek, ilatyň deň hukukly bolmagyny üpjün etmek ýaly talaplar bardy.



**85-nji surat.** Genrih VII Týudor

Duşuşyk wagtynda korolyň tarapdarlaryndan biri bilen jenjelleşp galan Uot Taýler çaknyşykda ýaralanyp heläk bolýar. Aljyraňňy ýagdaýa düşen daýhanlary, olaryň ähli talaplary ýerine ýetiriljekdigi wada berlip, şäheri terk etmäge razy edýärler. Ýöne gozgalaňçylaryň yzyndan iberilen goşun olardan aýawsyz öç alýar.

Gozgalaň ýeňlen bolsa-da, onuň täsirinde Angliýada daýhanlaryň zähmet borçnamalary ret edilýär. XV asyryň dowamynda tabyn daýhanlar tölegiň hasabyna azatlyga çykýarlar. Salgytlar tertibe salynýar.

**Angliýa XV asyrda.** Ýüz ýyllyk uruş gutarandan soň Angliýanyň taryhynda «**Gyzyl we ak güller**» (1455–1485) urşy adyny alan uruşlar bolup geçýär. Bu uruşda ilatyň 1/4 bölegi, at gazanan feodal aristokratlar – baronlaryň ählisi diýen ýaly gyrylýar. **Ýorklar**a garşy Boswortyň

golaýyndaky aýgytlaýjy söweşde (1485-nji ýyl) ýeňiji bolan **Lankasterler maşgalasy** goldan **Genrih Týudor** Angliýanyň tagtyna geçýär.

**Genrih VII Týudor** (1485–1509) döwründe korol häkimiýeti barha güýçlenýär. Uruşlarda gyrlyp giden normand aristokratlarynyň ýerine, lordlar palatasyna girizilen täze anglo-saks aristokratlary korolyň ynamyna gazanmaga ymtylýarlar. Umumypalata teklip edilen rysarlar we şäherliler hem Genrih girizen kanunlary tassyklap, oňa täze salgytlary ýyganmaga kömek edýärdi.

?!

1. Ýüz ýyllyk uruş döwründe Angliýadaky içki ýagdaý barada näme diýip bilersiňiz?
2. Uot Taýler gozgalaňyna getiren sebäpleri görkeziň.
3. Lankasterler we ýorklar dinastiýasynyň uruşlarynyň Angliýanyň syýasy taryhyndaky ähmiýeti nämede?
4. Genrih VII Týudor ýurtda nähili syýasat ýöredipdir?

## 28-§. GERMANIÝA

**Ýurduň hojalygy.** Germaniýada öndüriji güýçleriň ösüşi XII asyrdan başlanýar. Tokaýlar kesilip, batalar guradylyp ekin meýdanlaryna öwrülip başlanýar. Zähmet gurallarynyň kämilleşmegi hasyldarlygy artdyrýar. Däneli ekinlerden daşary zygyr ýetişdirmek, bagdarçylyk, üzümçilik ösýär.

Oba hojalygynyň ösüşi şäherleriň emele gelmegi, ýokarlanmagy bilen gönüden-göni baglydt. **Kýoln**, **Worms**, **Frankfurt**, **Ulm**, **Nýurnberg**, **Augsburg**lar iri hünärmentçilik we söwda merkezlerine öwrülýär. Germaniýanyň şäherleri goňşy Fransiýa, Niderlandiya, Italiýa, Wengriýa, Balkan ýarymadasyndaky ýurtlar bilen gyzgyn söwda-satyk alyp barypdyr. Nemes hünärmentleri öndüren mawut, biz,

metaldan ýasalan gural-ýaraglar, enjamlar başga ülkelerde-de gadyrlanypdyr.

**Syýasy ösüş.** Ştaufenler dinastiýasynyň iň meşhur wekillerinden biri **Fridrih I Barbarossa** (1152–1190) bolupdyr. Ilki Fridrih öz basybalyşlaryny haçly ýörüşler sebäpli baýan Italiýa şäherlerine gönükdirýär.



**86-njy surat.** Fridrih I Barbarossa

Muňa diňe Milanyň we Lombardiýanyň birnäçe şäherleri garşy çykýar. 1158-nji ýylda Ronkal jülgesinde çagyrylan seým (geňeş) imperatoryň Italiýadaky häkimiýetini çäklendirilmedik diýip ykrar edýär. Fridrih I-niň Bolonýadan teklip eden iň bilimdan hukukşynaslary onuň hyzmatyna girip, kanunlar toplumlaryny düzüp berýärler. Bu kanun boýunça Fridrih I «*ýerdäki janly kanun*» diýlip ykrar edilýär.

Bu ýagdaýda Milan baştutanlygynda Lombardiýa şäherleri basybalyjylara garşy gozgalaň turuzýar. Gozgalaňy basyp ýatyranda Milanyň ilatyna sekiz günde şäheri taşlap gitmek şerti goýulýar. Ýöne Milan XII asyryň 60–70-nji ýyllarynda gaýtadan dikeldilip, täze söweşe taýýarlanyp başlaýar. 1176-njy ýylda **Lenýano söweşi**nde Liga goşuny imperatoryň rysarlaryny çym-pytrak edýär. **Fridrih I** Demirgazyk Italiýa şäherlerine **kommuna** – erkinlik hukugyny bermäge mejbur bolýar.

**Innokentiý III** Germaniýanyň syýasatyna öz täsirini ýetiren Rim papasy boldy. Ol ähli diýen ýaly tarapyndan unudylan Barbarossanyň 18 ýaşly agtygyny ilki german knýazlary 1212-nji ýylda korol diýip ykrar edilmegini gazanýarlar. Soňky papanyň goldamakda **Fridrih II** aradan sekiz ýyl geçip imperator diýip yglan edilýär.



**87-nji surat.** Rim papasy Innokentiý III

**Fridrih II** imperatorlygynyň ýigrimi ýylyndan köpüsini Italiýada, Sisiliya korollygynda geçirýär. Onuň köşgünde


**88-nji surat.**
Fridrih II

arap, wizantiýaly we musaýy alymlar toplanypdyr. Fridrihiň özi arap we grek dillerini bilipdir, latyn we italýan dillerinde döredijilik edipdir. Onuň Palermodaky köşgi arap halyfalarynyň köşklerini ýatladýardy. Imperator Gündogar sazy, tanslary, Gündogar edebiýaty we şygryýeti, Gündogar binagärçiliginiň müşderiisi bolupdyr. Gündogar hökümdarlarynyň käbirleri bilen dostlaşypdyr.

Imperator ýurt boýunça hereketlenende ony söweşijiler we pilçiler oturan piller bile gidipdirler. Pilleriň yzyndan düýeler, ýolbarslar, şirler, gaplaňlar idilip barlypdyr. Raýatlarda bu proses güýçli täsir galdyrypdyr. Fridrih II diwanhanasynda latyn diliniň näzik taraplaryndan peýdalanyp, hatlar, resminamalar ýazylyp, oňa tutuş Ýewropa ökünipdir. Fridrih II ýazan «***Guşlar bilen aw etmek***» eseri onuň bu ugurdan gowy habarlydygyny delillendirýär; eser häzire çenli saklanyp galypdyr. Imperator ençeme mekdepleri we **Neapol uniwersiteti**ni esaslandyrypdyr. Ol buthana ýa-da şäher geňeşi däl, hökümdar tarapyndan döredilen birinji uniwersitet bolupdyr.

Döwürdeşleri Fridrih II-niň adatdan daşary ukybyna we güýjüne kaýyl galyp, oňa «Dünýä geňligi» diýip at berýärler.

Fridrih II aradan çykandan soň papalaryň tarapdarlary ştaufenler dinastiýasynyň wekillerini tagtdan daşlaşdyrjak bolupdyrlar.

Germaniýada ýigrimi ýylyň dowamynda umuman imperator saýlanmaýar. Knýazlar 1273-nji ýylda toplanyp **Rudolf Gabsburg**y tagta geçirýärler. Emma Gabsburglaryň ilkinji dolandyryşy uzak dowam etmändir **Lýuksemburglar** dinastiýasyna garşy göreş alyp barýar. Gabsburglaryň 369 ýyllyk imperatorlyk döwri diňe 1437-nji ýyldan başlanýar.

Germaniýada Saksoniýalylar, Frankoniýa, Ştaufenler, Lýuksemburglar, Gabsburglar dinastiýalary hökümdarlyk edipdir.

**German şäherleri.** Nemes knýazlary, haçly ýörşe gatnaşyjy rysarlaryň Baltik boýundaky basybalyşlary Germaniýanyň demirgazygyndaky şäherleriň ýokarlanmagyna ýol açýar. Bu şäherler XIV asyryň ortalaryna gelip **Ganza bileleşigine** birleşýärler. Bu bileleşik diňe bir ykdysady meseleler hem-de söwda-satyk bilen meşgullanmazdan, XIV asyryň 70-nji ýyllarynda Demirgazyk deňizde söwdadaky bäsdeşi Daniýa korolyna uly zarba berýär.

Ganza bileleşiginden daşary soňky orta asyrlarda Germaniýanyň başga bölegindäki şäherler hem ýokarlanýar. Dunaýyň kenary boýunça ýerleşen 90 sany şäheri birleşdirýän **Şwabiya bileleşigi** Italiýanyň şäherleri bilen gönüden-göni söwda edipdir. **Augsburg**, **Ulm** we **Nýurnberg** şäherleri mawut, biz, ýüp-matalar öndürmekde, metal enjam, gural-ýaraglar ýasamakda öňdebaryjy orny eýeläpdir.

Germaniýanyň şäherleri Ganza we Şwabiýa söwda bileleşiklerine birleşýärler.

**Kýoln**, **Worms**, **Strasburg** şäherlerinde metal öndürmek we mawut dokamak ösüpdir. Bu şäherler Niderlandiýa, Fransiýa we Italiýa bilen söwda-satyk alyp barypdyr.

?!

1. Germaniýanyň (Mukaddes Rim imperiýasy) ösen orta asyrlardaky hojalygyny häsiýetlendirip beriň.
2. German şäherlerini sudury karta geçirip, olar barada çeşmeler, internet maglumatlaryňyzy aýdyp beriň.
3. Fridrih I Barbarossa barada tapan maglumatlaryňyzy aýdyp beriň.
4. Imperator Fridrih II-ni döwürdeşleri näme üçin «dünýä geňligi» diýipdirler? Onuň işi barada aýdyň.

## 29-§. RUS KNÝAZLYKLARY

**Feodal dagynyklygy.** Rus knýazlyklary dagynyk we özara ganly uruşlaryň girdabyndadаdy. Mundan peýdalanan gypjaklaryň hüjümleri ýagdaýy has-da çylşyrymlylaşdyryp, käbir knýazlar gypjaklar bilen bileleşik düzüp, goňşy knýazlyklara garşy ýörüşler hem edýärdi.

Ençeme knýazlar bu ýagdaýdan çykmagy, gapma-garşylyklary çäklendirmegi oýlap başlaýarlar. Kiýew knýazy **Ýaroslaw Mudry**nyň ogly **Wladimir Monomah**yň 1097-nji ýylda Lýubeç şäherinde knýazlaryň birinji sýezdini çagyrmagy-da, esasan, özara uruşlary çäklendirmäge niýetlenen. Sýezdiň «*her kim öz ýerine eýelik etsin*», diýen möhüm karary özge knýazlyklara garşy basybalyşlary togtatmagy nazarda tutupdy.



**89-njy surat.** Lýubeçdäki sýezd. Wladimir Monomahyň Kiýew knýazy Swýatopolk bilen duşuşygy

Şol bir wagtda Kiýew knýazynyň mertebesi peselýär. Ol öňki ýaly rus ýerlerini ogullaryna islendikçe bölüp bermek hukugyndan el çekmäge mejbur bolýar. Kiýew Rusy syýasy dagynyklyk döwrüne girýär.

XII asyr ortalarynda gapma-garşylyklar barha güýçlenýär. Rusda bu wagtda özbaşdak 15 knýazlyk bolupdyr. Batyhanyň basybalyşlarynyň öňüsyrasynda bolsa olar 50-ä ýetipdir.

**Nowgorod respublikasy.** Nowgorod Kiýew bilen aragatnaşygyny üzen ilkinji knýazlyk bolupdyr. XI asyrda dörän Nowgorod, soňluk bilen diňe bir Rusuň däl, eýsem Ýewropanyň hem iri hünärmentçilik we söwda merkezine öwrüldi.

Nowgorod knýazlygyna, däbe görä, XI asyrda naýyplyga Kiýew knýazynyň uly ogly goýlupdyr. Ýöne ýyllar geçip ýerli boýarlaryň täsiri güýçlenip, olar knýaz häkimiýetini çäklendirip, Nowgorod boýarlar respublikasyna öwrülýär.

Nowgorodlylar weçesi Monomahyň agtygy **Wsewolod Mstislawiçi** 1136-njy ýylda knýazlyk tagtyndan aýryp, zyndana taşlamagy karar edýär. Hut şu wagtdan şäher üzül-kesil feodal respublikasyna öwrülýär. Nowgorodyň syýasy durmuşynda esasy orun halk weçesine, ol saýlanan şäher häkimine, saýlanýan «şäher dumasy» we ýepiskopyň eline geçýär.

**Wladimir-Suzdal knýazlygy. Moskwa.** Ýerli boýarlaryň merkezi häkimiýete garşy göreşi XII–XIII asyrlarda **Kiýew**, **Galiç-Wolyn**, **Wladimir-Suzdal** knýazlyklarynda hem bolýar. Wladimir Monomahyň ogly **Ýuriý Dolgorukiý** XII asyrda Wolga we Oka derýalarynyň basseýnindäki ýerleri dolandyrýardy. Knýazlykda **Rostow, Suzdal, Ýaroslawl, Wladimir** ýaly şäherler esaslandyrylýar. Knýaz Dolgorukiýniň Kiýewiň üstünden 1147-nji ýyldaky ýeňşi mynasybetli esaslandyrylan **Kuçkowo** galasy, soňluk bilen **Moskwa** adyny alýar. Ýuriý Dolgorukiýniň nesilleri Wladimir knýazlygyny **Iwan Groznyý** – XVI asyryň ortalaryna çenli dolandyrýarlar.



**90-njy surat.** Moskwa.Ýuriý Dolgorukiniň heýkeli

XIV asyrdan başlap Wladimir-Suzdal knýazlygy we Moskwa şäheri Rus ýerleriniň birleşmegine esas bolýar.

?!

1. Siziň pikiriňizçe, Rusdaky feodal dagynyklygyň sebäpleri nämede?

2. Rus knýazlyklaryndaky ýaly syýasy dagynyklyk ýene haýsy döwletlerde bolupdyr?
3. Nowgorod knýazlygy näme üçin özbaşdaklyga ymtylypdyr?

## 30-§. RUSLARYŇ BASYBALYJYLARA GARŞY GÖREŞI



**91-nji surat.** Mongollaryň Rus ýerlerini basyp almagy

**Mongollaryň Rus ýerlerini basyp almagy. Çingizhan** Orta Aziýany we Eýranyň demirgazygyny basyp alandan soň mongollar 1223-nji ýylda rus ýerlerine-de çozup girýär. Mongollar rus esgerlerini atly goşun hereketi üçin amatly meýdana çykaryp, çym-pytrak edýär.

Çingizhanyň agtygy **Batyhan** 1237–1242-nji ýyllarda Gündogar Ýewropada basybalyjylykly uruşlary alyp barýar. Onuň goşunlary ilki Rus knýazlyklaryny, soňluk bilen Polşany, bölekleýin Serbiýany we Bolgariýany basyp alýarlar.

Rusdaky feodal dagynyklyk mongollara amatlyk döredýär, ilki Wolga boýy şäherleri, soň Kiýew 1240-njy ýylda alynýar.

Batyhan täze basyp alnan çäklerde **Altyn Orda** hanlygyny düzýär. Onuň ilkinji paýtagty **Köşk Botu** Wolga derýasynyň aşaky akymynda, häzirki Astrahan şäheriniň golaýynda bolupdyr.

**Batyhan** boýun egdirilen ilatdan salgytlary we tölegleri tizräk toplamak üçin **Ýaroslawy** «knýazlaryň aksakgallygy»-

na belläp, oňa Wladimir knýazlygyny dolandyrmak ýarlygyny berýär.

Mongollaryň basybalyşlary rus döwletiniň ykdysady we medeni ýokarlanmagyna erbet täsir edip, onuň ösüşini peseldýär.



**92-nji surat.** Aleksandr Ýaroslawiç

**Ruslaryň nemes we şwed basybalyjylaryna garşy göreşi.** XIII asyryň başlarynda Baltikboýunda ýaşaýan **est** we **lit** taýpalaryna garşy nemes feodallary uruş alyp barýar. Rim papasy haçly ýörüşler diýip yglan eden bu uruşlardan ýene bir maksat ýerli ilaty katolik dinine geçirmekdi. Nemes rysarlary estleriň ýerlerini eýeländen soň, Nowgorod-Pskow araçäklerine ýakynlaşýar. Nemes rysarlaryndan soň şwed feodallary hem işeňňirleşýär. Olar 1240-njy ýylda Newa derýasy boýunça Nowgorod ýerlerine çozup girýärler.

Şu şertde Nowgorod knýazy **Aleksandr Ýaroslawiç** 1240-njy ýylyň 15-nji iýulunda Newa derýasynyň kenaryndaky söweşde şwedleriň üstünden ýeňiş gazanýar. Şu ýeňşiň şanyna knýaz Aleksandra **Newskiý** ady berilýär.

Nowgorod-Pskow knýazlygynyň mongollaryň ünsünden çetde galan baý ýerleri nemes rysarlaryny hem özüne çekýär. Nemesleriň goşuny 1240-njy ýylda Pskowy eýeleýär. Şol ýylyň gyşynda nemes rysarlary Nowgorodyň araçäklerine ýakynlaşýar. Bu şertde Nowgorody goramaga ýene Aleksandr Newskiý baştutanlyk edýär. Knýaz Suzdalyň goşunlarynyň kömeginde Pskow we onuň töweregindäki ýerleri azat edýär. Aýgytlaýjy söweş 1242-nji ýylyň aprelinde **Çud kölü**nde bolup, Aleksandr Newskiý baştutanlygyndaky rus goşunlary nemes rysarlarynyň üstünden ýeňiş gazanýar. Bu söweş Rus taryhynda «Buzuň üstündäki söweş» ady bilen galýar.

?!

1. Mongollar Rus ýerlerine nireden geçenligini kartadan görkeziň.

2. Haýsy ýyllarda Batyhan Rus ýerlerini basyp alýar?
3. Nowgorod knýazy Aleksandr Ýaroslawiç kimlere garşy söweş alyp barýar?

## 31-§. RUS KNÝAZLYKLARYNDAKY MERKEZLEŞME PROSESLERI

**Merkezleşme faktorlary.** Mongol basybalyşlary netijesinde Rus ýerleri agyr ýitgi çeken bolsa-da, ykdysady ösüş bütinleý togtap galmaýar. Rus şäherlerinde hünärmentçilik we söwda-satygyň janlanmagy, dürli welaýatlaryň arasyndaky aragatnaşyklaryň güýçlenmegi, oba hojalygyndaky ilerlemeler Rus ýerleriniň birleşmegine kömek edýär.

Ýurduň birleşmegine daşky duşmanlara, şol sanda, Altyn Orda hanlaryna garşy göreş hem täsir edýär.

**Rus ýerleriniň birleşmegi.** XIV asyryň başlarynda Wladimir knýazlygynyň **Twer** we **Moskwa** şäherleri rus ýerleriniň täze merkezleri hökmünde ösüp başlaýar.



**93-nji surat.** Rus knýazy Dmitriý Donskoý

Altyn Orda hanynyň ýarlygyna görä Rus ýerlerinden salgyt ýygnamak meselesinde Twer we Moskwa knýazlarynyň arasynda ýiti göreş gidýär we, netijede, knýazlardan birnäçesi mongollar tarapyndan öldürilýär. Bu göreş diňe knýaz **Iwan Kalita** (1325–1340) döwründe üzül-kesil Moskwanyň peýdasyna çözülýär. Moskwa knýazlary XIV asyryň ortalaryna gelip ep-esli güýç toplaýar. Bu güýç bilen Altyn Orda garşy göreşmek hem mümkindi.

XIV asyryň ortasyndan Altyn Orda hem syýasy gapma-garşylyklar döwrüne girip, ol 20 ýyl dowam edýär.

Mongollara garşy göreşde **Dmitriý Iwanowiç** 1378-nji ýylda Woje derýasynyň boýunda ilkinji ýeňiş gazanýar.

Don derýasynyň kenaryndaky **Kulikowo meýdanyn**da knýaz Dmitriýniň goşunlary 1380-nji ýylyň sentýabrynda

Altyn Orda tümenbaşysy **Mamaýyň** baştutanlygyndaky goşunyň üstünden ýene bir ýeňiş gazanýar. Bu ýeňşiň şanyna Moskwa knýazy hormatly **Donskoý** adyny alýar. Emma aradan iki ýyl geçip **Togtamyşhan** ýene Moskwanyň üstünden hökümdarlygyny ornaşdyrýar.

**Sahypgyran Emir Temuryň** Altyn Ordanyň üstünden 1391-nji ýylda **Gunduzça**, 1395-nji ýylda **Terek** derýasynyň boýundaky söweşlerdäki ýeňişleri Rus ýerleriniň we Gündogar Ýewropa halklarynyň mongollar zulmundan azat edilmeginde aýgytlaýjy faktorlardan bolýar.



**94-nji surat.** Emir Temuryň heýkeli

Knýaz **Iwan III** döwründe 1480-nji ýylda Moskwa Altyn Orda paç-ýasak tölemekden kelle towlaýar. Şeýdip Rus ýerlerinde uzak wagt dowam eden mongollaryň hökümdarlygy tamamlanýar.

Rus knýazlyklarynyň mongollardan azat bolmagynda Sahypgyran Emir Temuryň hyzmatlary nähili bolupdyr?

?!

1. Haýsy şäherler XIV asyryň başlarynda rus ýerleriniň täze merkezleri hökmünde ösüp başlaýar?
2. Moskwa knýazlygynda Altyn Orda garşy göreşmek üçin nähili amatly ýagdaý emele gelýär?
3. Kulikowo söweşiniň ähmiýeti nämededi?

## 32-§. ÝEWROPA MEDENIÝETI

**Dünýä baradaky düşünjeler.** Bu döwrüň adamlary üçin wagt daň, gündiz, agşam we gijeden ybarat bolupdyr. Adamyň durmuşy diňe ýylyň pasyllarynyň: gyşyň, baharyň,



**95-nji surat.** Pariž uniwersitetinde filosofiýadan doklad okalýar. Orta asyr miniatýurasyndan

tomsuň, güýzüň çalyşmagy bilen kesgitlenipdir. Şol bir wagtda ilat tarapyndan däpler, urp-adatlar we däpleriň ýerine ýetirilişine berk amal edilipdir.

Adamyň ortaça ömri uzak bolmazdan, adamlar 40 ýaşdan soň garry hasaplanypdyr. Çagalaryň ölümi köp bolupdyr.

Şäherleriň we söwdanyň ösmegi bilen adamlarda dünýäni görmek mümkinçiligi döreýär. Haçly ýörüşler bolsa ýewropalylar üçin dünýä äpişge açypdyr. Syýahatçylar uzak ýurtlarda ýaşaýan halklaryň urp-adatlary we medeniýetleri barada gyzykly maglumatlar getirip başlaýarlar.

Olardan biri wenesiýaly söwdagär we syýahatçy Marko Polody. Özüniň «***Marko Polonyň kitaby***»nda syýahatçy 1271–1295-nji ýyllaryň dowamynda Uzak Gündogarda we Hytaýda gören-geçirenlerini suratlandyrýar.



**96-njy surat.** Oksford uniwersiteti

**Magaryfyň ösüşi.** Günbatar Ýewropa medeniýeti XII–XIII asyrlardan ösüp başlaýar. Şäherleriň ýokarlanmagy, hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegi, Wizantiýa we Arap halyfaty medeniýetleri bilen tanyşmak ýewropalylaryň dünýägaraýşyny, bilim möçberini giňeldýär. Şäherlerde hususy we şäher geňeşleriniň dolandyryşyndaky mekdepleriň sany barha artýar. Şeýle mekdepleriň okuwçylary buthana mekdeplerindäkä garanda dünýewi bilimleri giňräk we çuňňurrak alypdyrlar. XII asyrdan başlap iri şäherlerde ilkinji ýokary mekdepler – **uniwersitetler** açylyp başlandy. Şol sanda, **Bolonýa**da we **Pariž**de ilkinji uniwersitetler döräp, olar öz döwri üçin ýokary maglumat beripdir. Iň iri uniwersitet Pariždedi. Onuň esaslandyran korol maş-

galasynyň ruhanysy **Rober de Sorbon** bolupdyr. Koroldan mahsus ýarlyk alan uniwersitetler doly özbaşdak bolupdyrlar.

XIII–XV asyrlarda Ýewropanyň ähli diýen ýaly ýurtlary öz uniwersitetlerine eýe bolýarlar. Olary papa we ýepiskoplar, imperator we korollar, knýazlar we şäherler düzüpdir.

**Uniwersitetler** (latynça, **universitas** – toplum, umumylyk**)** – ylmyň dürli ýönelişlerinde hünärmenler taýýarlaýan ýokary okuw jaýlary. Ilkinji uniwersitetler XII–XIII asyrlarda Italiýada (Neapol, Bolonýa), Ispaniýada (Sewilýa, Walensiýa), Fransiýada (Pariž, Tuluza), Angliýada (Oksford, Kembridj) döredilipdir.

**Magistrleriň we şkolýarlaryň bileleşikleri.** Uniwersitet bu mugallymlaryň we okuwçylaryň jemgyýetidir. Uniwersiteti mugallymlar – **magistrler** dolandyrypdyrlar. Uniwersitetler ençeme ýeňilliklere eýe bolupdyr we ýerli hökümdarlara boýun egmändir.

Görnükli mugallymlaryň çykyşlaryna şkolýarlar (okuwçylar) Ýewropanyň dürli künjeklerinden gelipdirler. Käte Parižde 30 müňe çenli talyp bir wagtyň özünde toplanypdyr. Talyplaryň okuwy birmeňzeş gatlaga degişli şkolýarlar toparlary tarapyndan dolandyrylypdyr. Şowly talyplar häzirki ýatakhanalara meňzeş **kollegiýa**lara ýerleşmäge miýesser bolupdyrlar. Iň gadymky Pariž kollegiýalaryndan biri – **Sorbon**yň ady soňluk bilen bütin uniwersitete geçipdir. Angliýada we Fransiýada kollegiýalar täze okuw edaralary – **kolležler**e esas bolupdyr.

Okatmak **fakultet**lerde alnyp barlyp, olaryň her birini **dekan** dolandyrypdyr. Bileleşigiň başynda bolsa saýlanan **rektor** ýa-da häkimiýet tarapyndan bellenen **kansler** durupdyr.

Mekdepleriň we uniwersitetleriň ösüşi dowamynda kitaba talap güýçlenýär. Kitaplary XII asyrda monahlar dälde, şäherlerde mahsus açylan ussahanalarda hünärmentler taýýarlamak bilen olar arzanlap başlaýar. XIV asyrdan

başlap kagyzdan giň peýdalanmak kitap önümçiligini has-da ösdürýär.

Nemes inženeri **Iogann Gutenberg** 1445-nji ýylda kitap çap edýän stanogy açyş edýär. Onuň oýlap tapmasy kitaby köpçülikleýin ýaýramagyna getirýär.



**97-nji surat.** Rojer Bekon

**Ylmyň ösüşi.** Oksford uniwersitetiniň professory **Rojer Bekon** (XIII asyr) ylymdaky üstünlikleri diňe ylmy gözegçilikler we tejribeler ýoly bilen gazanmak mümkinligini subut edýär. Onuň özi optika, fizika, himiýa ylymlaryna degişli tejribeler geçirýär. Bekon özi ýüzýän gämi, suwasty gämisi we howada uçýan apparatlary gurmak mümkinligini aýdypdyr. Bekonyň durmuşy kynçylyk we howp astynda, buthana yzarlamagynda geçýär.

Orta asyrlarda astrologiya, alhimiýa ylymlary ýokary derejede ösüpdir. Münejjim-astrologlar asman jisimleriniň hereketlerini öwrenip, geljegi öňünden aýdyp bermäge çalşypdyrlar. Korollar, serkerdeler, söwdagärler we syýahatçylar haýsy-da bolsa bir çäräni başlamazdan öň, hökman, olar bilen maslahatlaşypdyrlar. Alhimikler islendik magdany altyna öwürýän «jadyly daşy» gözläpdirler. Tejribeler täze himiki birleşmeleri, kislotalary, mineral reňkleri almaga mümkinçilik berýär. Münejjimler we alhimikler öz gözlegleri dowamynda himiki peç, arassalaýan, sürýän, filtrleýji esbap-enjamlary oýlap tapypdyrlar.

?!

1. Orta asyr adamlarynyň dünýä baradaky düşünjeleri nähili bolupdyr?
2. Siziň pikiriňizçe, näme sebäpden orta asyr adamlary uzak ýaşamandyrlar?
3. Çagalar mekdeplerde nämeleri öwrenipdirler?
4. Uniwersitetler barada ýadyňyzda galanlary aýdyň.
5. Tejribä esaslanan ylmyň ösmegine näme itergi berýär?

## 33-§. ÝEWROPADA BINAGÄRÇILIK, SUNGAT WE EDEBIÝAT

**Binagärçilik.** Ilki binalar we hatda galalar agaçlardan gurlupdyr. XI asyra gelip Günbatar Ýewropada gurluşyk ugry hem ösüp başlaýar. Gurluşykda daşdan giň peýdalanmaga geçilýär. Ondan ilkinji ybadathanalar we monastyrlar gurulýar. Gurluşyk daşlary bolmadyk Angliýada we Polşada köşkler, ybadathanalar bişen kerpiçden gurlup başlaýar. Fransiýa, Italiýa we Germaniýa binagärçiliginde ilki **roman stili** agdyklyk edýärdi.

Roman ybadathanasy daşky tarapdan galany ýada salýar. Onuň özboluşly taraplary şundan ybarat bolup, äpişgäniň depesi, ybadathana girilýän içki gümmezler ýarym töwerek şeklindäki arka bilen bezelipdir. Germaniýadaky **Laah** monastyrydaky buthana (XI asyr) roman stiliniň açyk nusgasydyr.



**98-nji surat.** Germaniýa. Laah monastyry. XI asyr

Däbe görä, kaşaň we beýik baş buthana binasy şäheriň merkezinde gurlupdyr. Bu meýdanyň töweregindäki binalar **gotika stilin**de gurlup, ol binagärçilikdäki roman stilini sürüp çykarýar. Bu stilde gurlan ymaratlar beýikligi bilen tapawutlanýar. Mahabatly, agras gümmeziň ýerini uçly, beýik gümmezler eýeleýär. Gotika stilinde gurlan iň meşhur desgalar: Pariždäki ***Bibi Merýem ybadathanasy***, ***Ruan, Reýms*** we ***Şartr*** (Fransiýa), ***Milan*** (Italiýa) ybadathanalarydyr.

**Roman stili** – Günbatar Ýewropa sungatynda X asyrdan XII–XIII asyrlara çenli höküm süren çeper stil. Onda Gadymky Rim binagärçiligi stilinden we elementlerinden giň peýdalanylypdyr.

**Gotika stili** – Gotika XII asyryň ortalarynda Demirgazyk Fransiýada emele geldi. XIII asyryň birinji ýarymynda ýokary derejede ösdi.

Orta asyrlarda **Wizantiýa** we **Arap binagärçiligi** hem özünden ajaýyp desgalar galdyrypdyr. Wenesiýadaky ***Keramatly Mark ybadathanasy*** we ***Dojlar köşgi*** Wizantiýa stilinde gurlan. Ispaniýanyň Sewilýa şäherinde metjit we ***Al-Kasar galasy***, Granadadaky ***Al-Hemra*** köşkleri arap binagärçiliginiň dürdäne- leri hasaplanýar.



**99-njy surat.** Fransiýa. Reýms ybadathanasyndaky Bibi Merýem heýkeli

**Heýkeltaraşlyk.** Onuň ösmegi gönüden-göni binagärçilik bilen bagly bolupdyr. Buthanalaryň we monastyrlaryň binalary hudaýyň, keramatlylaryň we korollaryň heýkelleri bilen bezelipdir. Heýkelleriň esasy buýurmaçylary buthana bolanlygy sebäpli olarda dini tema ýokary durupdyr. Iň köp duşýan Bibi Merýemiň heýkelleri (Ýewropada «**Madonna**» diýilýär) özünde enäniň perzende bolan mährini aňladypdyr.



**100-nji surat.** Pariž. Şartr ybadathanasy. Witraž. Bibi Merýem bäbegi bilen. XII asyr

**Şekillendiriş sungaty.** Roman stilinde gurlan ybadathanalaryň diwarlaryny we petiklerini dini temadaky suratlar bezäp durupdyr. Gotika binagärçiligindäki buthanalarda äpişgeleriň arasynda suratlar çekmek üçin ýer hem bolupdyr. Şu sebäpli äpişgelere ýönekeý aýnalaryň ýerine **witražlar** – dury reňkli çüýşelerden ýasalan surat ýa-da aýratyn bezegler salnypdyr.

Kitaplary bezemek üçin şekillendiriş sungatynyň täze ýönelişi – ***miniatýuralar*** oýlap tapylýar. Olarda orta asyr adamlarynyň durmuşynyň dürli peýzažlary

suratlandyrylypdyr. Witražlarda we miniatýuralarda daýhanlaryň we hünärmentleriň zähmet prosesleri, söweş peýzažlary we başgalar suratlandyrylypdyr.

**Miniatýura** (fransuzça, **miniature;** latynça, **minium** – gyzyl boýag) – çeper usullary örän nepis bolan kiçi göwrümli şekillendiriş sungaty eserleri. Orta asyr golýazmalaryny timarlamak üçin döredilen nepis, kiçijik suratlar.

**Tebigata we adama gyzyklanmanyň peýda bolmagy.** Täze medeniýet işgärleri adamy öwrenmegi özleriniň esasy wezipeleri hasaplapdyrlar. Şu sebäpden olary **gumanistler** diýip atlandyrýarlar. Täze Galkynyş ýa-da Gumanizm medeniýetiniň görnükli wekilleri adam we onuň döredijilik genisini ykrar etmäge çagyrýarlar.

Galkynyş adalgasy bolsa (fransuzça «**Renessans**») täze medeniýetiň antik döwür bilen baglylygyny görkezýär. Gündogara haçly ýörüşler we ondan soňky Lewant bilen söwda-medeniýet barasyndaky hemişelik aragatnaşyklar italiýalylaryň gadymky grek golýazmalary, antik sungat we binagärçilik ýadygärlikleri bilen tanyşmagyna mümkinçilik berýär.

**Galkynyş medeniýeti merkezleri.** Bu döwürde Italiýada **Florensiýa** aýratyn orun tutýar. Söwdadan gelen girdeji ony Ýewropanyň iň baý şäherlerinden birine öwürýär. Şäher häkimleri toplanan baýlyklaryň hasabyndan binagärçilik ýadygärliklerini gurduryp, heýkeltaraşlygy we suratçylygy ösdüripdirler. Iň meşhur suratçylar, heýkeltaraşlar, binagärler Florensiyadan bolup, şäher-respublika häkimleri olaryň bereketli döredijiligi üçin şert döredip beripdirler.



**101-nji surat.** Florensiýa

Medeniýet merkezlerinden ýene biri **Wenesiýa**dy. Şäherde kitap çap etmek ösüpdir. Wenesiýada neşir edilen antik döwür awtorlarynyň we gumanistleriň eserleri bütin Ýewropada giň ýaýrapdyr.



**102-nji surat.**
Françesko Petrarka

**Irki gumanizm.** Irki Galkynyş we gumanizmiň Ýewropadaky ilkinji wekili şahyr **Françesko Petrarka** (1304–1374) bolupdyr. Özüniň lirik goşgular toplumlary: «*Aýdymlar kitaby*» we «*Goşgy hatlar»y* bilen şahyr täze Ýewropa medeniýetiniň döredilmeginiň esaslandyryjylaryndan birine öwrülipdir.

Onuň dostlary we dowamçylary **Bokaçço** we **Salýutati**ler döredijiligi XV asyryň başlarynda Italiýada *irki gumanizm* döwrüni jemleýär.

**Kolýuçço Salýutati** (1331–1406) Florensiýada ýaşap ýokary döwlet wezipesinde işläpdir. Özüniň köp işlerinde Petrarkanyň we Bokaççonyň gumanistik taglymlaryny has-da ösdüripdir Salýutati ýokary taglymly, okumyş adamy terbiýelemekde gumanitar ylymlar: filologiýanyň, ritorikanyň, taryhyň, pedagogikanyň, etikanyň örän möhümdigini nygtapdyr.

?!

1. Binagärçilikdäki roman we gotika stilleriniň arasyndaky tapawut nämede?
2. Suratçylyk we heýkeltaraşlyk sungatlary barada aýdyň. Gumanistler kimler?
3. Galkynyş döwri diýende nämäni düşündiňiz?
4. Galkynyş medeniýeti merkezleri barada aýdyň.

# V BAP. AZIÝA, AMERIKA WE AFRIKA HALKLARY

## 34-§. SELJUKLAR DÖWLETI

**Seljuklar döwleti.** Orta Aziýada **Saljukbek** esaslandyran dinastiýanyň baştutanlygyndaky oguz taýpalarynyň Alynky Aziýa iri harby ýörüşleri XI asyrdan başlap güýçlenýär. Içki gapma-garşylyklardan güýçden gaçan Gündogar Rim imperiýasy göçme türk taýpalarynyň hüjümlerine garşylyk görkezip bilmeýär. Wizantiýanyň hakyna tutma goşuny bolsa Seljuklaryň soltany **Alp Arslan**yň leşgeri tarapyndan 1071-nji ýylda **Mansikert söweşi**nde derbi-dagyn edilýär. Imperator **Roman IV Diogen** söweşde ýesir alynýar. Bu şowsuzlykdan soň wizantiýalylar garşylyk görkezip bilmänligi sebäpli köp sanly türki taýpalar Kiçi Aziýa ýol alýar.

**Seljuklar döwleti** – Seljuklar dinastiýasy dolandyran döwlet (1038–1308). Ony Saljugyň agtygy Soltan Togrulbek esaslandyrypdyr.

**Jemgyýetçilik düzümi.** Oguzlar bu wagtda urug-obşinasynyň krizisi we emläk taýdan gatlaklanma basgançagynda ýaşapdyrlar. XI asyryň ahyrynda Kiçi Aziýany doly diýen ýaly basyp alan oguzlar onda özleriniň ençeme emirliklerini düzýärler. Emirler resmi taýdan Seljuklar dinastiýasy hökümdarlygyny ykrar etseler-de, amalda öz ýerlerini özbaşdak dolandyrypdyrlar.

Hut şu wagtdan göçme türki taýpalaryň oturymly durmuşa geçmegi başlanýar. Oturymlaşýan türkler ülkäniň düýpli ilaty ýaly ekerançylyk we hünärmentçilik bilen meşgullanyp başlaýar. Bular XII–XIII asyrlarda seljuklarda-da ýer eýeçiligine esaslanan döwletiň doly şekillenmegine getirýär.

Ýurtda şekillenen iri ýer eýeçiligi we salgytlar ulgamy Gündogardaky yslam döwletleriniňkiden tapawutlanmandyr diýen ýalydy. Ähmiýetli tarapy, seljuklarda döwlet ýerler-

iniň hususiy ýerlere garanda köp bolmagydy. Döwlet ýerleriniň uly bölegi **ikta** terzinde harbylara we emeldarlara hyzmatlary hasabyna peşgeş berlipdir. Ikta ilki miras mülk bolmazdan, diňe hyzmat möhleti dowamynda peýdalanmak şerti bilen berlen.

Ýuwaş-ýuwaşdan türki taýpalaryň ýerli ilat bilen gatyşmagy täze etnos – **türk halky**nyň şekillenmegine esas bolýar. Proses XIII asyryň 20–30-njy ýyllarynda güýçlenýär. Ýöne 1243-nji ýyldaky mongol basybalyşlary döwletiň soňky ösüşine erbet täsir edýär. XIV asyryň başlaryna gelip, Kiçi Aziýadaky Seljuklar döwleti dargap gidýär.

?!

1. Kiçi Aziýadaky Seljuklar döwleti haçan döräpdir?
2. Türkleriň jemgyýetçilik düzümi barada nämeleri ýatda sakladyňyz?
3. Ýer eýeçiligine esaslanan Seljuklar döwleti haýsy asyrlarda berkara bolupdyr?
4. Türk halkynyň şekillenmegi barada nämeleri bilýärsiňiz?

## 35-§. OSMANLY TÜRKLER DÖWLETI



**103-nji surat.** Osmanly türk harbylary

**Osmanlylar döwletiniň emele gelmegi. Osman beýligi** Kiçi Aziýanyň demirgazyk-günbatar çäginde döräpdi. Onuň soňky ösüşine Wizantiýa bilen goňşy bolanlygy kömek edýär. Barha gowşap barýan imperiýa garşy harby hereketler beýligiň ýerleriniň barha giňelmegini üpjün edýär. Giň basybalyşlar Osmanlylar goşunyna başga taýpalardan hem söweşijileriň gelip goşulmagyny üpjün edýär.

Dinastiýany esaslandyran **Osman** (1299–1326) döwründe ençeme ýörüşler guralyp, **Bursa** şäheri we onuň töwerekleri basyp alynýar. Onuň ogly **Orhan** Wizantiýa şäherleri **Nikeýa**ny we **Nikomediýa**lary alyp, Gara deňziň kenaryna çykýar. Ilki beýligiň dolandyryş ulgamy örän sada bolup, beý derejesi Osmana we Orhana taýpa baştutanlary ýygnagynda berlipdir. Beýleriň esasy wezipesi bolsa türki taýpalaryň harby güýçleriniň goňşy çäkleri basyp almagyny üpjün etmek bolupdyr. Beyligiň barha güýçlenmegi onuň dolandyryşyna hem özgerişler getirýär. Netijede Orhanyň dolandyran wagtynda ilkinji gezek **wezir** wezipesi döredilýär. Teňň pul zikgelenip, döwlet ýerleri administratiw birliklere bölünýär. Orhan harby özgertme geçirýär we goşuny pyýada we atly bölümlere («musallam») bölüp, harby birliklere öwürýär.

**Osmanlylar döwleti** – Kiçi Aziýa, Gündogar Ýewropa, Ýakyn Gündogar we Demirgazyk Afrika, bölekleýin Kawkaz we Krymda *osman dinastiýasy* dolandyran döwlet (1299–1922). Esaslandyran – Osman I.

**Balkan ýarymadasyndaky basybalyşlar.** Osmanlylaryň basybalyşlaryna çenli Balkan ýarymadasynda: **Wizantiýa, Serbiýa, Bolgariýa, Bosniýa** ýaly iri döwletler bardy.

Emma syýasy dagynyklyk we içki gapma-garşylyklar bu döwletleri türkleriň basybalyşlaryna garşy birleşmegine mümkinçilik bermedi.



**104-nji surat.** Baýazid Ýyldyrym bilen Emir Temuryň arasyndaky Ankara söweşi. Orta asyr arap miniatýurasyndan

Balkandaky ilkinji basybalyşlar XIV asyryň ortalarynda bolupdyr. Türkler onuň esasy bölegini soňky otuz ýylyň dowamynda eýeleýär. Türk soltany **Baýazid** (1389–1402) bu söweşlerde özüniň ýeňişleri bilen şöhrat gazanyp – **Ýyldyrym** (çalasyn) adyny alýar. Soltanyň **Konstantinopol**y gabamagy Ýewropany aljyradýar.

Şol bir wagtda **Emir Temur**yň Baýazide garşy Kiçi Aziýa ýörüşi başlanýar. 1402-nji ýylyň ýazynda **Ankara**nyň golaýyndaky söweşde sahypgyranyň goşunlary Baýazidiň leşgerini ýeňýär. Bu waka türkler tarapyndan Konstantinopolyň alynmagyna ýol bermän, Wizantiýanyň ýene 50 ýyl ýaşamagyna mümkinçilik döredýär.

**Konstantinopolyň ýykylmagy.** Osmanlylar soltany **Mehmet II** ýüz müňlük goşuny bilen Konstantinopoly gabaýar.

1453-nji ýylyň maýynda Konstantinopol türkler tarapyndan alynýar. Wizantiýanyň soňky imperatory söweşde heläk bolýar. Osmanlylar şäheri **Stambul** diýip atlandyryp, oňa öz paýtagtlaryny göçürýär.

Ýewropany we Aziýany baglap durýan söwda ýollarynyň üstünden gözegçilik Wizantiýanyň paýtagtynyň alynmagy bilen türkleriň eline geçýär. Giň basybalyjylykly ýörüşler **Osmanlylar imperiýasy**nyň emele gelmegi bilen tamamlanýar.

**Osmanly türkler ýeňişlerining faktorlari.** Osmanly türkler güýji gowy guralan atly we pyýada goşun, leşgerbaşylyk aýratynlyklaryna eýe soltanlara, hökümdara wepaly ýaniçarlar pyýada goşunynyň barlygyndady.

Osmanlylar atly goşuny güýçlendirmäge aýratyn üns beripdirler. Goşunyň her bir suwarysyna ýeterli girdeji getirýän ýer-mülk – **tumary** berlipdir. Bu ýerler diňe türklere we harbylara hyzmatda bolan wagtynda gowşurylypdyr. Netijede atly goşunyň sany 150 müň suwara çenli ýetipdir.

Soltan Ýewropadaky iň gowy pyýada goşuna-da eýedi. XIV asyryň ortalaryndan ýesir alnan sagdyn we güýçli hristian çagalaryndan soltanyň şahsy gwardiýasy söweşijileri döredilipdir. Ýyllar geçip çagalar öz dilini we dinini unudyp, soltanyň wepaly **ýaniçarlary**na öwrülipdir. Osmanly türkleriň soltany söweşe hemişe özüniň wepaly ýaniçarlary bilen giripdir. Maşgalasy, baýlygy, emlägi bolmadyk ýaniçarlar soltan üçin janyny hem aýamandyr. Olar söweşlerdäki ýeňişlere uly goşant goşupdyrlar. Türk goşunyna şöhrat getiren leşgerbaşylaryň we söweşijileriň aglabasy ýaniçarlardan çykypdyr.

?!
1. Osmanlylar döwleti haçan döräpdir?
2. Türkleriň Balkan ýarymadasyndaky basybalyşlaryny aýdyp beriň.
3. Wizantiýa imperiýasynyň ýykylmagynyň sebäplerini görkeziň.
4. Osmanlylaryň güýjüniň faktorlaryny aýdyp beriň.

## 36-§. MONGOLLAR DÖWLETI

**Jemgyýetçilik düzümi.** Mongol taýpalary gadymdan Günorta Sibir, Mançžuriýa we Mongoliýanyň çäklerinde ýaşap, olaryň aglabasy göçme maldarçylyk bilen meşgullanyp, tokaýda ýaşan käbir uruglar awçylyk we balykçylyk bilen güzeran geçirýär.



**105-nji surat.** Mongollaryň durmuşyndan

Mongollaryň durmuşynda gadymky edim-gylymlar, dini düşünjelerinde bolsa eždatlaryň ruhuna sygynmak, şamanlyk ygtykatlary gowy saklanypdyr.

Ýöne XII asyryň ikinji ýarymyndan başlap mongollar jemgyýetçilik gatnaşyklarynda täze aýratynlyk – emläk taýdan gatlaklara bölünme güýjäp başlaýar. Urugçylyk obşinalary aýratyn göçme hojalyk – **aýl**lara bölünip, her bir aýl indi öz hojalygy – çarwalarynyň eýesine öwrülýär. Urug-taýpalarda baý maşgalalar, geljekki mongol aristokratlary şekillenip, köp urug baştutanlary *noýonlar* öz urugdaşlaryndan nökerler alyp harby bölümleri düzýärler. Emläk taýdan gatlaklara bölünme şertinde durmuşyň özi olary harby taýpa bileleşiklerine birleşmäge mejbur edýär; olary **hanlar** dolandyrýar. Güýçli taýpa bileleşikleri özlerine tabyn edilen goňşulardan paç-tölegler alyp durupdyrlar.

**Şamanlyk** – ýowuz we gowy ruhlara, olaryň adamyň durmuşyna täsirine ynanmak şamanlygyň esasydy.

Bu taýpa bileleşikleri öz ýygnaklarynda, gurultaýlarynda iň möhüm: uruş, ýaraşyk, bileleşik düzmek, hany saýlamak ýaly meseleleri çözýärdiler.



**106-njy surat.** Çingizhan

**Çingizhan döwleti.** Mongol taýpalarynyň arasyndaky özara uruşlarda **Temuçin** (1155–1227) ýeňýär. 1206-njy ýylda Onon derýasynyň boýundaky gurultaýda ol beýik han diýip yglan edilýär. Baş şaman bütin halkyň öňünde Temuçine **Çingizhan** derejesini berýär. Çingizhan sözi «güýçli», «kuwwatly», «arassa» manylaryny aňladýar.

Ýurdy merkezleşdirmek maksadyn- da Çingizhan **Garagurum** galasyny öz döwletiniň paýtagtyna öwürýär. Mongollar goşuny güýçlendirmäge uly üns berýärler. Parahatçylyk wagtynda maldarçylyk bilen meşgullanan mongollar uruş başlanmagy bilen onluk ulgamdan ybarat regulýar goşuna öwrülýärdi. Goşun ýüzbaşy, müňbaşy, tümenbaşylar tarapyndan dolandyrylypdyr. Talaňçylyk basybalyşlary göçmeler üçin esasy kär hasaplanypdyr.



**107-nji surat.** Mongol goşuny

**Mongol goşuny.** Göçmeler goşuny üçin urşa uzak taýýarlanmak zerurlygy-da bolmandyr. Mongollaryň durmuş terzi islendik wagtda aty eýerläp ýola düşmäge taýýardy. Mongollar göçme öý – gara öýlerde ýaşapdyr. Harby ýörüşe taýýarlananda ýa-da göçen wagtynda gara öýi ornaşdyrmak üçin bary-ýogy bir sagat, ýygyp ýüki düýesine ýüklemek üçin ondan hem kem wagt gidýärdi.

Mongollaryň söýgüli guraly kemandy, söweşiji garşydaşyny ýüzlerçe metrden nyşana alyp bilipdir. Söweşijileriň aglabasy naýza we gylyç bilen ýaraglanypdyr. Her bir göçmäniň gündelik durmuşynda hem, söweş wagtynda hem,

hökman, tanaby bolmalydy. Goňşy ýurtlary basyp alanda Çingizhanyň goşuny diwary bozmakda mahsus gurluş – *palahmanlar*dan peýdalanmagy gowy özleşdiripdir.

Göçmeleriň goşuny, adatda, üç bölege bölünipdir: merkez we iki ganat. Söweş başlananda merkez ýalandan yza çekilipdir, duşman ony yzarlap başlasa, ganatlardan hüjüme duçar bolýar, yza çekilýänler hem saklanyp, söweşe girişýärdi. Esasy goşundan daşary Çingizhanyň ygtyýarynda «**keşik**» diýilýän mahsus gwardiýa hem döredilýär. Keşik adatdan daşary ýagdaýlar üçin hemişe söweş ýagdaýynda durýardy.

Söweşi ökdelik bilen dolandyrmak, güýçli we tertipli atly goşunyň bolmagy, goňşy ýurtlardaky syýasy dagynyklyk mongollara ýeňiş getiripdir.

**Basybalyşlar.** Çingizhan 1211-nji ýylda Demirgazyk Hytaýa garşy uruş başlaýar. Ýurduň doly basyp alynmagy onuň mirasdüşerleriniň döwründe tamamlanýar.

1218-nji ýylda Ýedisuwa we Gündogar Türküstana garşy ýörüş, 1219–1221-nji ýyllardaky Horezmşalar döwletine basybalyşlar bilen dowam edýär. Owganystan, Gündogar Eýran eýelenip, Kawkaz arkaly 1223-nji ýylda Deşti Gypjaga çykýar. Kalka derýasynyň boýunda gypjaklaryň ýaranly hökmünde olara kömege gelen ruslaryň goşuny ýeňilýär.

1224-nji ýylda Çingizhan zabt edilen çäkleri öz ogullary: **Juçy, Çagataý, Oktaý** we **Tuli** uluslara bölüp, paýlap berýär. Oktaýy tagt mirasdüşeri edip belleýär.

**Ulus** (mongolça – *döwlet, halk, adamlar*) – Çingizhan perzentlerine mülk hökmünde bölüp beren mongollar basyp alan çäkler.

?!

1. Mongol taýpalary ýaşan çäkleri sudury karta geçiriň.
2. Mongollaryň meşgullanan kärleri nämelerden ybarat bolupdyr?
3. Çingizhanyň döwleti nädip emele gelipdir?
4. Mongollaryň goşunynyň gurluşyny aýdyp beriň.

5. Özbegistanyň taryhyndan alan bilimleriňize daýanan ýagdaýda mongollaryň Horezmşalar döwletine eden basybalyşlary barada aýdyp beriň.

## 37-§. ALTYN ORDA HANLYGY



**108-nji surat.** Altyn Orda hany huzurynda

**Täze basybalyş.** Mongollaryň 1235-nji ýylda bolup geçen gurultaýy Rus we Demirgazyk Kawkaz ýerlerini basyp almak barada karar çykarýar. Toplanýan goşuna **Batyhan** ýolbaşçylyk etmegi yglan edilýär. Uluslardan on esgerden biriniň berilmegi, Batyhana kömege Çingizhanyň serkerdelerinden **Subutaý Bahadyryň** berilmegine ylalaşylýar. Baty we Subutaýlar 1237-nji ýylyň güýzünde rus ýerlerine hüjüm başlap, ilki **Rýazany** basyp alýarlar. Rusdaky syýasy dagynyklyk mongollara garşylyk görkezmäge mümkinçilik bermän 1238–1240-njy ýyllarda **Wladimir**, **Suzdal**, **Kiýew**, **Galiç**, **Wolyn** we başga şäherler basyp alynýar.

1243-nji ýylda Oktaý aradan çykansoň Batyhan Wolgaboýy sähralara gaýdýar. Şeýdip Batyhan basyp alan Wolgaboýy, Demirgazyk Gara deňiz kenarlary, Demirgazyk Kawkaz, Moldawiýa çäklerinde, rus ýazuw çeşmelerinde beýan edilişine görä, **Altyn Orda** adyny alan **Juçy ulusy** şekillenýär.

**Altyn Orda, Juçy ulusy** – XIII asyryň 40-njy ýyllarynyň başynda Juçyhanyň ogly Batyhan (1236–1255) tarapyndan esaslandyrylan döwlet.

**Dolandyryş ulgamy.** Altyn Ordany Batyhan we onuň nesilleri dolandyrypdyr. Möhüm meseleleri çözmek üçin gurultaý çagyrylypdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýetiň baştutany

**beklerbegi** bolup, diwan işlerini **wezir** dolandyrypdyr. Onuň ýolbaşçylygyndaky diwan salgytlar, maliýe, söwda işlerine jogapkär bolupdyr. Rusda ähli knýazlar Altyn Ordadan dolandyryş ýarlygyny alypdyr. Wladimir knýazy **Ýaroslaw** olaryň «beýigi» diýlip ykrar edilipdir. Basyp alnan çäkler tümenlere bölünipdir.

Boýun egdirilen çäklerde mongollar ilki özleriniň adaty dolandyryş ulgamyny girizipdirler. Eýelenen sähralar Batynyň inilerine berlip, olaryň **Suýurgal** emlägine öwrülipdir. Suýurgal eýeleri hanyň goşunyna mälim bellenilen sandaky söweşijileri ibermekden daşary, oňa ilatdan toplanan salgytlaryň bir bölegini hem iberipdir.

XIV asyra gelip Altyn Orda **ulus** adyny alan dört iri welaýata bölünip gidýär. Bu welaýatlar **ulusbegi**si – goşun baştutany bolmagyndan daşary, özüne degişli çäkdäki dolandyryşa degişli ähli meseleleri hem çözüpdir. Altyn Orda goşunyny beklerbegi dolandyrypdyr. Ol göçme aristokratlaryň ýolbaşçysy hasaplanyp, käte handan hem köpräk mertebede bolupdyrlar.

Altyn Orda hanlygynda döwlet dolandyryşynyň ösüşi emeldarlaryň güýçlenmegine getiripdir.

**Suýurgal** (mongolça – *peşgeş, sowgat*) – hökümdar tarapyndan döwletiň öňünde aýratyn hyzmat eden iri emeldarlara ýa-da serkerdelere berlen mal-mülk, ýer-suw. Suýurgala berilýän ýer nesilden-nesle miras bolup geçipdir.

**Salgytlar.** Mongollar adamlary onluk ulgamyna bölmek maksadynda ilaty sanawa almak çäresini geçirýär. Bu çäre XIII asyryň ortalarynda bolup, sanawa almagyň soňunda ýurduň ilaty «**çykym**» diýilýän uly tölege çekilýär. Ýene ilatdan howlukmaç **talap** salgydy alnypdyr. Hana uruş başlamak üçin serişde zerur bolsa, rus knýazlaryna talap iberip, aýawsyz ýygyp alnypdyr. Salgytlaryň we paçlaryň

tölenişine ýörite bellenen **basgaklar** (mongol naýyby) gözegçilik edipdirler.



**109-njy surat.** Basgak rus obasynda

Rus knýazlary Altyn Ordanyň güýjüni dogry aňyp, basybalyjylar bilen parahatçylykly ýaşaşmaga hereket dipdirler. Bu çäre bar şertde knýazlar öz halkyny saklap galmaly, olary gul edip alyp gitmezliginiň ýeke-täk ýoludy. Parahatçylyk syýasatyny Wladimiriň knýazy Ýaroslaw başlap, onuň ogly Aleksandr Newskiý dowam etdiripdir. Knýaz Aleksandr Altyn Orda birnäçe gezek sapar edipdir. Mongoliýada hem bolup, ýerli emeldarlaryň hormatyna sezewar bolupdyr. Bu çärelleriň ähhlisi soňluk bilen mongollar basgaklary tassyklamazdan rus ýerlerinden paç ýygnamagy knýazlardan birine tabşyrmaga getiripdir.



**110-njy surat.** Knýaz Aleksandr Altyn Orda hany huzurynda

**Daşary syýasat.** Daşary syýasat meseleleri bilen han, onuň ýakyn maslahatçylary, şonuň ýaly-da, beklerbegi meşgullanypdyr. Altyn Orda Gündogar Ýewropanyň güýçli bir döwleti bolanlygyndan Ýewropa korollary, Rim papalary, Wizantiýa imperatorlary we Türk soltanlary han köşgi bilen dostlukly gatnaşykda bolmaga çalşypdyrlar.

Eýranda özbaşdak döwlet düzen **Huloku** we onuň miras-düşerleri bolsa Altyn Orda bilen Kawkazaňyrsyna eýelik etmek meselesinde bäsdeşlik edip başlapdyr. Bu iki Mongol döwletiniň goşunlary ençeme söweşlerde çaknyşyp, kä ol tarap, kä bu tarapyň eli belent gelipdir. Bu söweşlerden birinde 1266-njy ýylda Batyhanyň inisi Berkehan hem heläk bolupdyr. Huloku ulusyna garşy göreşde Altyn Orda hatda Müsür soltanlary bilen bileleşik düzüpdir.

**XIV–XV asyrlarda Altyn Orda.** XIV asyryň birinji ýarymynda Altyn Orda döwleti öz güýjüniň ýokary derejesine ýetipdir. Bu proses **Özbekhan** (1312–1342) we onuň ogly **Janibek** (1342–1357) ady bilen baglydyr. Altyn Ordanyň güýjüni pugtalandyran faktorlardan biri yslam dininiň kabul edilmegi boldy. Özbekhan 1314-nji ýylda yslamy döwlet dini diýip yglan edýär. Oňa garşylyk görkezmekçi bolan aristokratlar we hatda garyndaşlary hem öldürilýär.

Mongol döwletini esaslandyran Çingizhan ähli dinlere birmeňzeş gatnaşykda bolmagy wesýet edipdi. Onuň nesilleri bu wesýeti ýerine ýetirmäge hereket edipdirler. Altyn Ordanyň paýtagty **Köşk** şäherinde dürli dini ybadathanalar gurlupdyr. Batyhan döwründe şäher Köşk Baty diýlipdir.

Özbekhan we Janibek döwründe Altyn Ordanyň şäherleri gülläp ösüpdir. Olar ykdysady we medeni durmuş merkezlerine öwrülipdir. **Köşk Baty** we **Köşk Berke** dünýäniň iň uly şäherleri hatarynda bolupdyr.

Janibek aradan çykandan soň Altyn Ordanyň tagty üçin göreş başlanypdyr. **Togtamyşhan** XIV asyryň ahyrynda ony on bäş ýyla ýene birleşdiripdir. Ýöne döwlet taryhynyň pajygaly sahypalary hut onuň hökümdarlygy bilen baglydyr. Muňa Togtamyşyň Mawerannahryň hökümdary Emir Temur bilen bäsdeşligi sebäp bolupdyr. Emir Temur Juçy ulusyna garşy üç gezek ýörüş edipdir. Demirgazyk Kawkazda 1395-nji ýylda Togtamyşyň Emir Temurdan ýeňilmegi Köşk, Köşk Berke, Astrahan şäherleriniň weýran edilmegine sebäp bolupdyr. Şundan soň söwda ýollary günorta tarapa süýşüpdir.

Emir Temuryň ýörüşleri Altyn Ordany üzül-kesil gowşadypdyr. Altyn Orda XV asyryň birinji ýarymyndan ençeme hanlyklara bölünip gidipdir. Olardan iň irileri **Krym**, **Kazan**, **Sibir**, **Kozak** hanlyklary we **Nogaý Ordasy** bolupdyr.

?!

1. Derslikdäki 108, 109, 110-njy suratlary ünsli synlap, olary umumy mazmunyny aýdyp beriň.
2. Altyn Ordanyň dolandyryş ulgamynda Çagataý ulusynyňky bilen nähili meňzeşlik we tapawutlar bardygyny derňäň.
3. Altyn Orda hanlygynda nähili salgytlar we borçlar girizilipdir?
4. Altyn Orda nähili daşary syýasat ýöredipdir?
5. Altyn Orda hanlygynyň Emir Temurdan ýeňilmegi nähili netijelere getirdi?

## 38-§. HYTAÝ

**Ykdysady ösüş. Sun** dinastiýasynyň (960–1279) häkimiýete gelmegi bilen Hytaýda uzak dowam eden syýasy dagynyklyk we özara uruşlar çäklendirilýär. Netijede ýurduň hojalygynyň ýokarlanmagyna esas döredildi. X asyrdan suwy beýleki ýerlerden beýik ýerlere çykarýan gurluşlardan giň peýdalanyp başlandy. Jykyrdan peýdalanmak ekin meýdanlaryny köpeltmäge mümkinçilik beripdir. Suw degirmenleriniň kömeginde şalyny arassalamak, ýag almak, un çykarmak barha giň ulanylyp başlanypdyr.

Ösen orta asyrda Hytaýda imperator, harby aristokratlara, emeldarlara garaşly döwlet ýerleri kemelip, ýer eýeleriniň ýerleri barha köpelipdir. Hususy ýerler, täze özleşdirilýän tarp we dagetek çäkleriň hasabyna hem giňelipdir. Iri ýer eýeleriniň ýerleriniň köpelmegine garyplaryň karzlary hasabyna ýerleriniň çekip alynmagy-da sebäp bolupdyr. Şeýdip XI asyryň başlarynda ekin meýdanlarynyň ýarysy iri ýer eýeleriniň eline geçipdir. Bu ýerlerde, esasan kärendeçi daýhanlar işläpdir.

Hytaýda erkin daýhanlaryň aglaba böleginde 30–40 mu ýer bolup, döwlet bu gatlagy ulanmaga ymtylypdyr. Hytaý daýhanlary özleri ýetişdiren önümlerinden döwlete her ýylda iki gezek salgyt töläpdirler. Ýer salgydy şaly ýa-da bugdaý bilen tölense, pille bakýan maşgalalar salgydy mata bilen hem töläpdirler.

**Şäherler we hünärmentçilik. Kaýfin, Çendu** we **Uçan** şäherleri Hytaýyň iri söwda we hünärmentçilik merkezleridi. Hytaý söwdasynda suw ýollary aýratyn ähmiýete eýe bolupdyr. Köp şäherler deňiz ýa-da derýa boýlarynda, suw we gury ýerdäki söwda ýollary kesişýän ýerlerde emele gelipdir.

Şäherleriň ösmegi hünärmentçiligiň çalt ösmegini üpjün edipdir. Hytaýda, aýratynam, hünärmentçiligiň adaty görnüşleri: küýzegärçilik, keramiki önümler öndürmek ösüpdir. Hytaý şäherlerinde ençeme dükanlar we ussahanalar ýerleşýärdi.

Hytaýyň günortasynda hünärment-dokmaçylar şaýy matalaryň onlarça görnüşlerini taýýarlapdyrlar. XII asyrda ýüpekden şaýy sözene – **panno** dokamak oýlap tapylyp, giň ýaýrapdyr. Hytaýda pagtaçylyk hem barha giň ösüp, XIV asyrdan ondan mata taýýarlamak ýola goýlup başlapdyr.

Aziýa pagtasynyň watany Hindistandyr. Ondan soň pagta Orta Aziýa girip gelipdir. Hytaýa pagta tohumyny ilki ýurdumyzyň söwdagärleri eltipdir.

Seh agzasy bolmak Hytaý hünärmentleri üçin mejburydy. Ýewropadaky ýaly Hytaýdaky sehlerde-de kömekçi, şägirtler sany, olaryň iş şerti, taýýar hünärmentçilik önümlerini satmak, hünäriň syrlaryny saklamak berk gözegçilik edilipdir.

**Mongol basybalyşlary.** Ilki Hytaýyň demirgazygynda düzülen mongollar döwleti **Hubilaý** hanlygy döwründe öz täsirini ýurduň merkezi we günorta çäklerine-de geçirýär. Hytaý 1279-njy ýylda doly boýun egdirilip, täze mongollar dinastiýasy **Ýuan** (1279–1368) adyny alýar. Mongollar Hy-

taýdaky ýerleri onda ýaşaýan daýhanlary bilen bile bölüp alýarlar. Emma ekerançylykda hojalyk ýöretmek usullary we salgytlar öňküsi ýaly galýar.

Mongollar döwründe tölegleriň barha artmagy diňe bir daýhanlary we hünärmentleri däl, hatda söwdagärleri hem tozdurýar. Hökümet dyngysyz artýan harajatlary ödemek üçin goşmaça kagyz pul çykaryp başlaýar. Bu bolsa puluň hümmetiniň gaçmagyna, önüm we hünärmentçilik önümleriniň gymmatlamagyna sebäp bolýar.



**111-nji surat.** Ýewropaly söwdagärler Hubilaýyň kabulynda

Hubilaý ýurdy dolandyrmagyň hytaýça usulyny ulansa-da, ýerli emeldarlaryň hyzmatyny ret edýär. Döwlet emeldarlarynyň arasynda dürli halk wekillerine duşmak mümkindi. Hususan-da, wenesiýaly syýahatçy we söwdagär Marko Polo Hubilaýhanyň köşgünde ýokary wezipäni eýeläpdir.

**Min dinastiýasynyň dolandyryşy.** Mongol imperiýasynyň krizisi başlanmagy bilen XIV asyryň ortalaryndan Hytaýda hem halk azatlyk hereketi güýçlenýär. Henan we Şandun welaýatlarynda 1351-nji ýylda başlanan daýhanlar gozgalaňy tiz arada bütin ýurdy öz içine alýar. Gozgalaňa monah **Çžu Ýuan-Çžan** baştutanlyk edýär. 1368-nji ýylda mongollardan azat bolan Hytaýda **Ýuan Çžan** esaslandyran **Min imperiýasy**nyň işi başlanýar.

1368-nji ýylda Hytaýda Ýuan Çžan esaslandyran Min imperiýasy döreýär.

Min imperiýasynyň goşunlary mongollary yzarlap, olaryň paýtagty **Garagurumy** eýeläp, otlap goýberýär. Şeýdip göçmeleriň Hytaýa hüjümleri çäklendirilýär. Munda hytaýlylara ok-däri (poroh) we tüpeňlerden giň peýdalanmak uly kömek edýär.



**112-nji surat.** Hytaý imperatory Ýuan Çžan

Ýurduň hojalygyny dikeltmek üçin hünärmentlerden we söwdagärlerden alynýan tölegler kemeldilip, gullary azat etmek barada kanun kabul edilýär. Emeli suwaryş desgalary, kanallar, bentler we suw howdanlary dikeldilýär. Ekin meýdanlary giňelip, ýurduň ilat sany hem barha artýar.

**Hytaý XV asyrda.** Ýurtda iri ýer eýeleriniň häkimiýeti pugtalanmagy bilen mongol basybalyşlarynyň netijelerini ýok etmek üçin daýhanlara, hünärmentlere we söwdagärlere berlen artykmaçlyk hem-de ýeňillikler ýatyrylýar. Daýhanlara bölüp berlen döwlet ýerleri çekip alnyp, hünärmentlerden we söwdagärlerden alynýan salgytlar köpeldilýär.

XV asyryň başlaryndan Min dinastiýasynyň Emir Temur soltanlygy bilen gatnaşyklary bozulýar. Diňe Emir Temuryň tötänden aradan çykmagy Hytaýa garşy ýörüşiň amala aşmazlygyna sebäp bolýar, bu bolsa Hytaýa 1406-njy ýylda Wýetnamy, soňluk bilen Mongoliýany basyp almagyna ýol açýar.



**113-nji surat.** Çžan He

Ýurduň ykdysady ösüşi **Çžan He** baştutanlygyndaky harby deňiz flotunyň işinde görünýär. Düzüminde 62 gämi, 30 müň söweşijisi bolan harby ekspedisiýa 1405–1433-nji ýyllarda Zond arhipelagy, Şri Lanka we Hindistana 7 gezek ýörüşler guralýar. Onuň gämileri Ormuz (Pars) aýlagy we Gündogar Afrika kenarlaryna barypdyr. Musulman bolan Çžan He Mekgäni zyýarat edipdir. Bu ekspedisiýalar Hytaýyň ýagdaýyny gowulandyryp, daşky söwdany giňeltmäge mümkinçilik beripdir. Hytaý imperatorlary 1415–1420-nji ýyllarda Samarkanda **Ulugbek** köşgüne ilçiler iberipdirler. Ýöne Temuriler döwleti ýagdaýynyň beýikliginden oňa Hytaýyň basyşy täsir etmändir.

XV asyryň ortalaryndan ykdysady krizisiň başlanmagy Hytaýyň içki ösüşine we daşky syýasatyna erbet täsir edýär.

?!
1. Ýurduň hojalygynyň ýokarlanmagynyň sebäbi nämelerden ybaratdy?
2. Hytaýy mongollaryň basyp almagy we Ýuan dinastiýasynyň dolandyryşy nähili amala aşyrylypdyr?
3. Min dinastiýasynyň dolandyryşy nähili bolupdyr?
4. Çžan He kim we onuň işi barada aýdyp beriň.

## 39-§. ÝAPONIÝA

**Jemgyýetçilik gatnaşyklary.** Ýaponiýada ýer eýeçiligi gatnaşyklary XI–XII asyrlarda üzül-kesil şekillenipdir. Bu wagta gelip ýer eýeleriniň mülkleri – **sýoýenler** emele gelipdir. Beýle ýerler miras bolup, sýoýenler ähli salgytlardan azat edilipdir. Ýer eýeleri öz ýerlerini garyp daýhanlara kärendä beripdirler.

Ýaponiýada iri ýer eýeleri mälim taýpalara bölünipdir. Olardan iň abraýlylary – **Hanke** diýlip atlandyrylypdyr. Olaryň wassallary **rýokalar** bolupdyr. Harby bölümleriň söweşijileri bolsa – **samuraýlar** diýlip atlandyrylypdyr. Olara hojaýynlary harby gullugyň hasabyna ýer-mülk beripdirler. Ýyllar geçip Ýaponiýa samuraýlarynyň bir bölegi Ýewropanyň rysarlary ýaly aýratyn taýpa, maýda dworýanlara öwrülipdir. Öz ýerlerine eýe bolmadyk söweşijiler harby oljalaryň hasabyna ýa-da öz hojaýynlarynyň hasabyndan güzeran geçiripdirler.


**114-nji surat.** Minamoto

**Ýurduň syýasy düzümi.** Ýaponiýada başga ýurtlardan tapawutlanýan syýasy düzüm şekillenipdir. Ýaponiýany XII asyrdan **mikado**

– imperator dolandyrypdyr. Ol ýurtdaky ähli ýerleriň eýesi hasaplanypdyr. Aristokratlar bolsa onuň emeldarlaryna we naýyplaryna öwrülipdir. Welaýat naýyplarynyň özbaşdak dolandyrmaga ymtylyşyny bolsa köp halatlarda ýurdy syýasy dagynyklyga getiripdir.

Imperator häkimiýeti barha gowşap, köp geçmän real häkimiýet ýurtdaky iň güýçli ýer eýesi, harby serkerdebaşy – **sýogun**yň eline geçipdir. Ilki sýogunly XII asyryň ahyryndan ýerli ýer eýelerinden biri **Minamoto** tarapyndan ornaşdyrylypdyr. Ol samuraýlardan düzülen goşuny bilen garşydaşlaryny ýeňip, imperator paýtagty **Kioto**ny ele alýar. Ýöne Minamoto döwleti özüniň **Kamakura**daky gala – köşgünden durup dolandyrýar. Şeýdip Ýaponiýada goşa häkimiýetlilik peýda bolýar.

Ýurtda daýhanlaryň ýagdaýy örän agyrdy. Salgytlaryň barha köpelmegi halky örän köseýär. Çeşmelerde ýazylmagyna görä, XIV–XV asyrlarda ýapon obalarynda açlyk ýygy-ýygydan gaýtalanyp durupdyr. Açlyk köplenç dürli ýokanç keselleriň ýaýramagy we ençeme adamlaryň heläk bolmagy bilen gutarýardy.



**115-nji surat.**
Ýapon söweşijisi

**Ýapon şäherleriniň ösüşi.** Ýaponiýada orta asyrlarda şäherler ösüp, olarda hünärmentçilik we söwda ösüpdir. Ýaponlar hytaýlylardan şaýy ýüpek, metallar, lak önümçiligini özleşdiripdirler. Ýurtda gadym zamanlardan demir, mis, altyn we kümüş gazylyp alnypdyr. Ýapon ussalary bu magdanlardan ajaýyp gurallary taýýarlapdyrlar. Gural ýasaýjylaryň ýasan gylyçlary özüniň hili bilen şöhrat gazanypdyr. Çeşmelerde ýazylmagyna görä, 1483-nji ýylda söwdagärler daşary ýurtlara 67 müň sany gylyç äkidipdirler. Ýapon keramikasy, ýelpewaçlary, süňkden, gymmatbaha daşlardan ýasap laklanan sungat önümleri, pagtadan we ýüpekden dokalan matalar-da daşary ýurtda ýokary bahalanypdyr. Ýaponlar Koreýa, Hytaý, Wýetnam, Tailand,

Filippin bilen gyzgyn söwda alyp barypdyrlar. Ýurtda – **Sakai, Hýogo, Hakata, Nagasaki** ýaly iri, ilat gür ýaşaýan port şäherler bardy.

?!
1. Ýaponiýada XI–XII asyrlarda täze düzüm nähili şekillenipdir?
2. Ýaponiýanyň dolandyryş ulgamy başga Aziýa ýurtlaryndan nämeleri bilen tapawutlanypdyr?
3. Sýogun derejesiniň manysyny aýdyň.
4. Ýaponiýanyň şäherleri nähili ösüpdir?

## 40-§. KOREÝA



**116-njy surat.**
Çosonyň legendar esaslandyryjysy Tangun

**«Daň tämizligi» ýurdy.** Çoson (koreýsçe, «Daň tämizligi») ilkinji koreýs döwletidir. Bu döwletiň esaslandyryjysy legendar **Tangun** hasaplanýar. Ol Phenýanda **Çoson korollygy**ny esaslandyrypdyr. Koreýsler Tangun döwrüni koreýs halkynyň dörän döwri hasaplaýarlar.

Özara göreşler we hytaýlylar bilen bolan söweşler mil. öň. I asyrda Gadymky Çosony üç korollyga – **Pekçe**, **Silla** we **Kogurýo** bölünip gitmegine getirýär.

**Üç korollyk döwri. Kogurýo** döwletiniň dörän döwri barada taryhçy alymlar ýeke-täk pikire gelip bilmändirler. Ýöne ol IV–V asyrlarda Koreýa ýarymadasynyň demirgazyk bölegi, goňşy Lýaodun ýarymadasyny eýeleýän iri döwlet bolupdyr. Kogurýo korollygynyň goşuny özüniň söweşijiligi bilen tapawutlanyp durupdyr. Olar yzly-yzyna goňşy çäkleri zabt edipdir. IV asyryň başlarynda Kogurýo hytaýlylary öz çäginden bütinleý kowup çykarýar we her taraplaýyn ösen güýçli döwlete öwrülýär. Bu döwürde ekerançylyk, metal

guýmak we ony işläp taýýarlamak, dokmaçylyk, hünärmentçilik, söwda-satyk ösüpdir. Soňluk bilen Kogurýo ýerine **Parhe** döwleti döreýär. **Parhe korollygy** IX asyryň birinji ýarymynda güýçli döwlete öwrülipdir. Korollyk Ýaponiýa bilen ilçilik aragatnaşyklaryny ornaşdyrýar. X asyrda göçme kidanlaryň zarbasyndan soň döwlet dargap gidýär.

Koreýa ýarymadasynyň günorta böleginde III–IV asyrlarda **Pekçe** döwleti emele gelýär. Pekçe korollygy IV asyrda merkezleşen döwlete öwrülýär. Irki budda teswirleri Ýaponiýa hut Pekçe korollygy döwründen ýetip barypdyr. Orta asyrlarda pekçelik tebip, hünärment we alymlar häzirki Ýaponiýanyň sosial we medeni durmuşy esaslarynyň şekillenmegine uly täsir edipdir. Hatda, pekçelik alym **Wan In** Ýapon tagtynyň mirasdüşeri bolan şazada halypalyk edipdir. Pekçe dinastiýasy hökümdarlary arkaly Koreýa Hytaý ýazuw we iýeroglifleri hem-de buddizm girip gelýär.

**Silla korollygy** Koreýa ýarymadasynyň günorta-gündogarynda ýerleşýär. Ilki Üç korollygyň içinde Silla korollygy iň gowşagy we kem ösenidi. Silla korollygy 668-nji ýylda Hytaýdaky Tan dinastiýasy bilen bileleşik düzüp, Koreýa ýarymadasyny öz häkimiýeti astynda birleşdirýär. Ýöne Koreýa Hytaýa paç-ýasak töläp durupdyr. Ýurduň birleşmegi Koreýada ýer eýeçiligi gatnaşyklarynyň üzül-kesil şekillenmeginde uly ähmiýete eýe bolupdyr. Özara uruşlar çäklendirilmegi, goňşy döwletler bilen parahatçylyk ornaşdyrylmagy ýurtda öndüriji güýçleriň ösüşine ýol açýar.

VIII asyryň ortalarynda Silla korollygy gülläp ösüp, onuň altyn döwri başlanýar.

**Korýo korollygy.** Leşgerbaşy **Wan Gon** tarapyndan Korýo dinastiýasy (918–1392) esaslandyrylýar. Şu döwletiň paýtagty **Sonak** şäheri (häzirki Demirgazyk Koreýadaky Keson) bolupdyr. Koreýa ady Korýo adyndan gelip çykypdyr. Wan Gon öz öňüne Kogurýo korollygynyň demirgazyk-gündogar Hytaýda ýitiren çäklerini gaýtaryp almak wezipesini goýýar. Ýöne bu wezipe amala aşyrylman galýar.

Soňky ýyllarda Koryo korollygy özara göreşlerden güýçden gaçýar. Mundan peýdalanan mongollar 1231-nji ýylda Koryo korollygyny basyp alýar we 1368-nji ýyla çenli öz el astynda saklap durýar.

**Çoson korollygy.** Koryo korollygy Hytaý basybalyjylaryny ýurduň çäginden kowup çykaransoň, Koryo harby serkerdelerinden biri **Li Son Ge** 1392-nji ýylda soňky Koryo hökümdaryny tagtdan aýryp, täze **Li dinastiýasy**ny esaslandyrýar. Onuň döwründe ýurt ýene Çoson adyny alýar. Döwletiň paýtagty Kegýondan **Hanson**a (häzirki Seul) göçürilýär. Çoson korollygy XV asyryň ortalarynda gülläp ösýär.

1. Gadymky Çoson korollygy nähili korollyklara bölünip gidipdir?
2. Üç korollyk döwri barada aýdyp beriň.
3. Koryo korollygy kim tarapyndan esaslandyrylan?
4. Koreýa korollyklary barada aýdyp beriň.

## 41-§. HINDISTAN

**Deli soltanlygynyň emele gelmegi.** XI–XII asyrlarda Hindistanyň demirgazyk çäklerine türk we owgan taýpalarynyň hüjümleri we ýerleşişi güýçlenipdir. Musulmanlar basyp alan welaýatlarda 1206-njy ýylda paýtagty Deli bolan soltanlyk emele gelýär. Deli soltanlygynyň ilkinji hökümdary **Kutbiddin Oýbak**yň goşunynyň esasyny türki taýpalardan düzülen suwarylar düzüpdir. Soltan welaýatlaryň naýyplygyna harbylary, goşun baştutanlaryny belläpdir.

1206–1526-njy ýyllarda Deli soltanlygy iş alyp barypdyr.

Hindistany basyp almak dowamynda ýerli ýer eýeleriniň mälim bölegi ýegsan edilse, başgalary ýer-mülklerini taşlap gidýärler. Iri ýer eýeleriniň ýene bir bölegi bolsa soltanyň

häkimiýetini ykrar edip, onuň hyzmatyna geçýärlar. Soltan olaryň kömeginde ýerli ilatdan salgytlar ýygnapdyr, halky baknalykda saklamakda-da ýer eýeleriniň kömegine daýanypdyr. XII–XIII asyrlaryň dowamynda Deli soltanlygynyň ähli çäklerinde musulmanlar häkimiýeti üzül-kesil ornaşdyrylýar. Soltan Kutbiddin Oýbak aradan çykandan soň tagta **Şamsiddin Eltutmiş** (1211–1236) gelýär. Onuň dolandyran wagtynda Panjap, Sind we Bengaliýalar boýun egdirilýär.

**Ýer eýeçiligi.** Deli soltanlygynda ähli ýerler hökümdaryňky bolup, ýer eýeçiliginiň esasy görnüşi **ikta** bolupdyr. Welaýat naýyplary toplanan salgytlaryň 10–20 % ini özüne galdyryp zerur bolanda soltana öz goşunyny bermelidi.

Ýer eýeçiliginiň ýene bir görnüşi – **halisa** diýlip atlandyrylypdyr. Halisa döwlet ygtyýaryndaky ýerler bolup, ondan alynýan salgytlar hazyna düşüp, döwlet harajatlary we mahsus goşuny üpjün etmek üçin ulanylypdyr.

Ýer-mülkleriň mälim bölegi ýerli hindi feodallary – ýer eýelerine degişlidi. Deli soltanlygynda **wakf** ýerleri we soltan sowgat eden ýerler hem bolupdyr.

**Deli soltanlygy XIV–XV asyrlarda.** Eltutmiş aradan çykandan soň ýurtda tagt üçin göreş güýçlenip gidýär. Bu uruşlarda ýeňip çykan we tagty eýelän **Alouddin Hiljiý** özgertmeler geçirip, döwlet hazynasynyň girdejilerini köpeldýär. Hiljiý güýçli goşun düzüp, özbaşdak feodallary boýun egdirýär. Bu döwlet wagtlaýyn bolsa-da özüniň öňki güýjüni dikeltmäge kömek edýär. Deli soltanlygynyň güýçli we tertipli goşuny bolmagy demirgazykdan mongollar hüjümlerini gaýtarmaga mümkinçilik berýär.

Hiljiýiň mirasdüşeri **Muhammet Tugluk** 1325-nji ýylda tagta gelýär. Ol öz hökümdarlygyny atasy wagtynda özbaşdaklyk ýoluny tutan knýazlyklary boýun egdirmekden başlaýar. Özüni «Isgender Zulkarneýniň dowamçysy» hasaplan soltan döwründe Hindistan ýarymadasy doly birleşdirilýär.

Soltanyň salgyt özgertmesi ýüze çykan gurakçylyk sebäpli şowsuz tamamlanýar. Tuglugyň altyn we kümüş pullar

bilen deň dolanyşykda bolmagy niýetlenen mis teňňlerini zikgeletmegi ony köp geçmän hümmetiniň gaçmagyna, her iki özgertmäniň netijesiz tamamlanmagyna getirýär.

Soňky hökümdar **Feruzşa Tugluk** döwründe salgytlar kemeldilip, döwlet ýerleri daýhanlara kärendä bölüp berilýär. Onuň dolandyran wagtynda oba hojalygy, hünärmentçiligiň ýokarlanmagy, akylly dolandyryş soltana halkyň howandary hökmünde şöhrat getirýär. Emma ýurtda XIV asyrda başlanan syýasy dagynyklyk döwründe, käbir knýazlaryň özbaşdaklyga ymtylma prosesi barha güýçlenýär.

Deliniň soňky soltany **Mahmyt** 1398–1399-njy ýyllarda Emir Temuryň goşunlaryna garşy göreşýär. Ýöne tejribeli serkerde Mahmydyň goşunlaryny ýeňip, Delini zabt edýär. Sahypgyran Samarkanda ençeme hindi hünärmentlerini, binagärlerini alyp gaýdýar.

Şundan soň Hindistan maýda knýazlyklara bölünip gidýär. Aradan on ýyl ýaly wagt geçip **Saýýidler dinastiýasy** (1414–1451) tagta gelýär. Saýýidler dinastiýasyny owgan taýpalarynyň serdary **Bahlul Lodiý** (1451–1489) tagtdan düşürýär. Onuň agtygy **Ibrahym Lodiý Zahiriddin Muhammet Babura** garşy göreşýär.

?!

1. Deli soltanlygy haçan we kim tarapyndan düzülýär?
2. Hindistanda ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bolandygyny aýdyp beriň.
3. Deli soltanlygynda XIV asyrda nähili özgertmeler geçirildi?
4. Sahypgyran Emir Temuryň Hindistana ýörüşini ýada salyň we aýdyp beriň.

## 42-§. AMERIKA ORTA ASYRLARDA

**Hojalyk ösüşi.** Alymlaryň pikiriçe, Amerika kontinentine ilkinji adamlar Demirgazyk Aziýadan häzirki Bering bogazy arkaly beýik buzluk döwründe, mundan 40 müň ýyl

öň geçip başlan we bu proses uzak dowam edipdir. Netijede bu ýerlere ýewropalylar gelýänçe hem köpsanly taýpalar we halkyýetler şekillenipdir.



**117-nji surat.** Hindiler durmuşyndan

Bu taýpalaryň esasy bölegi awçylyk we balykçylyk bilen meşgullanypdyr. Emma Merkezi we Günorta Amerikanyň dag we dagetek çäklerinde ekerançylyk hojalygy emele gelip, giň ösüpdir. Bu çäklerde **keçua, maýya, astek, olmek** we **toltekler** ýaşapdyr. Olar daş paltalar bilen tokaýdaky daragtlary çapyp, şahalaryny ýakyp, külünden dökün hökmünde peýdalanypdyrlar. Bu ýerlerde ýewropalylara mälim bolmadyk mekgejöwen, kartoşka, günebakar, pomidor, kakao, temmäki ekinleri ösdürilipdir.

Amerikanyň uly böleginde eldekileşdirilen haýwanlar bolmandyr. At, sygyr, goýun we geçiler kontinente soňluk bilen Ýewropadan getirilipdir. Olar öý haýwanlaryndan demirgazykda iti, günortada düýe şekilli – lamany bakypdyrlar. Öý guşlaryndan hind towugy we ördek saklanypdyr.

Demir, azal, tigir, ot orýan gurallary amerikaly hindiler bilmändirler. Olaryň zähmet we aw gurallary: daş, latun we agaçdan ýasalypdyr. Ilatyň uly bölegi urugçylyk obşinasynda ýaşapdyr. Diňe ekerançylyk bilen meşgullanýan maýya, astek we keçualar özleriniň döwletlerini gurupdyrlar.

Orta asyrlarda maýya, astek we keçualar öz döwletlerini gurupdyrlar.

**Maýyalar döwleti.** Merkezi Amerikanyň *Ýukatan ýarymadasynda* (häzirki Meksika) gadymdan maýya halklary ýaşap gelipdirler. Milady I müň ýyllykda maýyalarda şäher-döwletler emele gelýär. Olaryň her birini ***«beýik adam»*** – hökümdar dolandyryp, onuň häkimiýeti miras bolupdyr.

**Astekler döwleti.** Merkezi Amerikanyň häzirki Meksika çäginde ýerleşýär. Bu ýerlere demirgazykdan gelen **astekler** uly kölüň ortasyndaky adalarda XII asyrda **Tenoçtitlan** şäherini esaslandyrýarlar, olar emeli bentleri gurupdyrlar, ybadathanalary we köşkleri gurupdyrlar.

Asteklerde ýer gyt bolanlygyndan kölüň düýbünden suw ösümlikleri we hasyldar laýy göterip, sallarda «***ýüzýän ekin meýdanlaryny***» hem döredipdirler. Bu özboluşly ekinzarlardan ýylyna birnäçe gezek hasyl alnypdyr.

Astekler urug obşinasy bolup ýaşapdyrlar. Obşina baştutanlary saýlap goýlupdyr. Ekin meýdanlary obşinanyň agzalaryna paýlap berlipdir. Hökümdar taýpa wekillerinden **tlatoani** – leşgerbaşy saýlanyp, ol ýokary hökümdar bolmakdan daşary, baş ruhany wezipesini hem ýerine ýetiripdir.



**118-nji surat.** Orta asyrlardaky Tenoçtitlan şäheri

Astekler hojalygynyň esasy suwarymly ekerançylyk bolup, möhüm ekini mekgejöwenden bol hasyl alnypdyr.

Asteklerde hünärmentçiligiň küýzegärçilik, dokmaçylyk, mis we altyndan zergärlik önümlerini ýasamak ugurlary gowy ösüpdir. Şol bir wagtda olar magdanlary bilmänligi sebäpli palta we pyçaklaryň daşdan ýasalyşy dowam edipdir. Zergärler gymmatbaha daşlary işläp bejerip, sançma nagyşlar (mozaika) ýasap, köşk we ybadathana diwarlaryny bezäpdirler. Astek hünärmentleri aýratynam nagyşly gaplar, ajaýyp matalar, guş ýeleklerinden tawus ýaly towlanýan keşdeleri tikmäge ökde bolupdyrlar.

Gurluşykçylar bentler, kanallar gurup, çig kerpiçden ýa-da daşdan ýasalan sütünleriň üstünde jaýlar gurupdyrlar. Bazarlarda haryt çalşygy arkaly söwda gowy ösüpdir.

**Inkler döwleti.** Günorta Amerikanyň And daglarynyň eňňitlerindäki oazislerde inkler döwleti emele gelipdir. *Keçua* dillerine degişli *inkler* XII–XIII asyrlarda Urubamba derýasynyň basseýninde **Kusko** şäherini esaslandyrýarlar.

Inkler başga taýpalaryň ýerlerini basyp alyp, And daglaryndan Ýuwaş okeana çenli uly çäkde öz häkimiýetlerini ornaşdyrýarlar. Bu döwleti **Ýokary Inka** dolandyrypdyr. Ol «*Günüň ogly*», onuň ýerdäki simwoly hasaplanypdyr. Ilat, şonuň ýaly-da, dürli tebigat güýçlerine, ýer we suw ylahlaryna hem ynanypdyrlar. Basyp alnan çäkleriň ilatyna inkler öz tertiplerini, medeniýetlerini geçiripdirler. Netijede ilki taýpa ady bolan «*ink*» adalgasy hökümdar taýpa – aristokratlaryň umumy adyna öwrülipdir.



**119-njy surat.** Inkler söweşijileri

Inklerden bolmadyk ilat obşina bolup ýaşap, hökümdar taýpa üçin işläpdirler. Obşina daýhanlar maşgalalaryndan düzülip, olaryň her birine mälim ýer, ekin meýdany berkidilip goýlupdyr. Obşinalar ýetişdiren hasylyň 2/3 bölegini döwlete we ybadathanalara tabşyrypdyrlar. Ýurtda resmi taýdan gulçulyk bolmasa-da, obşina agzalary rehimsiz ulanylypdyr we hukuksyz diýen ýaly bolupdyr.

Dagly çäkler ekerançylyk üçin amatsyzdy. Netijede obşinanyň erkekleri dik gaýalaryň etegini oýup, daşlaryň üstüne hasylly toprak ýaýypdyrlar. Şeýle ekin meýdanlarynyň topragyny ýagyş ýuwup gitmez ýaly töweregine daş diwarlar bilen gurşapdyrlar. Inklerde esasy ekinler kartoşka we mekgejöwen bolupdyr. Daýhanlar, şonuň ýaly-da, kädi, pagta, ananas, banan hem ýetişdiripdirler. Ýetişdirilen hasyl üçe: bir bölegi ybadathana ruhanylaryna, ikinji bölegi Ýokary

Inke berlipdir, üçünji bölegi bolsa obşinada galdyrylypdyr. Döwlet ammarlaryndan toplanan azyk önümlerinden goşuna we emeldarlara berlipdir. Uruşlar, hasylsyzlyk ýyllary ýa-da dürli tebigy apatlar wagtynda ähli jebirlenenlere döwlet gorundan mekge dänesi we kakadylan kartoşka paýlanypdyr.

Hojalykda maldarçylygyň orny hem möhüm bolup, düýe şekilli lama we alpakalary diňe eti we ýüňi üçin bakmazdan, olardan ýük daşamak üçin hem peýdalanypdyrlar. Inklerde hünärmentçilik ýokary ösüpdir. Altyn, kümüş gazyp alnyp, olardan önümler taýýarlamak, küýzegärçilik we zergärlik, dokmaçylyk, boýagçylyk, gurluşyk ugurlary aýratynam ýokarlanypdyr.

Paýtagt **Kusko**ny welaýatlar bilen baglaýan, umumy uzynlygy 15 müňlerçe kilometr bolan daş ýollar gurlupdyr, welaýatlaryň arasynda poçta gullugy ýola goýlupdyr. Mahsus çaparlar ylgan ýagdaýda bir-birlerine habary ýetirip, ony uzak aralyklara eltipdirler.

?!

1. Amerikanyň düýpli ilatynyň kärleri barada aýdyp beriň.
2. Maýyalaryň taryhy we medeniýeti barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Astekler kim? Olar barada aýdyp beriň.
4. Inkler döwleti haçan we nirede emele gelipdir?

## 43-§. AFRIKA HALKLARY ORTA ASYRLARDA



**120-nji surat.** Afrikaly söweşijiler

**Afrikanyň ilaty we hojalygy.** Ilatyň aglaba bölegi I müň ýyllygyň ahyryna çenli daşky dünýäden kesilen ýagdaýda ýaşapdyr. Kontinentiň tropik tokaýlarynda, sähralarda awçy we ýygnaýjy taýpalar ýerleşýär. Afrikanyň Müsürden başga çäklerinde ýaşan käbir daýhanlar kökmiweli

ekinleri ýetişdiripdirler. Sawanna çäklerinde ýerde hasyldar topragy bolan ýerlere uýgunlaşan demir dişli çapgylar bilen işläp bejeripdirler. Saharanyň töwereklerinde göçme, ýarym göçme we oturymly taýpalar hem, esasan, maldarçylyk bilen meşgullanypdyrlar. Saharanyň günortasynda **barbar** we **tuareg**lar, Günbatar Afrikada **fulbe**, Gündogarda **masai**, **galla, sidamo, tigre**lerde maldarçylyk esasy hojalyk bolupdyr.

**Afrikanyň döwletleri. Gana.** Afrikanyň Gündogarynda Müsür, Arabystan we Hindistan bilen söwda aragatnaşyklary täsirinde gadym zamanlardan **Nubiýa** we **Aksum** (häzirki Efiopiýa) döwletleri döräpdi. Arap söwdagärleri VII asyrlarda Günbatar Sudan ýerlerine Orta deňiz kenarlaryndan Afrika ýokary gadyrlanýan duz we başga harytlary getiripdirler. Söwda ýollary kesişýän ýerlerde iri kasaba – galalar: **Aukar, Gana, Tombuktu, Gao, Mali** emele gelipdir. Musulman söwdagärlerinden daşary ýerli aristokratlar hem galalarda ýaşapdyrlar. Olar soňluk bilen emele gelen döwletlerdäki dolandyryşy ele alýarlar. Orta asyrlarda Niger we Senegal derýalarynyň basseýninde ilkinji döwletler – **Gana, Mali, Songai**ler döreýär. Olaryň ilkinjisi Günbatar Sudandaky Gana bolupdyr. Ol VIII asyrda emele gelip, X asyrda öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetipdir.

**Gana, Mali, Songai we Aksum** – Afrikanyň orta asyrlardaky ilkinji döwletleri bolupdyr.

Gananyň girdeji çeşmelerinden biri söwdadan gelýän paç tölegleridi. Pajyň esasy bölegini daşardan gelýän söwdagärler: araplar, barbarlar, musaýylar töläpdirler. Ýöne ýurduň uly baýlygy altyn bolupdyr. Gana patyşasy we aristokratlary altyn we duz söwdasyndan uly peýda alypdyrlar.

Patyşanyň güýçli goşuny bolup, ondaky 200 müň esgeriň 40 müňüsini diýen ýaly kemançylar, mälim bölegini bolsa atly söweşijiler düzüpdir. Marokko soltany **Abu Bekr** 1076-njy ýylda uly goşun bilen Ganany basyp alyp, ony talapdyr.

Bu wakalardan soň Gana patyşasy Marokko tabyn bolup, paç-ýasak tölemekden daşary, öz aristokratlary bilen yslam dinini kabul etmäge-de mejbur bolýar. Halk gozgalaňy netijesinde marokkolylar hökümdarlygy çäklendirilendigine seretmezden, Gana döwleti dargap gidýär.



**121-nji surat.** Mali hökümdary Musa I

**Mali döwleti.** Mali döwlet hökmünde VIII asyrda emele gelýär. Onuň soňky ösmegine goňşy Gana döwletiniň güýji böwet bolupdyr. XI asyrdan Mali ilaty yslamy kabul edýär. Bu bolsa ýurda musulman söwdagärleriniň göçüp gelmegini çaltlandyrýar. Hünärmentçilik we söwda-satygyň ösmegi netijesinde XIII asyrda Mali öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetýär. Onuň hökümdary **Sundiata Keýt** (1230–1255) köp sanly güýçli goşun düzýär. Bu goşunyň kömeginde Sundiata kerwen ýollary geçýän çäkleri, altyn känlerini, galyberse-de, gadymky Gana ýerlerini eýeleýär. Mali hökümdary basyp alnan welaýatlaryň naýyplygyna öz garyndaşlaryny we ýakynlaryny belleýär. Naýyplar bolsa, öz gezeginde, leşgerbaşylara, emeldarlara ýer-mülk peşgeş beripdir. Ýerli ilatdan salgytlar ýygnamak hem naýybyň üstüne ýüklenipdir. Köp geçmän Mali butun arap dünýäsinde meşhur bolup gidýär. Onuň hökümdary **Musa I** 1324-nji ýylda Mekgä haj saparyny guraýar. Musa I özi bilen sapara köp altyn alyp ýolda olary sahylyk bilen paýlap barýar. Hökümdara 8 müň söweşiji we 500 gul ýoldaş bolup, bu uly kerwen 10–12 tonna altyny özi bilen alyp gidendigi çak edilýär. Bu wakadan soň uzak ýyllaryň dowamynda arap dünýäsinde altynyň nyrhy pes bolupdyr.

Mali paýtagty **Niara** we başga şäherlerde ajaýyp köşkler, metjitler gurulýar, hünärmentçilik we söwda ösýär. öne jemgyýetçilik durmuşynda taýpa aristokratlarynyň ýagdaýy saklanyp galýar. Mali hökümdarlary öz ýakynlarynyň täji

tagta çozuşyndan gorkup, köplenç köşk emeldarlaryny, leşgerbaşylary we hatda söweşijileri hem goňşy taýpalaryň wekillerinden alypdyrlar.

Mali ilatynyň esasy bölegi oba obşinalaryndan, obşinalar, öz gezeginde, iri patriarhal maşgalalardan ybarat bolupdyr.

XIV asyryň ahyryna gelip feodal dagynyklygy, dinastiýalaýyn gapma-garşylyklar Malini güýçden gaçyrýar. XV asyrda Mali bütinleý krizise duçar bolup, dargap gidýär.

> **Mali döwleti** VIII–XV asyrlarda höküm süren. XIII asyrda Mali öz ösüşiniň ýokary derejesine ýetipdir. Paýtagty **Niara** şäheri bolupdyr.

**Songai döwleti.** Gananyň we Maliniň demirgazyk-gündogaryndaky **songai** taýpalary iri söwda merkezlerinden biri Gao töwereklerinde ýaşapdyrlar. I müň ýyllygyň başlarynda songailer düzen döwlet birleşmesi ilki Maliniň täsirinde bolýar. Maliniň güýçden gaçmagy bolsa yslamy kabul eden songailariň hökümdary **Almi**ge XIV asyryň ahyrynda olary ýeňip, paýtagty Gao bolan özbaşdak döwlet düzmek mümkinçiligini berýär. **Songai döwleti** XIV–XV asyrlarda ýokarlanypdyr. Ol Niger derýasynyň basseýninde öz hökümdarlygyny doly ornaşdyrýar.

Ýurt welaýatlara bölünip, olary hökümdaryň ýakyn adamlary dolandyrypdyr. Songainiň esasy girdeji çeşmesi tranzit söwdasy we altyn känleridi. Ilatdan ýygnalan salgytlar hem yzygider artýan we hazynany dolduryan serişdelerinden biri bolupdyr. Emeldarlara berlen uly ýer-mülklerde gullar işläpdirler. Döwürleriň geçmegi bilen gullar tabyn daýhanlara öwrülipdirler. Olaryň nesilleri bolsa kiçi ýer-mülküň erkin eýelerine öwrülip, döwlete diňe salgyt töläpdirler. Songaide mahsus hakyna tutma goşun hem düzülipdi.

Ýurtda ýüze çykan özara uruşlar, gapma-garşylyklar döwleti gowşadypdyr. Mundan peýdalanan Marokko soltany XVI asyryň ahyrynda Songaini basyp alýar.

**Songai döwleti** XIV asyryň ahyryndan başlap özbaşdak iş alyp barypdyr. Paýtagty – **Gao** şäheri. Marokko soltany XVI asyryň ahyrynda Songaini basyp alýar.

**Aksum döwleti.** Häzirki Efiopiýanyň demirgazygynda gadymda **Aksum** döwleti emele gelip, onuň ýokarlanmagy IV–V asyrlara dogry gelýär. Aksum hökümdarlary kerwen ýollary ýerleşen Arabystanyň günorta kenarlaryny, Gündogar Sudanyň bir bölegini eýeleýärler. Bu döwlet Rim imperiýasy, soňluk bilen Wizantiýa bilen ýakyn ykdysady we medeni aragatnaşykda bolupdyr. Şu sebäpli Aksum hökümdary we onuň tarapdarlary hristian dinini kabul edýärler.



**122-nji surat.** Aksum patyşalygy. Şa Lalibeli ybadathanasy

VII asyrda Aksum goşunyny Arap halyfatynyň leşgeri ýeňip, Arabystan ýarymadasynyň günortasyndaky ýerlerinden mahrum edipdir. Aksumdaky ýagdaý XI asyra gelip çylşyrymlaşyp, döwlet dargap gidýär.

Rowaýatlara görä, Aksumiň birinji hökümdary **Manelik** – patyşa **Suleýman**yň Arabystan melikesinden doglan ogly bolupdyr. Bu Aksumyň Arabystan bilen aragatnaşyklary gadymdan gowy bolandygyny, dinastiýanyň ady taryhy esasa eýedigini görkezýär.

?!

1. Afrikada orta asyrlarda ýaşan halklary we taýpalary sanap geçiň.
2. Afrika halklarynyň hojalygy nähili ösüpdir?
3. Gana, Mali we Songai taryhyndan nämeleri ýatda sakladyňyz?
4. Siziň pikiriňizçe, Aksum we başga Afrika döwletleriniň ösüşiniň arasynda tapawut barmy?

## 44-§. AZIÝA, AMERIKA WE AFRIKA HALKLARYNYŇ MEDENIÝETI

**Türk medeniýeti.** XV asyryň ahyrynda medeniýetiň dürli ugurlary ösüş gazanyp **Mehri hatun** we **Mulla Mahmyt** ýaly ençeme zehinli şahyrlar ýetişip çykdy. Türk binagärçiligi dürli ýurtlardan getirilen gurluşykçylaryň tejribesinden peýdalanyp ösüpdir. Milleti grek bolan **Hoja Sinon** guran ajaýyp binagärçilik dürdäneleri ony dünýä tanatdy. Ol öz işi döwründe 300-den artyk desga: metjit, medrese, köşk, çüwdürimler, hammam we köprüler gurluşygyna ýolbaşçylyk edipdir.

Ylmyň dürli ugurlarynyň içinde geografiýanyň ösüşi, aýratyndy. Türkiýeli deňiz syýahatçysy **Piri Rais**iň eserleri, onuň Orta, Gara we Egeý deňizleriniň atlasy – «***Bahriýa***» dünýä ylmyndaky uly üstünlikdi. **Ewliýa Çalabiý**iň Ýewropa çeşmeleri esasynda ýazylan köp jiltli «***Syýahatnama***» we **Hoja Halyfa**nyň «***Dünýänama***» eserlerinde arap we dünýäniň dürli ýurtlary barada beýan edilýär.



**123-nji surat.**
Pulguksa ybadathanasy

**Koreýs medeniýeti. Seçžon Beýik** (1418–1450) salgyt ulgamynda özgertme geçirýär, döwlet dolandyryşyny barha kämilleşdirýär. Onuň döwründe koreýs medeniýeti we sungaty gülläp ösýär. Ilkinji gezek milli koreýs uniwersitetine esas salnyp, onda saýlanan Hytaý edebiýaty öwredilipdir. Budda ybadathanasy hasaplanýan – **Pulguksa** gurulýar. Korol Seçžon ýurduň danyşment we zehinli hökümdary bolupdyr. Onuň dolandyran döwründe magaryf, ylym-bilimde we oba hojalygynda uly üstünlikler gazanylýar. Korol Seçžon gatnaşmagynda täze kalendar düzülýär, ýagyny öňünden anyklaýan esbap, şemal



**124-surat**
Seçžon Beýik

tizligini we ýönelişini kesgitleýän esbap, gün we suw sagatlary, ýyldyzlaryň kartasy döredilýär. Seçžon Beýik ýolbaşçylygynda korol akademiýasynyň alymlary koreýs elipbiýini döredýär.



**125-nji surat.** Astekleriň suratly kalendarlary

**Amerika halklarynyň medeniýeti. Maýyalar**yň ykdysady-medeni ösüşi milady asyryň başlarynda ýazuwy döretmäge mümkinçilik berýär. Ruhanylar çotgalar bilen iýeroglifleri ýazyp, suratlar bilen bezäpdirler.

Maýyalaryň durmuşynda tuhanylar möhüm orun tutupdyr. Olar obşina agzalaryna ekerançylyk işlerini ýerine ýetirmek möhletlerini belgiläp beripdirler. Maýyalar iň anyk kalendarlardan birini döredipdirler. Matematika «*nol*»y aňladýan belgi maýyalar tarapyndan hindilerden hem öň girizilipdir. Ýurduň paýtagty – **Çiçen-Itsada** obserwatoriýa gurlupdyr. Onda ruhanylar planetalaryň Günüň daşynda aýlanýan wagtyny hasaplap çykypdyrlar hem-de Günüň we Aýyň tutulmasyny öňünden aýdypdyrlar.



**126-njy surat.** Çiçen-Itsadaky obserwatoriýa

Maýyalar mahsus depeleri ýasap, beýik binýatlaryň üstünde özleriniň basgançakly piramidalaryny, köşklerini we ybadathanalaryny gurupdyrlar. Köşkleriň we ybadathanalaryň äpişgeleri bolman, olar gapylar arkaly ýagtylandyrylypdyr. Şäher köçeleri daşdan gurlupdyr.

**Astekler** goňşy maýyalar oýlap tapmasy esasynda özleriniň gün kalendaryny döredipdirler. Piktografik ýazuw şekillenipdir. Astekler dini köp hudaýlylyga esaslanýardy. Hudaýlaryň arasynda iň ünslisi, uruş hudaýy şanyna hatda adamlar hem gurbanlyk edilipdir. Ybadathana ruhanylary halkyň arasynda aýratyn hormat-yzzata eýe bolupdyrlar.

**Piktografik ýazuw** (latynça **pictus** – suratly we grekçe **grapho** – ýazýaryn, suratly ýazuw) – maglumatyň umumy mazmunyny surat arkaly ýa-da suratlaryň yzygiderligi arkaly ýatlap galmak maksadynda şekillendirmek.

Paýtagt Tenoçtitlanda aristokratlaryň perzentleri we ýönekeý halk çagalary üçin aýry-aýry mekdepler bolupdyr. Halk çagalary üçin mekdeplerde ekerançylyk, hünärmentçilik we harby iş öwredilipdir. Aristokratlaryň perzentleri bolsa taryh, dürs ýazuw, okamak, hasaplamak, astronomiýa, şygryýet, oratorlyk sungatlarynyň esaslaryny öwrenipdirler. Tenoçtitlanda her ýyl senalar, kyssalar ýazýan şahyr-aýdymçylar bäsleşik-ýaryşlary geçirlip, ýeňijiler sylaglanypdyr.

**Inkler.** Aristokratlaryň çagalary mahsus mekdeplerde okapdyr. Ýazuw bolmanlygy sebäpli çagalar inkleriň dini, dolandyryş tertibi, kanunlary we edim-gylymlaryna degişli maglumatlary ýatlapdyrlar. Inkleriň özboluşly ***«düwünli haty»*** (kipu) bolup, onuň syrlary diňe ruhanylara mälimdi.



**127-nji surat.** Kipu – düwünli hat

Inkleriň matematika, astronomiýa, geografiýa, lukmançylyk, botanika we başga ylym-bilim ugurlarynda çuňňur bilimleri bolupdyr. Olaryň anyk kalendary 12 aýa bölünipdir. Tebipler adamyň kelle süňkünde hirurgik operasiýalary amala aşyrmagy bilipdirler.

**Afrika halklarynyň medeniýeti.** Afrika halklarynda nesilden-nesle geçip gelýän ajaýyp rowaýatlar we ertekiler köp bolupdyr. Olar gymmatly taryhy çeşme bolup hyzmat edýär.

Afrika halklarynyň içinde öz ýazuwuna eýe bolanlary hem bardy. Şol sanda, Aksumda baryp IV asyrda ýerli ýazuw özgertmesi geçirilýär. Bu elipbiý Efiopiýada häzirki güne çenli saklanyp galypdyr. Aksumda gurluşyk ugrunda,

aýratynam, uly üstünlikler gazanylypdyr. Bu döwürde gurlan köşkler, hristian ybadathanalary we ýerasty kümmetler bu güne çenli saklanyp galypdyr.



**128-nji surat.** Benindäki şa köşgünde latundan işlenen söweşiji nagaraçy

Günbatar Sudan halklarynyň medeniýetiniň ýokary ösüşinde araplaryň täsiri uludyr. Yslam dini kabul edilenden soň bu ýerlerde arap ýurtlaryndan gelen ussalar we binagärler metjitler, köşkler, galalar, jemgyýetçilik binalary, keselhanalar, hammam, seýil baglaryny gurupdyrlar. Musulman mekdepleri we medreseleri açylýar. Şol sanda, Tombuktu medresesinde ylahyýetden daşary taryh, fikh, matematika, astronomiýa ýaly ylymlar okadylýardy.

Afrikalylar sungatyň dürli ugurlarynda uly üstünlikler gazanypdyrlar. Agaçdan we latundan ýasalan heýkeller we nykaplar nepisligi bilen adamlary häzirki güne çenli haýran galdyryp gelýär. Benindäki şa köşgünden latundan işlenen patyşanyň we emeldarlaryň güberçek suratlary tapylypdyr. Olarda aw we uruşlar, şonuň ýaly-da, köşk durmuşy sahnalary suratlandyrylypdyr.

Afrika halklarynyň orta asyrlardaky ösüşi Aziýa we Ýewropa döwletlerindäkä garanda ençeme arkada bolmagyna seretmezden ilat hojalykda üstünlikler gazanyp, özboluşly maddy we ruhy medeniýeti döredipdir.

?!

1. Osmanly türkleriň medeniýeti nädip ösüpdir?
2. Koreýanyň medeniýeti üstünliklerini sanap geçiň.
3. Amerikanyň haýsy düýpli halky piktografiýa ýazuwuny döredipdir, ýene nähili ýazuwlary bilýärsiňiz?
4. Magaryfdaky özboluşlylyklar nämelerde görünýär?
5. Afrika halklarynyň medeniýeti barada aýdyp beriň.

## MÖHÜM TARYHY SENELER

**III asyr** – Hytaýyň Han imperiýasynyň ornunda Weý, Şu we U döwletleriniň emele gelmegi.

**320–340-njy ýyllar** – Hindistanda Çandragupta I hökümdarlyk eden ýyllar.

**395-nji ýyl** – Rim imperiýasynyň Günbatar we Gündogar Rim imperiýalaryna bölünmegi.

**IV–VI asyrlar** – halklaryň Beýik göçüşler döwri.

**VI asyryň başy** – Amwrosiý Awrelian brittleri birleşdirip, anglo-sakslara garşylyk görkezip başlaýar.

**407-nji ýyl** – Rim legionlary Britaniýany taşlap, Italiýa gaýdýar.

**476-njy ýyl** – germanlaryň basybalyşlary Günbatar Rim imperiýasynyň ýykylmagyna sebäp bolýar.

**486-njy ýyl** – Hlodwig franklar döwletini esaslandyrýar.

**527–565-nji ýyllar** – Ýustinian I hökümdarlyk eden ýyllar.

**570-nji ýyl** – Muhammet (s.a.w.) Mekgede doglan ýyl.

**589–618-nji ýyllar** – Hytaýda Suý dinastiýasy höküm süren döwür.

**610-njy ýyl** – Muhammet (s.a.w.)e Allatagaladan ylahy aýatlar aýan bolup başlaýar.

**618–907-nji ýyllar** – Hytaýda Tan dinastiýasy höküm süren döwür.

**630–1258-nji ýyllar** – Arap halifatlygy işde bolan döwür.

**681–701-nji ýyllar** – Bolgariýada Asparuh hökümdarlyk eden döwür.

**661–750-nji ýyllar** – Arap halifatynda Ummawiýler dinastiýasy hökümdarlygy döwri.

**711-nji ýyl** – Taryk ibn Said baştutanlygyndaky araplar goşuny Ispaniýany basyp alýar.

**732-nji ýyl** – Puate söweşinde franklaryň hökümdary Karl Martell araplary ýeňip, olaryň Ýewropa ýörişlerini çäklendirýär.

**750–1258-nji ýyllar** – Arap halifatynda Apbasylar hökümdarlygy döwri.

**768–814-nji ýyllar** – Beýik Karl hökümdarlyk eden döwür.

**IX asyr başlary** – halyfa Ma’mun köşgünde «Baýt ul-hikma» (danyşmentlik öýi) döredilýär.

**843-nji ýyl** – Werden şäherindäki şertnama boýunça emele gelen korollyklaryň ornunda soňluk bilen Fransiýa, Germaniýa we Italiýa döwletleri emele gelýär.

**871–900-nji ýyllar** – korol Alfred hökümdarlyk eden döwür.

**893–927-nji ýyllar** – Bolgariýada Simeon hökümdarlyk eden döwür.

**919-njy ýyl** – Saksoniýa gersogy Genrih korol diýip yglan edilýär.

**936–973-nji ýyllar** – Otton I niň hökümdarlyk döwri.

**962-nji ýyl** – Rim papasy Ioann XII Otton I -e imperatorlyk täjini geýdirýär.

**962–1806-njy ýyllar** – Mukaddes Rim imperiýasy (Germaniýa) hököm süren döwür.

**988-nji ýyl** – Kiýew Rusunda hristian dini girizilýär.

**1066-njy ýyl** – Angliýa Normandiýa gersogy Wilgelm tarapyndan basyp alynýar.

**1096–1270-nji ýyllar** – haçly ýörüşler bolup geçen döwür.

**XII asyr** – Günbatar Ýewropanyň iri şäherlerinde ilkinji ýokary okuw jaýlary – uniwersitetler açylyp başlanypdyr.

**XII asyr** – astekler Tenoçtitlan şäherini esaslandyrýar.

**1152–1190-njy ýyllar** – Fridrih I Barbarossa hökümdarlyk eden döwür.

**1187-nji ýyl** – Salohiddin Aýubiý haçly ýörşe gatnaşyjylardan Iýerusalim şäherini çekip alýar.

**1204–1261-nji ýyllar** – haçly ýörşe gatnaşyjylar tarapyndan esaslandyrylan Latyn imperiýasy işlän döwri.

**1206-njy ýyl** – Onon derýasynyň boýundaky gurultaýda Temüçin beýik han diýip yglan edilýär.

**1206-njy ýyl** – Deli soltanlygy döredilýär.

**1265-nji ýyl** – Angliýada ilkinji parlament çagyrylýar.

**1279-njy ýyl** – mongollar Hytaýy doly boýun egdirip, Ýuan dinastiýasyny esaslandyrýar.

**1302-nji ýyl** – Fransiýada General ştatlar çagyrylýar.

**1337–1453-nji ýyllar** – Angliýa bilen Fransiýanyň arasyndaky «Ýüz ýyllyk uruş».

**1368-nji ýyl** – Hytaýda Ýuan Çžan esaslandyran Min imperiýasy döredi.

**1395-nji ýyl** – Sahypgyran Emir Temuryň Altyn Ordanyň üstünden Terek derýasynyň boýundaky ýeňşi Rus ýerleriniň we Gündogar Ýewropa halklarynyň mongollar zulmundan azat edilmeginde aýgytlaýjy faktorlardan boldy.

**1402-nji ýyl yozi** – Emir Temur bilen Baýazid arasyndaky Ankara söweşi.

**1415–1420-nji ýyllar** – Hytaý imperatorlary Samarkantdaky Ulugbek köşgüne ilçi iberdi.

**1445-nji ýyl** – Iogann Gutenberg kitap çap edýän stanoguny oýlap tapdy.

**1453-nji ýyl, maý** – Konstantinopol osmanly türkler tarapyndan eýelendi we şäher Stambul diýip atlandyryldy.

# MAZMUNY

Awtorlardan ........ 3
Giriş ........ 4

## I BAP. IRKI ORTA ASYRLAR DÖWRI

1-§. German taýpalary we Rim imperiýasy ........ 8
2-§. Franklar. Frank döwletiniň emele gelmegi ........ 12
3-§. Frank imperiýasy ........ 17
4-§. Britaniýadan Angliýa ........ 21
5-§. Mukaddes Rim imperiýasy ........ 26
6-§. Wizantiýa: Günbatar bilen Gündogaryň arasynda ........ 29
7-§. Slawýanlar we olarda döwletleriň emele gelmegi ........ 33
8-§. Gündogar slawýanlar. Kiýew Rusy ........ 37
9-§. Ýewropa halklarynyň medeniýeti ........ 41

## II BAP. IRKI ORTA ASYRLARDA AZIÝA

10-§. Arabystan irki orta asyrlaryň başynda ........ 47
11-§. Arap halyfaty ........ 51
12-§. Hindistan ........ 53
13-§. Hytaý (IV–X asyrlarda) ........ 56
14-§. Aziýa ýurtlarynyň medeniýeti ........ 59

## III BAP. DÜNÝÄ HALKLARY ORTA ASYRLARYŇ ÖSEN DÖWRÜNDE (XI–XV ASYRLAR)

15-§. Ýewropada orta asyr şäherleri ........ 65
16-§. Orta asyrlarda haryt önümçiliginiň ösüşi.
Bazarlar we ýarmarkalar ........ 70
17-§. Aziýa ýurtlarynyň orta asyr şäherleri ........ 74
18-§. Orta asyrlarda hristiançylyk ........ 78
19-§. Haçly ýörüşler ........ 80
20-§. Ilkinji haçly ýörüşler ........ 83
21-§. Soňky haçly ýörüşler ........ 86

## IV BAP. ÝEWROPADA MERKEZLEŞEN DÖWLETLERIŇ EMELE GELMEGI

22-§. Fransiýada merkezleşen döwletiň emele gelmegi ........ 89
23-§. General ştatlar ........ 91
24-§. Ýüz ýyllyk urşuň başlanmagy we onuň ilkinji döwri ........ 93
25-§. Fransiýada absolýut monarhiýa ........ 95
26-§. Angliýada merkezleşen döwletiň emele gelmegi ........ 98
27-§. Angliýa orta asyrlar soňunda ........ 102
28-§. Germaniýa ........ 104
29-§. Rus knýazlyklary ........ 108
30-§. Ruslaryň basybalyjylara garşy göreşi ........ 110
31-§. Rus knýazlyklaryndaky merkezleşme prosesleri ........ 112
32-§. Ýewropa medeniýeti ........ 113
33-§. Ýewropada binagärçilik, sungat we edebiýat ........ 117

## V BAP. AZIÝA, AMERIKA WE AFRIKA HALKLARY

34-§. Seljuklar döwleti ........ 121
35-§. Osmanly türkler döwleti ........ 122
36-§. Mongollar döwleti ........ 125
37-§. Altyn Orda hanlygy ........ 128
38-§. Hytaý ........ 132
39-§. Ýaponiýa ........ 136
40-§. Koreýa ........ 138
41-§. Hindistan ........ 140
42-§. Amerika orta asyrlarda ........ 142
43-§. Afrika halklary orta asyrlarda ........ 146
44-§. Aziýa, Amerika we Afrika halklarynyň medeniýeti ........ 151
Möhüm taryhy seneler ........ 155

UO‘T: 94(100)=512.164(075.3)
KBK 63.3(0)ya72
J-32

SalimoW, Tursun Osarowiç.

**Dünýä taryhy** (milady V asyryň ahyryndan — XV asyryň ahyryna çenli): umumy orta bilim berýän mekdepleriň 7-nji synpy üçin derslik/ T.O.Salimow, F.E.Sultanow. – düzedilen we üsti ýetirilen üçünji neşir. – D: «O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» Döwlet ylmy neşirýaty, 2017. – 160 sah.

**KBK 63.3(0)ya72**

TURSUN O‘SAROVICH SALIMOV,
FARHOD ERGASHEVICH SULTONOV

# JAHON TARIXI

(Turkman tilida)

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining
7-sinfi uchun darslik

*To‘ldirilgan va tuzatilgan uchinchi nashri*

«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi»
Davlat ilmiy nashriyoti
Toshkent – 2017

| | |
|---|---|
| Terjime eden | K. Hallyýew |
| Redaktor | *J. Metýakubow* |
| Çeper redaktor | *A. Ýakubjanow* |
| Tehniki redaktor | *U. Sapaýew* |
| Sahaplaýjy dizaýner | Ş. *Sirojiddinow* |

Neşirýat lisenziýasy AI № 160, 14.08.2009.
Çap etmäge 2017-nji ýylyň 18-nji iýulunda rugsat edildi. Möçberi 60×90 1/16.
Tayms garniturasy, kegl 12. Ofset çap ediliş usuly. Neşir listi 10.00.
Şertli çap listi 9,50. 890 nusgada çap edildi. Buýurma № 17-355.

«O‘zbekiston milliy ensiklopediyasi» Döwlet ylmy neşirýaty.
100011, Daşkent ş., Nowaýy köçesi, 30.

Özbegistanyň metbugat we habar agentliginiň «O‘zbekistan»
neşirýat-çaphana döredijilik öýüniň çaphanasynda çap edildi.
100011, Daşkent ş., Nowaýy köçesi, 30.

**Dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel**

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýobaşçysynyň goly | Dersligiň tabşyrylandaky ýagdaý | Synp ýobaşçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň ilkinji gezek peýdalanylmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Kitabyň daşy bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Hemme sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazylan, çyzylan ýeri ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary ýyrtylan, dersligiň esasy böleginden aýrylan sahypalary bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly ýagdaýda abatlanylypdyr. Kitabyň gopan sahypalary abatlanan. Käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan, ýyrtylan, esasy böleginden aýrylypdyr ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanypdyr. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |